TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMEN GALALARY HAKYNDA ROWAÝATLAR

**Çapa taýýarlan**
**Baýrammyrat Baýmyradow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 398.361**
**T90**

**T90** Türkmen galalary hakynda rowaýatlar. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 176 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A. Durdyýewa,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek neşir edilýär. Ýygyndy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda saklanýan birnäçe çeşmeler esasynda taýýar edildi. Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar medeni we ruhy gymmatlyklarymyzyň bir bölegidir. Olar halkymyzyň hakydasynda dilden-dile geçip, çeperleşip, milli ruhda biziň günlerimize gelip ýetipdir.*

**TMMMM №009**

**TDKP №34** **2004** **KBK 82.3.(2Tü)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar, 2004 ý.
Baýmyradow B., Çapa taýýarlama, sözsoňy, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*». Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# WEZIRGALA[1]

Gadym zamanda, bir şäheriň şasy goşuny, serkerdeleridir top-tomgusy bilen uzak saparly awa çykarman bolupdyr. Şa ugramazynyň öňüsyrasy wezirini ýanyna çagyryp:

— Men dolanyp gelýänçäm, galanyň daşyna şeýle bir berkitme gur! Oňa top-tomgy täsir etmesin. Guş gelse ganatyndan, at gelse toýnagyndan gyrylýan bolsun. Gepiň keltesi, hiç bir ýagy alyp bilmez ýaly berk çarbag bolsun! — diýipdir.

Wezir şanyň hökümine dessine düşünipdir. Şanyň buýrugyny berjaý etmedik adama dar agajynyň garaşýanyna belet wezir şany ugradandan işe girişipdir. Ýurduň ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşaryna çenli ähli raýaty gala gurluşygyna çekilipdir. Şadan gorkan wezir zabunlykda ýetjek derejesine ýetipdir. Gijä galany, ýaramadygy diriligine pagsa arasyna salypdyr. Gör, nije adam pagsa arasynda galyp, bu dünýä bilen hoşlaşypdyr. Ahyry gala gurlup gutarylypdyr. Galanyň daşyna bolsa, garym gazylyp, suw goýberilipdir.

Müddeti dolup, şa awdan dolanyp gelipdir. Ýöne galanyň adamlary derwezäni açmandyr. Wezir çapar iberip, gala özüniň häkim bolandygyny mälim edipdir. Şa gazap atyna münüp,

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1632[(e)], 1317[(f)]-nji bukjalar. Aýdan: Ý. Abaýew. Daşoguz welaýaty. Ýazyp alan: Ş. Gandymow. 1990-njy ýyl.

bolmajasyny bolupdyr. Leşgerlerine serenjam berýär, top-ýaragy tükelläp, uruş tebilini kakypdyr. Galanyň içinde wezir goşuny, daşynda şa goşuny. Wezir goşuny ýokardan ot saçýar, daş atýar. Şa goşuny aşakdan top atýar. Agyr söweş bolýar. Şa goşuny ykjam ýaraglanan, özem weziriňkiden ep-esli köpmüş. Ýöne weziriň goşuny az sanly bolsa-da, olary daşly diwarlar örän ygtybarly gorapmyş. Ahyrynda şa ýeňilipdir. Onuň boýnuna ýüp salyp, weziriň ýanyna getiripdirler. Wezir weli, öňküsi ýaly, oňa baş egip, salam beripdir:

— Tagsyr, hoş geldiňiz! Hökümiňizi ak ýürekden ýerine ýetirendirin. Ine, tagtyňyz, ine-de galaňyz. Eýe boluň! — diýip, özüni ýere goýberipdir.

Şa öz gözüne ynanmandyr. Wezir:

— Eger şeýle etmedik bolsam, meni dardan asardyňyz. Galany hiç kişiniň alyp bilmejekdigini size subut etdim — diýip, sözüni soňlapdyr.

Ine, şondan soň şanyň permany bilen weziriniň gurduran galasyna «Wezirgala» diýipdirler.

* * *

Wezirgala Daşoguz welaýatynda, Sarygamyş kölüniň kenarynda gurlan galadyr.

## NUSAÝ[2]

Bir patyşa täze Nusaýy saldyrýarka, işe ýekeje pursat gijä galany diriligine palçygyň arasyna oklap, üstündenem palçygy guýduryberýän ekeni. Şeýle zalym ekeni, şeýle bir zulumdar ekeni.

Günlerde bir gün, Gurban nähilidir bir sebäp bilen işe gijä galyp baraýmazmy! Atly aýlanyp ýören patyşa biçäräni ýanyna çagyrypdyr-da:

— Gijä galanlary nädýändigimi bilmeýärmiň? — diýip, gala tarap gamçysyny uzadypdyr.

Ýazykly Gurban gaýtargy berip bilmän, ýuwdunyp durmuş. Patyşa at üstünden gamçysy bilen guluň ýalaňaç ýagyrnysyna yzly-yzyna saýgylap:

— Senden soralýar! Gijä galanlary nädýändigimi bilmeýärmiň? — diýip, gamçyny şol eňterip durmuşyn.

Gurban näçe mert durjak bolsa-da iki elini gamçynyň öňüne tutanyny duýman galypdyr. Indi ol gyzyp duran kebzesini gaşap, näme bolsa şol bolsuna urupdyr.

— Bilýän. Gowy bilýän! — diýipdir.

Onda patyşa dergazap bolup:

---

[2] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak obasyndan. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

— Bilýän bolsaň näme üçin işe gijä galdyň? Häziriň özünde seni laýyň içine ataryn — diýipdir.

Gurban biçäre patyşa ýüzlenip:

— «Almany ýokary zyň, ýere gaçýança ýa pelek!» diýipdirler, ygtyýar sizde, bizem guluňyz — diýipdir.

Onda patyşa:

— Biderek samahyllamany hem öwrendim diýsene. Heý, ýasawullar! Hany tizden tiz almany getiriň, bu hyzmatkär Gurbanyň diýeniniň ýalandygyny gözüne görkezeýin — diýipdir.

Ýasawullar derrew bir sebet akly-gyzylly almany getirip, patyşanyň dergähinde goýupdyrlar.

Tylla-kümüş esbabyny jugurdadyp, başyny silkeläp, oýnaklap duran bedewiň üstünde oturan patyşa egilip, bir ullakan, ýalkym saçyp duran gyzyl almany alypdyr-da, ýokary zyňyp:

— Ine, alma pelege sary gitdi — diýip, tiňkesini asmana dikipdir.

Zyňylan alma aşak gelýärkä, patyşanyň atynyň çat maňlaýyna degipdir. Duýdansyz zarba zähresi ýarylan çus bedew ürküp, çarpaýa galýar-da, öňe bir towusýar. Beýle zada garaşman oturan patyşa patlap ýere gaçypdyr. Onuň kellesi dagyň gara daşyna degip, tapba jany çykypdyr.

* * *

Isgenderiň[3] «aldy-aldysy» bir aý öňüňden, «geldi-geldisi» iki hepde öňüňden eşidiler eken. «Geldi-geldisini» eşiden

---

[3] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920[(f)]-nji bukja. Aýdan: S. Kürenow. Aşgabat şäheri. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 10-y.

handyr patyşa bada-bat akyldarlaryny, emeldarlaryny köşge ýygnap, maslahat geçirer eken.

Hökümdarlar ilki-ilkiler Isgender bilen söweşipdirler. Ýigitler her daban ýer üçin janyny orta goýupdyrlar. Meýit meýde çaknyşyp, depeler döräpdir, suw ýerine gan akypdyr. Her gezek, Alla tarapyn Isgender söweşde üstün çykypdyr. Basyp alan ýerini dine salyp, beýleki ýurtlary basyp almaga ýöriş edipdir.

Onuň batyrlygy, edermenligi, akyl-paýhasy, keramatlydygy hakda rowaýatlar aýdylyp çar tarapa ýaýrapdyr. Men-men diýen hökümdarlar Isgenderiň öňünde baş egipdirler. Ahyry hökümdarlar pida çekmezligiň tärini tapypdyrlar. «Isgender pylan ýurdy alypdyr» diýenden halta-halta gyzyl-kümüşleri, gymmatbaha zer matalary alyp, bir günlük ýolda goýupdyrlar. Al-elwan geýimli gyzlary, syrdam atly ýigitleri hödürläpdirler. Ýurduň patyşasy wezir-wekilleri, gojalar bilen Isgenderi garşylap, sowgatlary, gyzlary, ýigitleri, atlary peşgeş berer eken.

Isgender atdan düşmän, hatar-hatar haltadaky gyzyl-kümüşi, owadan gyzlary, edermen ýigitleri, gamyş gulak, ýyndam bedewleri, nurana gojalary görüp, göwni hoş ýagdaýda ýurduň adalatly patyşasyny sorar eken. Patyşa tagzym bilen ýurdunyň adyny we öz adyny aýdar eken. Isgender atda oturan ýerinde:

— Sen şalygyňy ediber — diýip, esgerleriniň birini patyşa görkezip:

— Şu pajyňy ýygnar. Sowgadyňa eýeçilik eder — diýip, galanyň daşyny aýlanyp geçip gider eken.

Günlerde bir gün «Isgender patyşa Sarahsy alypdyr» diýen habar Nusaýa ýaýrapdyr. Ertesi «Isgender patyşa Abywerdi alypdyr» diýen habar gelipdir.

Nusaýyň pähimli dana patyşasy bar eken. Ol Isgenderli gürrüňi akyl eleginde eläp, emeldarlaryny, wezir-wekillerini, dana gojalary köşgüne çagyrypdyr:

— Isgender aňyrsy birki günden Nusaýa geler. Heniz bu patyşanyň ýeňlen ýeri ýok. Alla Isgender tarapynda, ol alan ýurduny dine salyp gelýärmiş. Nusaý uly ýurt. Nätsek gowy bolar?! — diýip, patyşa dana kişilere ýüzlenipdir.

Oturanlaryň bir topary:

— Nusaý güýçli ýurt, batyr ýigitlerimiz bar. Olar nijeme söweşde Nusaýy duşmandan halas etdi, il-ýurduň namysyny gorady. Isgender güýçli bolsa, biz hem peslärli däl. Henize çenli ýeňlen ýerimiz ýok. Söweşeliň, belki ýeňeris — diýipdir.

— Uruş pidasyz bolmaz. Iliň edişi ýaly, altyn-kümüş ýygnap, gyzlarymyzy, ýigitlerimizi sowgat berip, janymyzy aman saklalyň — diýip, beýleki topar öz teklibini orta atypdyr.

Jedel uzaga çekipdir. Her kim bir zat diýipdir. Maslahatyň arasynda ýaşy togsany sermäp barýan bir goja bar eken. Ol ertirden bäri gürrüňe goşulman, bir çetde aýdylanlary akyl eleginden geçirip otyr eken. Ol ahyry hiç kimiň oýlanmadyk teklibini orta atypdyr:

— Patyşam, aýdylan teklipler erbet däl. Urşulsa, iki tarap hem egsik däl, köp gan döküljek. Altyn-kümüş, ýigit-gyz hödürlesek, namysa galarys. Patyşam, men şeýle teklibi aýdasym gelýär. Ertir irden şäherde hiç kim galmasyn, halaýyk daga-daşa, çöle siňip gitsin. Bir özüm Nusaýy Isgenderden halas edeýin — diýipdir.

— Sen dünýäni alyp gelýän Isgenderi nädip ýeňjek? — diýip, patyşa gojanyň aýdanyna geň galypdyr.

Dana goja:

— Patyşam, ony size aýtsam «Tamda gulak bar» diýenleri bolar, älem eşider. Isgenderem siziň ýaly dana patyşadyr — diýipdir.

Ýarygije patyşanyň permany bilen Nusaý boşap, gugaryp galypdyr. Aýagy ýer tutýan raýat daga-daşa, çöle siňip gidipdir.

Nusaýda ýeke özi galan dana goja Gün derek boýy galanda galadan çykyp, Isgenderiň geljek ýolunyň ugruna Güne garap oturyberipdir.

Isgender Nusaýyň howalasyny, şan-şöhratyny, edermen halkynyň söweşlerde görkezen gahrymançylygyny eşidip: «Nusaý näderkä, uruşarmyka, mal-dünýä berermikä?» diýip, leşgerlerini söweşe taýýarlap gelýär eken. Änewden geçipdir. Ne leşger bar, ne-de altyn-kümüş, hiç zat ýokmuş. Uzakdan Nusaýyň sudury göze ilipdir. Daş-töwerekde iňlär siňek ýokmuş. Isgender ömründe geň ýagdaýa düşüpdir. Şeýle uly şäherli patyşalykda iňlär siňegiň ýoklugy ony iňkise goýupdyr. Leşgerbaşyny çagyryp, leşgerleri saklapdyr. Diňçileri ugradypdyrlar. Az salymda olar Nusaýda janly-jandaryň ýokdugyny, diňe bir garrynyň galadan çykyp oturandygyny aýdypdyrlar.

Isgenderde müň leşgeriň güýji bar eken. Ol bu habary eşidenden garra tarap at salypdyr. Özüne göwni ýetýän patyşa aty bilen geläge-de garrynyň öňünde Güne böwet bolup duruberipdir. Isgenderde müň akyldaryň akylam jemlenenmiş. Ol garrynyň ýönelige galadan çykyp oturmandygyny bada-bat aňyp:

— Eý garry, men ýüzlerçe ýurdy aldym. Men-men diýen patyşalar maňa boýun sundy, paç berdi. Ýöne ömrümde seniň ýaly ýeke garryny çykaran ýurda duş gelmedim. Mertlik menden galsyn, aýt dilegiňi — diýipdir.

— Eý jahan patyşasy, meniň artykmaç dilegim ýok. Men häzir Güne çoýunyp otyryn. Bir dilegim, Günüň öňünden aýrylsaň bolýar — diýipdir.

Garrydan bu sözi eşiden Isgender garryň aýdan sözüne düşünip, yzyna gaýdypdyr-da, goşunyna Nusaýyň daşyndan aýlanyp geçmäge perman beripdir.

Leşgerbaşy Isgenderiň Nusaýdan aýlanyp geçmeginiň sebäbini soramaga ejap edipdir. Emma danalaryň danasy Aristotel Isgender Jahangirden bu wakanyň sebäbini sorapdyr. Isgender Aristotele şeýle diýipdir:

— Aristotel, men ömrümde senden soň ikinji dana kişä duşdum. Ol ýeke söz bilen ýurduny, halkyny, ar-namysyny halas etdi.

Onda Aristotel:

— Patyşam, men düşünmedim. Ol nähili Nusaýy halas etdi? — diýip sorapdyr.

Isgender munuň sebäbini şeýle düşündiripdir:

— Garrynyň Nusaýdan sesýetim arada ýöne ýere oturmandygyny aňdym-da: «Dilegiňi aýt» diýdim. Ol: «Bir dilegim bar. Güne çoýunyp otyryn, öňümden aýryl» diýdi. Men bada-bat onuň: «Eý Isgender, sen dünýäni alyp, güne perde bolup bilmersiň» diýenini aňyp, yzyma dolandym. Nusaýdan şonuň üçin aýlanyp geçdim — diýipdir.

Isgender geçip gidenden soň, dana goja Nusaý ilatyny gala çagyrypdyr. Nusaýy ýeke özi halas eden bu dana goja ýüz töweregi ýaşap dünýäden ötüpdir. Onuň Nusaýy Isgenderden halas edişi baradaky gürrüňler rowaýata öwrülip, nesilden nesle geçipdir.

## MAŞAT — MISSERIAN[4]

Maşat-Misserian düzlüginde uly, owadan, gözel, baý, hemişe myhmanly bir şäher bolupdyr. Maşat gümmezi bilen Misserian minaralarynyň arasy ýedi menzil ýol bolupdyr.

Rowaýatçylaryň aýdyşlaryna görä, ol galada Maşat hem-de Misserian atly iki dogan ýaşapdyrlar. Günlerde bir gün gala adamlary Maşada öňi-ardy görünmeýän duşman leşgeriniň gelýändigini habar berýärler. Maşat şol bada gelýän leşgerleri görmek üçin, minaranyň üstüne çykyp, aýaklaryny aşak sallap oturýar. Leşger bolsa gala barha golaýlaşýarmyş. Maşat Allatagaladan dalda isläp:

— Eý Allam! Mende olara gaýtawul berer ýaly leşger ýok. Bular gala barha ýetip gelýärler, Allam, medet senden, özüň şu mahluklara bir göz görkezeweri — diýip, nalyş edýär.

Allatagala Maşadyň bu mynajatyny kabul edip, onuň emri bilen gök bulaşyp, tupan turýar. Biri-biriňi görmez derejede gert-tozan dünýäni gaplap alýar.

Laplary keç bolup, paltalary daşa degen duşman näderini bilmändir. Leşger serkerdesi bu ýagdaýda hiç hili söweşip bolmajakdygyny bilip, goşunyna şeýle buýruk beripdir:

---

[4] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: T. Narryýew. Balkan welaýatynyň Garadegiş obasy. 4-nji öý. Ýazyp alan: T. Kadyrow. 1960-njy ýyl.

— Goý, bu halk meniň güýjümiň bardygyny bilsin — diýip, her serbazyna bir halta gumy duran ýerlerine dökdürýär. Ondan bir uly depe emele gelipdir. Serkerde eden işinden göwni hoş halda ýurduna rowana bolupdyr.

Minara üstünde oturan inisiniň ýanyna Misserian gelipdir. Ol inisiniň bolup oturyşyny görüp:

— Inim, seniň aýagyňy sallap oturmagyň aýyp dälmidir, sen aýaklaryňy ýygna — diýipdir.

Muňa Maşadyň gahary gelipdir. Ol:

— Bolýar, men seniň aýdanyňy edip, aýagymy çekeýin, ýöne halk uly betbagtçylyga sezewar bolar — diýipdir.

Onda Misserian:

— Sen menden gaty görme, aýagyňy ýygnaý, hiç zat bolasy ýok-la, olar eýýäm gidendir — diýipdir.

Maşat halys bolmajagyny bilip, aýagyny ýygnaýar.

Şol wagtyň özünde howa tämizlenip, gün ýalpyldap şöhlesini äleme saçýar. Şäherden ýaňy aralaryny açyp ugran duşman, yzlaryna seretseler, han-ha, gözüňe söweýin gala gün bilen bäsleşýän ýaly, özüniň şuglasyny saçyp dur. Olar galanyň dört tarapyndan hüjüm edip, şähere girýärler. Şäheri kül-peýekun edip, öýme-öý aýlanyp, olja alýarlar, galan zatlara ot berýärler. Gala ilatynyň erkek göbeklisiniň ählisini ýeke-ýekeden gylyçdan geçirýärler. Aýal-gyzlaryny bolsa gyrnak edip äkidýärler. Namart doganlaryň ady gurak düzlüge öwrülen ýere dakylýar.

Çynmy, ýalanmy belli däl, halk dilinde saklanan rowaýat namartlygy ýazgarýan şaýatnama hökmünde ýatda galypdyr.

* * *

Maşat-Missirian Balkan welaýatynyň Etrek etrabynda ýerleşýär.

## ÜRGENÇ[5]

Bir ýurduň patyşasynyň pälwanlykda, atarmanlykda, çaparmanlykda, görk-görmekde öňüne erkek göbeklini geçirmeýän bir ogly bar eken. Onuň adyna Syýahat diýer ekenler.

Günlerde bir gün, Syýahat ýigit ýetipdir. Ol dädesiniň köşgüne baryp:

— Däde, adym Syýahat bolsa-da, gören-bilen ýurdum ýok. Ýigit çykdym. Rugsat berseň syýahata ugrajak — diýipdir.

Dädesi ýeke ogul bolansoň, şunça goýbermejek bolupdyr. Ogly etmändir. Ahyry oglunyň gerek-ýarak harjyny taýýar edip, ýola salypdyr. Goý, Syýahat ýoly külterläp gidibersin. Habary Köneürgençden alalyň!

Şol wagt Köneürgenç uly ýurt eken. Han ýerinde hany, beg ýerinde begi, daýhan ýerinde daýhany bar eken. Hemme zady tükel bu ýurduň bir ýetmezi bar eken. Her ýyl altmyş-ýetmiş adam ýurtdan gürüm-jürüm bolýan eken. Ol adamlaryň nirä ýitirim bolýanyny hiç kes bilmez eken.

Bir güni syýahata ugran Syýahat Köneürgenje gelipdir. Görse, owadan şäher. Ol köçeme-köçe aýlanyp çykypdyr.

---

[5] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Aýdan: S. Illiýew. Daşoguz welaýatynyň Akdepe etraby. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. 1982-nji ýylyň Magtymguly aýy.

Emma şeýle owadan şäherde erkana gülüp-oýnap ýören adama gözi düşmändir. Syýahat munuň sebäbini adamlardan sorapdyr. Olar:

— Her ýyl altmyş-ýetmiş adam ýitýär. Sebäbini bilýän ýok — diýip, jogap beripdirler.

Syýahat göwni päk, kalby arassa ýigit. Syýahat etmegini bes edip, ýitýän adamlaryň sebäbini bilmek üçin şol ýerde galypdyr. Her gün köçeme-köçe aýlanypdyr. Bir ýerde deşik, köne gala bolsa aýlanyp çykypdyr. «Agtaran tapar» diýen söz bar. Bir gün Syýahat şäheriň çetinde aýlanyp ýörkä, deşikden bir aždarhanyň çykanyny görüpdir-de, bukulyp «Indi näderkä?» diýip, oturyberipdir. Aždarha bolsa bir silkinip gyz bolupdyr. Gyz oýnap-gülüp, keýpden çykandan soň, ýene bir silkinip, aždarha öwrülip deşige girip gidipdir. Syýahat şäheriň ähli adamlaryny aždarhanyň çykan deşiginiň agzyna ýygnapdyr. Olara:

— Meni şu deşikden sallaň — diýipdir.

Syýahat deşikden aşak düşüp görse, ýeriň aşagy uly bir galamyş. Bir jaýyň içinde bir gyz oturan eken. Onuň beýle ýanynda aždarha uklap ýatan eken. Gyz Syýahaty görüp, gaty gorkupdyr. Ol:

— Bu ýere janly-jandar gelýän däldir. At gelse toýnakdan, guş gelse ganatdan, adam gelse kelleden aýrylýandyr. Sen bu ýere nädip düşdüň. Aždarha oýansa, seni iýer. Oýanmanka şu ýerden git — diýip özelenipdir.

Syýahat hem pälwan ýigit, gyzyň beýle aglanyny görmedik ýigit. Oňa dözmän uklap ýatan aždarhanyň kellesini pyzlawuk kädä dönderipdir. Gyz oglanyň batyrlygyny görüp, janlanypdyr. Ol:

— Sen aždarhanyň urkaçysyny öldürdiň. Erkegi daşarda gezip ýör. Ony hem öldür — diýipdir.

Syýahat şol gün ýeriň aşagynda galyp, erkek aždarhanyň gelerine garaşypdyr. Aždarha ertesi gelipdir. Syýahat onuňam kellesini gele-gelmäne pyzlawuk kädä dönderipdir. Iki aždarha ölenden soň gyz arkaýyn bolup, Syýahata aždarhanyň hazynalaryny görkezipdir. Aždarhalaryň ýeriň aşagynda kyrk sany hazynaly jaýy bar eken. Syýahat gyzy ýeriň aşagynda goýup, öldüren aždarhalaryndan iki kemerlik tasma alyp ýokary çykypdyr. Köneürgenjiň adamlary Syýahata uly hormat goýupdyr. Ýurduň patyşasy tagtyny oňa beripdir. Syýahat ýurduň iň gowy ussalaryny çagyryp, aždarhanyň şol eýelän deşiginiň üstünde uly minara saldyrypdyr. Aždarhanyň ýanyndaky gyz hüýr-peri gyz eken. Syýahat uly toý tutup, ony özüne aýal edip alypdyr. Oňa:

— Bu şäher seniň şäheriň. Aždarhadan alan mal-mülküm hem seniňki. Şäher seniň adyňa Hüýr Genji bolsun! — diýipdir.

Şondan soň, kem-kemden «Hüýr Genç» «Ürgenç» bolupdyr. Syýahat bolsa adyl patyşa bolanmyş. Syýahat Köneürgenji dädesiniň ýurduna birleşdirip, uzak ýyl bagtly ömür sürenmiş.

* * *

Bir ýurduň pähimli patyşasy bar eken.[6] Onuň bir ogly bolup, adyna Syýahat diýer ekenler. Syýahat ýaş wagtyndan aw awlamaga, guş guşlamaga, çöllerde keýik-gulan kowalamaga höwesli bolupdyr. Wagtynyň köpüsini çöllerde, aw awlamakda geçiripdir.

---

[6] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: A. Rahmanow. Daşoguz welaýatynyň Akdepe etraby. Ýazyp alan: D. Ataýew. 1990-njy ýyl.

Günlerde bir gün, Syýahat ýigit ýetipdir. Ol atasynyň dergähine gelip, gol gowşuryp, salam berýär. Atasy onuň nähili arz bilen gelendigini soraýar.

Şonda Syýahat atasyna bakyp:

— Ata, meniň adymy näme üçin Syýahat dakdynyz? — diýipdir.

Onda atasy:

— Eý oglum, men seniň eneden boljak günün syýahata çykypdym, şol gün sen dünýä inipsiň hem-de maňa seniň bolandygyň barada syýahatda gezip ýörkäm, yzymdan buşlukçy bardy. Men köşgüme gelip, toý-tomaşa gurap, seniň adyňa hem Syýahat goýdum. Eý oglum, sen ony näme üçin soradyň? — diýipdir.

Syýahat:

— Ata, birinjiden-ä, adym Syýahat, ikinjidenem, siziň özüňiz hem syýahat etmegi söýýän ekeniňiz. Üçünjiden bolsa, men hem syýahaty gowy görýärin. Onuň üçin maňa rugsat berseňiz, men syýahat edip, şäherme-şäher, galama-gala, obama-oba aýlanyp gelsem, syýahat etsem — diýipdir.

Onda atasy:

— Ýok, bolmaz, bar baýlygymyň eýesi, ýalňyz perzendim, jan oglum, meni taşlap gitme. Göwnüň isleýän zadyny sora, tapyp bereýin — diýipdir.

Syýahat:

— Göwnümiň isleýän zadyny tapyp berseňiz, maňa saýlama kyrk sany ýigit bilen olaryň at-ýarag, şaýlaryny ber hem özüme syýahata gitmeklige rugsat ber — diýipdir.

Atasy ýeke ogul bolansoň, şunça töwella etse-de, hiç bolmandyr. Ahyry, näçe töwellalar etseler-de bolmajagyny bilip, patyşa oňa kyrk sany saýlama ýigidi at-ýaragy, şaýy bilen berýär hem-de azaşan ýerinde ýola salmaga, gerekli ýerinde

maslahat bermek üçin özüniň baş wezirini hem onuň ýanyna goşup, olary ugradyp goýberýär.

Syýahat ýigitlerini alyp, ýeriň pesi bilen, ýoluň kössi bilen ýola rowana bolupdyr. Olar her gün bir şähere baryp, ol şäheriň dürli närseleri bilen tanşyp, ýene bir şähere gider ekenler, ondan soň ýene birine ...

Aýdan aý geçen, günden gün geçen. Günlerde bir gün Syýahat dagy bir topar şäherleri aýlanyp, ahyry Ürgenç şäherine baryp ýetipdirler. Ürgenç şol wagt uly ýurt eken. Olar köçe bilen şähere girip başlapdyrlar. Emma şäherde olara hiç bir adam duşmandyr. Olar bazara barypdyrlar. Ol ýerde hem iňlär siňek ýokmuş. Bazardaky hemme satlyk zatlar, pullar hem dargaşyp ýatyrmyş. Olaryň eýesi hem ýokmuş. Muny görüp Syýahat dagy haýran-serasime bolupdyrlar.

Olar munuň sebäbini soramaga hem adam tapmaýarlar. Ahyrda köşge barýarlar. Köşkde-de bulara sataşan adam bolmaýar. Ahyrynda bagdan çykyp gaýtjak bolup duran wagtlary öňlerinden bir gyz çykýar, aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi. Ony görüp Syýahat:

— Ýeri, gyz, sen ýeke özüň bu çola, adamsyz şäherde näme işläp ýörsüň? Hany şäheriň adamlary? — diýip sorapdyr.

Onda gyz:

— Ýagşy ýigit, dogry aýdýarsyňyz, dagy alaç tapmasaň näme iş etjek? Hudaýyň başymyza salan gününi çekmeli bolýar-da — diýipdir.

Syýahadyň bu gyzyň sözlerine ýüregi awap:

— Wah, görgüli, näme boldy? Bolan wakany bolşy ýaly gürrüň edip ber, belki, biziň kömegimiz deger — diýipdir.

Gyz:

— Men şu şäheriň patyşasynyň gyzydym. Atam meni eý görüp, eziz saklady. Ýaňy adam bolup kemala gelen wagtym, ajaly ýetip, atamyz öldi, dessur boýunça atamyzyň başga ogul-

gyzy bolman soň, men patyşa bolup galmaly boldum. Muňa hemme halk: «Aýaldan hem patyşa bolarmy?» diýip, şäherden çykyp gitdiler. Indi şondan bäri ýeke özüm bir şäheriň içinde baýguş ýaly bolup galdym — diýipdir.

Syýahat bu gyzyň sözüne ynanyp, oňa rehimi gelýär. Gyz Syýahadyň bu bolşundan peýdalanyp:

— Eý, şa ogly, şazada, rehimli gözel ýigit, meniň bu ýagdaýyma rehimiňiz gelsin, maňa kömek ediň — diýipmiş.

Onda Syýahat:

— Bolar, elimizden gelen kömegimizi aýamarys. Ýöne siz maňa maksadyňyzy aýdyň — diýipdir.

Onda gyz:

— Eý, rehimli ýigit, men bir ýer urup, ýerde galan ejiz naçar, meniň elimden näme geljek? Onuň üçin-de sebäp bilen sataşypsyňyz, siziň synyňyzdan ýapyşmakdan başga maksadym ýok. Siz şu ýerde galyň! Meniň atamyň patyşalygyna, tükenmez hazynasyna, aňyrsy-bärisi ýok giň giden mülküne eýelik ediň. Şonuň bilen birlikde, ýer urup, ýerde galan men biçäräni beýle ýagdaýdan gutaryp, özüňize gyrnak hökmünde kabul ediň. Özüňiz şa boluň, özüňiz soltan boluň. Göçen halky ýygnap, Ürgenji öňki gülläp ösýän döwrüne ýetiriň — diýip, Syýahatyň synyndan ýapyşyp aglamaga başlapdyr.

Gyzyň bu bolşuna Syýahatyň hem onuň kyrk ýigidiniň rehimi gelip, bu ýagdaýa birgeňsi bolupdyrlar. Syýahat pikirlenýär. Bu ýerde galsa özüniň iň oňat görýän zady syýahatdan galjak. Gitse, ýalňyz özi bir ýurtda galan ejiz, naçar gyz aglap dur. Eýesiz ýurt, eýesiz mülk: «Kömek et, halky ýygna, baş bol, soňra gidersiň» diýýän ýaly, gum-gukluk bolup ýatyr.

Syýahat bu zatlary pikirinde aýlap çykýar hem-de ýigitlerine geňeşýär. Ýigitleri hem Syýahada: «Näme etseň özüň bilýärsiň» diýipdirler.

Syýahat:

— Gezelenç, syýahat, ýurt gezmeklik her wagt hem tapylar, emma ejize kömek etmek tapylmaz. Onuň üçin, geliň, bu ýerde galalyň, gyza kömek edeliň. Halky ýygnap, ýurdy täzeden abadanlaşdyryp, soňra halkyň içinden birini patyşa saýlap, ýene-de gidip bileris. Neneň görýärsiňiz? — diýip, ýigitlere tarap ýüzlenipdir.

Ýigitleriň hemmesi hem:

— Hoş bolgaý — diýipdirler.

Bu wagtlar Syýahatyň atasynyň: «Syýahata kömek et, azaşan ýerinde ýola sal!» diýip, tabşyryp goýberen garry weziri bagyň içinde özbaşyna pikirlenýär eken. Ol pikirini bir ýere jemläp, Syýahaty ýanyna çagyrypdyr. Syýahat onuň ýanyna barypdyr. Garry wezir Syýahata bakyp, başgalar eşitmez ýaly ýuwaşlyk bilen:

— Syýahat, pikir et, bu bolşuň bir emmasy bardyr. Bolmasa, heý, ýurt bolar-da, eýesi bolmazmy? Köşk bolar-da, soltany bolmazmy? Şu gyzyň aýdan sözlerine meň özüm-ä ynanamok — diýipdir.

Syýahat weziriň bu sözlerini eşidip:

— Ýok, wezir, ol aýdanyň mümkin däl. Görýärmiň, gyz jany bilen aýdýar ahyry — diýipdir.

Wezir:

— Diýseň diý welin, soň görersiň, men-ä kömek edeniňe garşy däl, ýöne kömek etjek diýip, başga zatlara hem sezewar bolmagyň mümkin — diýipdir.

Syýahat:

— Zyýany ýok, soňuny göreris-dä. Nähili bolsa-da, bu ýerde galaly. Bu gyzy, bu gözel şäheri taşlap gitmäli — diýipdir.

Soň olar ýigitleriň ýanyna gelip, gyz bilen tirkeşip, köşge barypdyrlar.

Şunlukda, bular bu ýerde galyp, ülkä adam ýygnamak maksady bilen goňşy-golaý patyşalyklara habar iberipdirler.

Gyz Syýahatdan özüni nika gyýyp almagyny towakga edipdir. Bu söz Syýahata hem ýaraman durmandyr. Ol toý edip, nika gyýyp, ony özüne aýallyga alyp, onuň bilen ýaşamaga başlapdyr.

Bu şäheriň patyşasyz şäherdigini hem-de oňa patyşa bolar ýaly adamyň gerekdigini ondan ol eşidýär, mundan bul eşidýär, netije-de bu habar hemme ýere ýaýrapdyr. Bu habary eşiden atasy kowan, enesi sögen, zalymdan horluk çeken hem şuňa meňzeşler göçüp gelipdirler. Soňra olaryň aga-inileri, garyndaş, dost-ýarlary gelipdir. Soň-soň ilat has gürlenip, beýleki patyşalyklaryň yzyndan ýetipdir.

Aýdan aý geçip, günden gün geçip, bir gün Syýahat ýeke özi köşkde otyrka, garry weziri ýanyna çagyrypdyr. Garry wezir Syýahatyň ýanyna barypdyr.

Syýahat wezire bakyp:

— Eý, wezirim, sen ozal atamyň weziri bolupdyň. Indi meniňki. Häzir sen hem meniň wezirimsiň, hem atamsyň. Onuň üçin özümdäki gizlin syrlary saňa aýtjakdyryn — diýipdir.

Onda wezir:

— Dogrudan-da, ataňdyryn. Çünki seniň ataň meni saňa ata hökmünde iberdi ahyry — diýipdir.

Syýahat:

— Şeýle. Şu meniň alan gyzymyň bir täsin zady bar. Men şony senden soramakçy, sen bilermiň? — diýip sorapdyr.

— O nähili täsin zat? Aýt, göreli hany.

— Şu gyzyň özi juda owadan, görmegeý, adamkärçilikli, häsiýetli, örän oňat gyz. Emma şeýle-de bolsa, muny meniň jynym almaýar.

— O näme üçin?

— Nämedigini anyk bilemok welin, ýöne bir zatmyka diýip pikir edýän. Ýagny, şu oňat häsiýetleriň tersine, gyzyň endamy sowuk. Bile bir ýorganda ýataňda, teni-teniňe degende iniňi tikenekklediberýär. Men-ä şondanmyka diýýärin — diýip, Syýahat aýtjak sözüni aýdyp bolupdyr.

Ondan soň wezir bir meýdan pikirlenip, soňra:

— Men bir zat eşidýärdim. Ol hem bolsa Ürgenç şäheri diýen bir oňat şäher bolup, ol şäher ýedi bozulmalymyş, ýedi düzelmelimiş. Häzir ol alty bozulyp, alty düzelip, ýedinjisine gezek gelenmişin — diýende, Syýahat weziriň gürrüňiniň gutarmagyna howlugyp:

— Ol näme üçin bozulýarmyş, hem-de näme üçin düzelýärmiş? Onuň sebäbini bilýän ýokmuka? — diýip sorapdyr.

— Onuň bozulyp-düzelmegi şeýle. Onda bir aždarha, bir ýuwha barmyş. Olar her sapar halk ýygnanyp, düzelen wagtynda ýurtda janly-jandar goýman ýuwudýarmyş, düzelmegi bolsa, biziň düzedip barşymyz ýaly düzeliberýärmiş. Şu gyz şol ýuwha bolaýmasyn?! — diýipdir.

Syýahat:

— Ýuwhasy näme, aždarhasy näme? - diýip sorapdyr.

— Bir ýylan hiç wagt jandar sesini, aýratyn hem adam sesini eşitmän, kyrk ýyllap bir ýerde bolsa, ol aždarha bolýarmyş. Eger-de aždarha kyrk ýyllap ýatsa, ýuwha bolýarmyş. Aždarha näçe adam bolsa ýuwdup bilýärmiş, ýuwha bolsa ondan hem beter. Ýene-de ol jadygöý bolýarmyş. Şu hem ýuwha bolaýmasyn? — diýipdir.

Syýahat:

— Onuň ýuwhalygyny nähili bilip bolarka? — diýip sorapdyr.

Wezir:

— Ony bilmek aňsat. Sen agşam onuň bilen ýataňda, uklama-da, uklan kişi bolup ýatyber. Haçan-da ol seni uklandyr diýip, bir ýaňa çykyp gitse, sen hem oňa duýdurman yzyna düşüber, şeýtseň bilersiň — diýipdir.

Bular şeýdip birkemsiz maslahatlaşyp, degişli karara gelipdirler.

Gün ýaşyp, garaňky düşüp, ýatylmaga wagt ýetipdir. Syýahat aýaly bilen ýorgana girip ýatýar, özem uklan kişi bolan bolup, oýa ýatýar. Aradan ep-esli wagt ötýär, gije gelýär. Aýal ukudan oýanyp görse, Syýahat uklap ýatyr. Ol Syýahatyň hakyky ukudadygyny bilmek üçin, onuň adyny tutup birnäçe gezek gygyrypdyr. Emma Syýahat ukudaky adam ýaly eşitmedik bolup ýatypdyr.

Aýal ol uklandyr diýip güman edip, ýuwaşlyk bilen turup, gapydan çykyp gidiberipdir. Biraz wagtdan soň, Syýahat hem onuň yzyna düşüp gidiberipdir. Ýaňky aýal şäheriň gündogar çetine geçip, ýerden bir gysym toprak alýar-da, oňa dem salyp, öz üstüne sepýär. Ine, şeýlelikde, haşlap duran bir aždarha öwrülýär hem-de jynssyz ses edip gygyrypdyr.

Biraz wagtdan gapdaldan bir gara aždarha peýda bolupdyr. Gara aždarha ak aždarha bakyp:

— Garaşyp ýörmesene ýygnanany bes, basym iýeli — diýipdir.

Onda ak aždarha muňa garşy çykyp:

— Heniz az, entek ýygnalsyn — diýipdir.

Gara aždarha:

— Tizle, basymrak bolsun! — diýipdir.

Ak aždarha:

— Bolanda özüm habar ederin, ýene on-on bäş gün ötsün, howlukmaly — diýipdir.

Bu zatlaryň hemmesini görüp-eşidip oturan Syýahat bu boluşdan gorkup, duýdurman, yzyna gaýdyp, öňki bolşy ýaly ýatyberipdir. Ýaňky aýal biraz wagtdan soň gelip, ol hem ýatypdyr. Ol ýorgana girende, Syýahat birden tisginenini bilmän galýar. Onda aýal:

— Syýahat, näme bolýar? — diýip, gözüni elek-çelek edipdir.

Syýahat muňa duýdurmajak bolup, ukudan ýaňy oýanan ýaly bolup, yňranyp ýatýar. Aýal ýene-de Syýahatyň tisgineniniň sebäbini sorapdyr. Syýahat bolsa özüniň yzynyň ýadyna düşüp, düýşünde ata-enesini görenini hem özüniň ata-enesiniň aglaýşyna dözüp bilmän, gorkup tisginenini aýdýar.

Aýal:

— Olary hem äkeläýerler — diýipdir. Syýahat olary ýene bir aýdan adam iberip getirtjekdigini aýdýar. Muňa aýal has-da şatlananmyş.

Şeýdip, Syýahat oňa ýuwhalygyny bilenini duýdurman, daň atandan soň köşge weziriň ýanyna barypdyr.

Ol wezire agşamky işleriň hemmesini bolşy ýaly gürrüň beripdir. Wezir oňa ilkinji bagdaky aýdan sözlerini ýatladypdyr. Syýahat indiki etmeli işleriň maslahatyny sorapdyr.

Wezir biraz pikirlenýär-de, Syýahaty synap görmek üçin:

— Gaçaýarlar — diýipdir.

Onda Syýahat:

— Gaçmak bolmaz. Öz başymyzy gutaranymyz bilen halky nätjek? Halk biz diýip ýygnandy. «Balygyň jany suw bilen» diýlişi ýaly, biz hem halk bar ýerinde adamdyrys. Onuň üçin ýeke öz başymyzy gutarmak bilen kanagatlanman, halkyň hemmesini hem bu beladan gutarmak gerek — diýipdir.

Onda wezir:

— Meniň saňa aýtdyrjak bolýan zadym şudy. Şeýle etmek üçin muňa şunuň ýaly tär oýlamak ýerlikli bolar — diýipdir.

Syýahat:

— Nähili tär? — diýip sorapdyr.

— Ol şeýle, sen kyrk sany araba tap, olary hem hek bilen duzdan gatyşdyryp dolduryp, her menzilde birini goýdur. Her biriniň gapdalynda hem bir ýyndam taýly baýtal daňylsyn. Onuň taýyny bolsa aňyrky arabanyň ýanynda goýdur. Aňyrkynyňkyny onuň aňyrsyndakyda goýdur. Şol taýlaryň şol ýerde galanlaryny eneleri bilsinler. Arabalaryň iň çetkisini derýanyň boýunda goýdur. Şeýdip, özüň gaç, soň biz oňa habar ederis. Ol seni kowar, sen hem ýetdim-ýetdim diýende, ýadan ýylkyny taşlap, täzesiniň tanapyny kesip, münüp gaçarsyň. Ol hakyky ýuwha bolsa, arabany içiniň duzy, heki, ýylkysy, taýy bilen ýuwdar-da, seniň yzyňdan ýene kowmaga başlar. Şeýlelikde, kyrkysyny hem gutaryp, derýadan geçersiň. Ol hem baryp derýa agzyny basar hem şol ýerde ýarylyp öler — diýipdir.

Syýahat muny makul bilip, ýigitleri bilen maslahatlaşýar hem-de bu işleriň ugruna çykypdyr. Doly taýýarlanandan soň, bir gün Syýahat gyza bildirmän, duýdansyzlykda gaçypdyr. Munuň gaçanyndan habarsyz gyz ine geler, häli geler, şindi geler diýip, Syýahata garaşypdyr. Emma Syýahat geler ýerde gelmändir. Gyz ony sorap weziriň ýanyna baryp, Syýahatyň nirä gidenini sorapdyr.

Onda wezir:

— Ol «Men bu ýerde ýaşajak däl» diýip, ýurduna gaçyp gitdi. Ol öz gideni belen hem kanagatlanman, bizi hem alyp gitjek boldy. Biz onuň diýenini etmedik, çünki şunuň ýaly baý

ýer barka, nirä gitjek ahyry — diýip, Syýahatyň näme üçin gaçanyny bilmediksirän bolupdyr.

Aýaly ony eşidip, köýneginiň etegini eline alyp, kowga çykypdyr. Münüp oturan ýylkysyny aýagaldygyna sürüp oturan Syýahatyň gulagyna bar hyžžyldy gelýär. Nämekä diýip yzyna gözlese, ynha, aýaly etek alty, ýeň ýedi, özi bilen sekiz bolup, agzyndan ak köpük saçyp ýetip gelýärmiş. Aýaly ýaňy ýetdim-ýetdim diýende, Syýahat araba ýetip, münüp gelýän ýylkysyndan düşüp, beýleki ýylkynyň tanapyny kesip alyp gaçyp barýarmyş.

Oňa çenli aýaly hem ýetip gelip, bu arabany durşuna ýuwdup, ýene kowmaga başlaýarmyş. Şu gaçyş kowuş bilen otuz dokuz arabadan ötülýär. Syýahat ahyry kyrkynjy araba ýetişýär-de, münüp gelýän atyndan düşüp, täzesiniň tanapyny kesip, münüp gaçypdyr. Aýaly hem gelip, bu arabany ýuwdup ýene kowýar. Oňa çenli Syýahat derýadan geçýär-de duryberýär. Aýaly hem derýanyň ýakasyna barýar. Ol Syýahata gaharly garap:

— Gaçsaň gaç, hany göreli, kim ýeňerkä? — diýip, özüni derýa urýar.

Bu wagtlar onuň içindäki arabalar, duzlar, hekler, ýylkylar, taýlar ony suwsadyp başlaýar. Suwsuzlygyna çydaman, ol agzyny derýa basýar hem-de ýagşyja içýär welin, garnyndaky hekler we duzlar çişip, garny darka ýarylýar. Ol şol durşuna derýanyň içine çümüp gidipdir.

Muny gören Syýahat hem:

— Görseň gör, ine, men ýeňdim! — diýip, şatlanyp derýadan geçip, yzyna gaýdyp gelip, bolan işleriň hemmesini wezire beýan edipdir.

Onda wezir:

— Hop ýagşy, bir beladan gutuldyk diýsene. Ikinjisiniň hem alajy tapylar — diýipdir.

Soňra olar aždarhany hem nähili öldürmegiň maslahatyny edipdirler. Bu maslahatda ýene-de wezir Syýahata ýüzlenip:

— Syýahat, sen howlukma, ol aždarhany awlamak aňsat. Çünki ol hiç zat bilmeýändir. Ol ýuwhanyň çagyrmagyna garaşýandyr. Ýuwhadan hem dyndyk. Onuň üçin alňasama-da, kyrk araba çüýrän saman tapyp, aždarhanyň hininiň agzyna goýdur. Onuň üstünden kyrk araba sazak goýdur. Onsoň olary otlat. Şonuň bilen aždarha öler — diýipdir.

Syýahat weziriň bu sözlerini eşidip, işe girişipdir. Aýdylan zatlary taýýarlap otladypdyr. Ot lapyrdap ýanmaga başlapdyr. Soňa baka saman hem ot alyp, tüssesi aždarhanyň hininiň içine dolupdyr. Aždarha tüssä çydap bilmän, hininiň agzyna gelipdir. Görse, ot ýakyn gelýär, ýene yzyna gaçypdyr. Yzyna gaçsa tüsse demikdirip barýarmyş. Şeýdip, aždarha iki baka gatnap, ahyry durup bilmän, özüni oda urupdyr. Sazagyň ody hem onuň etini jyzyrdadyp gowrup taşlapdyr.

Şeýdip, adamlar bu iki belanyň ikisinden hem dynypdyrlar. Syýahat bilen weziri halk şondan soň has hem oňat görenler. Soňra Syýahatyň ata-enesini hem çagyryp, kyrk gije-gündizläp toý edipdirler. Syýahatyň şöhratyny ýel alyp gidip, hemme ýere ýaýradypdyr.

Ine, Ürgenç şäherindäki şol aždarhanyň hininiň agzy garalyp ýatmasyn, ol belli bolsun diýip gömdürilip, Köneürgenjiň häzire çenli hem bir menzil ýoldan salgymlap görünýän minarasy salnypdyr — diýip, rowaýat aýdýarlar.

## USSA GUŞUŇ MINARASY[7]

Gadym zamanda Köneürgenç ýurdunda sözüne ýüp atyp bolmaýan bir han bar eken. Ol ölmezinden öň at galdyrmak isläp, ulamalary, dana bilgiçleri köşgüne çagyrypdyr.

— Men garrapdyryn — diýip, ol sözüne başlapdyr — Alla işine çäre ýok. Bu dünýä gelen gitmeli. Men köp ýyl han boldum. Özümden nyşan galdyrasym gelýär. Kimde nähili maslahat bar. Aýdyp oturyň — diýipdir.

Oturanlaryň her haýsysy bir teklibi aýdypdyr. Biri «Derýany beklet, aşaky han gullugyňda bolsun» diýipdir. Beýlekisi «Dagy kesip, ýap geçir. Soňkular ýagşylykda ýatlarlar» diýipdir. Üçünji biri «Ýurt basyp al. Adyň arşa galar» diýipdir. Garaz, aýdylmadyk, diýilmedik gep galmandyr.

Han «bolanok» diýip oturanmyş. Ahyry ýüz ýigrimi ýaşly bir goja:

— Han, niýetiň dogry. Bu dünýä gelen bir nyşan goýup gitmeli. Tagta çykar ýaly ogluň ýok, ýeke gyzyň bar. Ürgençde bir minara saldyr. Boýy asmana ýetsin. Syrçasy gün bilen çakyşsyn. Minaraň üstüne çykan adam emin-erkin Ürgenç ýurduny görüp bilsin — diýipdir.

---

[7] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Aýdan: S. Illiýew. Daşoguz welaýatynyň Akdepe etraby. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. 1982-nji ýylyň Magtymguly aýy.

Han:

— Şeýle ymaraty saljak ussa barmy?! — diýip sorapdyr.

Ol goja:

— Bar — diýipdir.

Han gojadan:

— Ol kimdir? — diýip sorapdyr.

Onda goja:

— Ho:ol dagyň goltugyndaky obada bir nakgaş ýigit bar. Eli gül diýenleri. Eden işinden kös tapjak gümanaň ýok. Minara salmakda ondan öňe geçýän ussa ýok — diýipdir.

Ertesi han ussany köşgüne getiripdir. Görse görmegeý, edenli, gepi-sözi düz ýigitmiş.

— Eý, ussa ýigit — diýip, han söze başlapdyr — sen maňa bir minara salyp ber. Owadanlykda, haşamlykda, beýiklikde ondan öňe geçjek minara bolmasyn — diýipdir.

Ussa razy bolupdyr. Ol ara wagt salman işe başlapdyr. Ussa müňlerçe sygryň süýdüne eýlenen kerpiçleri rejeläp, örüp barýarmyş. Sygyr süýdüne eýlenen kerpiçlerden örülip barýan minara dogan gün mysaly şöhle saçyp, asmana sary barýarmyş.

Gün yzyndan gün geçipdir. Günlerde bir gün hanyň ýeke dikrary, owadanlykda deňi-taýy ýok Suluw gyz salnyp, orta boluberen minara tomaşa etmäge barypdyr. Görse, minara şeýle bir owadan, haşamlymyş. Gözüň ak ýagyny iýip barýarmyş. Gyz şeýle minarany dikleýän ussa ýigidi görmek isläpdir. Kerpiçleri rejeläp örüp barýan ussany gören gyz oňa aşyk bolupdyr. «Galany salyp bolandan oňa yşgymy aýan edeýin. Meger Ürgençde şundan akylly, şundan görmegeý, edenli ýigit bolmasa gerek!» diýip, gyz minara garynja gatnawyny edip başlapdyr.

«Raýatda iki gulak bolsa, handa kyrk gulak bolarmyş» diýipdirler. Han bisähet günleriň birinde gyzynyň minara garynja gatnawyny edip başlandygyny eşidip, ör-gökden

gelipdir. «Heý-de han gyzynyň ussa baranyny eşiden, gören barmy? Han gyzy han ogluna mynasyp. Minara diklenenden ussany ýok edeýin. Şeýtsem, gyzymy masgaraçylykdan halas ederin. Ussany sag-aman ibersem, ol başga ýere baryp, mundan hem artyk minara salar. Beýle minarany bu dünýäde gören ýok. Goý, onuň salan minarasy diňe Köneürgençde, meniň ýurdumda şöhle saçsyn» diýip, içini hümledipdir.

Minara salnyp boluberende ussany salgy beren hälki garryny huzuryna çagyrypdyr-da, matlabyny orta atypdyr. Dana goja çykgynsyz ýagdaýda galypdyr. Hana: «Bu işiň telek» diýse, kelleden jyda düşjek. «Dogry edýäň» diýse, Allanyň öňünde ýazykly, bendäň öňünde günäkär boljak. Garry hana «Özüň bilýäň» diýip, yzyna dolanaýypdyr.

Goja yza çekip, ahyry hanyň gara niýetini Suluw gyza aýdypdyr. Gyz boljak wakany ussanyň wepaly şägirdine ýetiripdir. Şägirdi hanyň niýetini kerpije ýazyp, ussa mälim edipdir. Ussa hem şägirdine ýelim bilen malyň ýuka derisini ibermegi haýyş edipdir. Şägirdi ýelimdir derini minaranyň iç ýüzünden ýokary ýetiripdir. Ussa ýigit hem minarany dikläpdir, hem uçar ýaly iki ganat ýasanypdyr.

Sähetli gün ussa ýigit minarany ýasap bolupdyr. Tutuş, Köneürgenç halky ýygnanyp, minara tomaşa edipdir. Ussa ýigidiň düşmegine uly il sabyrsyzlyk bilen garaşypdyr. Şol mahal Alla tarapyn, ýigit edil guş dek uçup gidipdir.

Han iliň gözüniň öňünde bolan bu waka haýran galypdyr. Ondan ne at, ne şöhrat galypdyr.

*Rowaýatçylaryň aýtmagyna görä:*

Ussa ýigit uçup barşyna häzirki Boldumsaz etrabyndaky galanyň ýerine baryp düşüpdir. Gazaply mekir handan halas bolan ýigit:

— Indi boldum saz — diýipdir.

«Boldumsaz» diýen at şondan galan. Köneürgenç halky ussanyň salan minarasyna «Ussa Guşuň minarasy» diýipdirler.

Ussa Guş bolsa Boldumsazdan uçup gidip, Buhara barypdyr. Ol ýerde Köneürgençdäki ýaly ikinji minarany salypdyr. Ady rowaýata öwrülipdir.

Köneürgenç hany Alla tarapyn, kaza tapypdyr. Bir rowaýatçynyň aýtmagyna görä, Ussa Guş Köneürgenje gelip, magşuk gyzy alanmyş. Belki şeýle bolaýady-da!

# SOLTANÝAZ BEGIŇ GALASY[8]

Rowaýatda şeýle diýilýär, Soltanýaz diýen hanyň ýaşlyk döwri Lamma obasynda geçipdir. Ol ýaşka atasyndan mahrum bolup, ýetim galypdyr. Ony enesi terbiýeläpdir. Soltanýaz ýigit çykan döwürlerinde Buhara emiri Şamyrat Welnamynyň ärsarylara yzygiderli salgyt salyp, agyr horluklara sezewar edýändigine göz ýetiripdir.

Buhara emiri diňe agyr salgyt salmak bilen çäklenmändir. Ýigit salgydyny salyp, olardan leşger ýygnapdyr. Soltanýaz hem ýigit salgydy hökmünde emiriň leşgerinde gulluk edipdir.

Bir gezek kese ýerliler bilen bolan söweşde Şamyrat Welnamynyň daşy gabalypdyr. Goşunbaşynyň ýeke galandygyny, onuň janyna uly howpuň abanandygyny gören Soltanýaz atynyň başyny yza öwrüp, deň bolmadyk başa-baş jeňe giripdir. Söweş wagtynda emir Soltanýazyň atynyň jylawundan tutup, onuň adyny sorap, söweşden soň öz ýanyna barmagy tabşyrypdyr.

Söweş tamamlanypdyr, emma Soltanýaz emiriň ýanyna görme-görşe barmandyr. Emir ara wagt salman ýasawullaryna Soltanýazy tapyp getirmegi tabşyrýar. Ýasawullar Soltanýazy tapyp, emiriň huzuryna getiripdirler. Emir:

---

[8] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1317[(f)], 7920[(f)]-nji bukjalar. Aýdan: H. Rozyýew. Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň ýaşaýjysy. Ýazyp alan: E. Nazzyýew.

— Näme üçin gelmediň? — diýip sorapdyr.

Onda Soltanýaz:

— Men söweşde tapawutlanmadym. Emir gabawa alnanda her bir leşger janyny orta goýar. Men hem şeýdipdim. Şol sebäpli siziň gaşyňyza gelip bilmedim — diýip, jogap berýär.

Şonda Emir:

— Sen örän batyr hem edermen goç ýigit ekeniň. Meniň janymy ölümden halas etmek üçin söweşe girdiň. Köp duşmanyň kellesini pyzlawuk kädi ýaly edip togaladyň. Saňa üç gün puryja berýärin, şondan soň Buhara meniň ýanyma bar — diýip tabşyrýar.

Soltanýaz iline gelip, garry enesi bilen maslahatlaşypdyr. Enesi oňa:

— Oglum, sen emiriň janyny ölümden gutaran bolsaň, ondan ile ýaramly zat dilemek gerek — diýip, Soltanýaza şeýle maslahat beripdir:

— Oglum, biziň birazajyk ýerimiz bar. Gün-güzeranymyz hem oňuşmazça däl. Ýöne biziň ilimiz hor ýaşaýar. Talaňçylyk köpeldi. Ili gorar ýaly, hor-zar etmez ýaly bir ýolbaşçy gerek. Buhara emirinden beglik dile. Beglik galasyny saldyr. Adalatly beg bolsaň ärsary ili hem hor-zar bolmaz — diýip, gulagyna pugta guýupdyr.

Soltanýaz emiriň huzuryna gelip, ondan beglik hem-de bir gala gurmaga rugsat bermegini haýyş edipdir. Emir Welnamy kynlyk bilen Soltanýaza rugsat beripdir.

... Şondan soň Soltanýaz «Soltanýaz beg» adyny alypdyr. Ärsarylardan leşger düzüpdir. Soltanýaz begiň buýrugy bilen beglik galasy salnyp başlapdyr. Her ýabyň boýunda ýaşaýan işe ýaramly erkek adamlar her gün bir eşek ýüki laýy eýläp, özleri bilen getiripdirler. Köpüň güýji bilen beglik galasy salnypdyr.

Soltanýaz beg ärsary ilini daşky duşmanlardan gorapdyr, salgytdan halas edipdir. Il abadan, dok ýaşapdyr. Soň-soňlar Soltanýaz begiň bitiren işleri hakda rowaýatlar aýdylypdyr. Onuň beglik galasy «Soltanýaz begiň galasy» adyny alypdyr.

* * *

Soltanýaz begiň galasynyň galyndylary Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýär.



**Gadymy Merwdäki Soltangala.**

## MARU-ŞAHU-JAHAN[9]

Gadym zamanlarda Tahmures diýen bir adyl patyşa bolupmyş. Onuň dünýe mülkünde ýekeje gyz perzendi bolupdyr. Onuň adyna Gülaýym diýer ekenler. Günden goralyp, ýelden ýelpelip ösdürilen bu şa gyzy akyllydan bir görmegeý gyz bolup ýetişipdir.

Günleriň birinde, şa gyzy Gülaýym gyzyň juwan göwni galanyň dört diwaryna sygman uzaklyga seýil etmekligi küýsäpdir.

... Azyndan kyrk günlük ýol şaýyny tutan Gülaýym gyz kenizleri bilen ýola rowana bolupdyr.

Göterme tagtyň üstünde aý ýaly bolup oturan ýerinden daş-töweregindäki gözellikleri synlap barýan şa gyzyny ýadawlyk basmarlaýandygyny aňan baş keniz Gülragna:

— Bikäm, galadan çykanymyza ýedi gün boldy, ýedi menzil ýol geçdik. Durnaň gözi ýaly dury suwly derýanyň kenaryna ýetdik. Bu ýerler bir ajap ýerler ekeni. Şu ýerde ymykly düşläp, dynjymyzy alaýsak niçik bolar!? — diýip, ýüzlenipdir.

Onda Gülaýym şazada:

— Ajap bolgaý, düşlesek düşläýeliň... — diýipdir.

---

[9] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920$^{(f)}$-nji bukja. Bu rowaýat Mary welaýatynyň Nyýazow etrabyndaky 1-nji mekdebiň mugallymy Muhammetgurbanow Atajandan ýazylyp alnypdyr.

Kenizler aýak çekipdirler-de, hyzmata taýyn bolup durupdyrlar. Çaý-çörek iýip-içilenden soň, aýdym aýdyp, raks oýnap, şa gyzynyň gamgyn göwnüni açypdyrlar. Aýdym-saz diňläp heziller edinen Gülaýym az salym irkilmekçi bolup, kellesini ýassyga goýanda bir ýerlerden:

— Mar-u, Şah-u, Jahan-a! — diýen sesi eşidipdir.

Ol ses üçünji gezek gaýtalananda:

— Şu ýerde bir zenan sesi bar. Nökerlere aýdyň, derrew bu ýere alyp gelsinler — diýip, buýruk beripdir.

Nökerler otuz bäş – kyrk ýaşlaryndaky bir zenan maşgalany öňlerine salyp gelipdirler.

Gülaýym gyz ol aýala edep bilen salam berip, onuň bu çöl beýawanda «Maru Şahu Jahan» diýip, gygyryp ýörmeginiň sebäbini sorapdyr.

Onda ol aýal:

— Maru, Şahu, Jahan meniň üçem balalarymyň ady, siziň nökerleriňiziň at aýagynyň sesini eşidip, tozany görüp biynjalyk bolup, olary ýanyma çagyrypdym — diýende, Gülaýym:

— Ene jan, çagalaryňa beýle at goýupsyň, belki gürrüň berersiň — diýipdir.

Şonda ene öz ykbaly barada şeýle gürrüň beripdir:

— Men ýaşlygymdan Pälwan diýen bir goç ýigide göwün beripdim. Emma galamyzyň hany hem maňa aşyk bolup, özüne dördünji aýal edinip almakçy boldy. Razy bolmadym, Pälwan bilen durmuş gurdum. Päli-niýeti paşmadyk han: «Görmäýinem-köýmäýinem» diýip, bizi ýurtdan çykaryp kowdy. Şonda biz şu derýanyň kenaryna gelip, mekan tutunyp ýaşaberdik...

— Günleriň birinde basym dünýä injek perzentlerine göbegene gözläp ýola çykan Pälwanymyň ýoluny bir äpet aždarha kesipdir. Aždarha bilen başa-baş söweşmek üçin atdan

düşenden aždarha atyny diriligine ýuwdupdyr. Bokurdagyna atyň tegek bolanyndan peýdalanan Pälwan gylyç bilen aždarhanyň kellesini alypdyr. Janhowluna urunýan aždarhanyň guýrugynyň zarbyndan meniň Pälwanym hem dag gaýdan ýaly bolup ýykylypdyr. Men biçäre birden aýylganç gygyrypdyryn. Şol wagt hem iki ogul bir gyz dünýä inipdir. Dünýäde iň uly aždarhany ýeňen Pälwanymyň hatyrasyna çagalarymyň adyna Maru, Şahu we Jahan diýip at goýdum. Ine, şondan bäri hem şu bereketli topraga tagzym edip, Pälwanymyň hatyrasyny saklap ýaşap ýörün. Bu ýerlere çöl-beýewan diýer ýaly däldir. Bu ýerler durşuna bereketdir. Bu topraga taşlan tohumyň müň bolup hasyl berýär...

— Han-ha, alysdaky seleňläp görünýän bagy-bossanlykda meniň külbäm bar. Myhmançylyga baryň... — diýip, biçäre sözüni tamamlan badyna, şa gyzy Gülaýym ýerinden ör turup, töweregi synlap durşuna:

— Hakykatdan hem, bu ýerler ajap ýerler eken. Bu ýerde galalar saldyryp, şäher gurdurmak gerek. Goý, bu ýerde ýaşan adamlar bol-elinlikde ýaýnap ýaşasynlar! — diýipdir.

Soňra bu ýerde şäher saldyrmak üçin atasyndan rugsat sorap, hat ýollapdyr.

Şazada gyzyň hatynda aýdany hasyl bolup, az salymyň içinde ol ýerde galalar dikeldilip, ullakan şäher salnypdyr. Gurluşyk tamamlanandan soňra ýedi gije-gündiz toý tutupdyrlar.

Şol toýda şa gyzy Gulaýym halaýyga ýüzlenip:

— Eý, halaýyk, elleriňize güller bitsin! Iş bitirip bildiňiz! Goý, bu şäher birek-birege wepadarlygyň şäheri bolsun! Goý, bu şäher ynsanperwerligiň, agzybirligiň şäheri bolsun! Goý, bu şäher bagy-bossanlygyň, bereketiň şäheri bolsun! Bu şäheriň ady hem Maru-Şahu-Jahan bolsun! — diýipdir.

# GARASEŇŇER GALASY[10]

Bir wagtlar, ilerden üç ýüz müň atly gajarlar gelenmiş. Özem tomus aýlary bolara çemeli.

— Goşun gelipdir, gajar düşüpdir — diýen dowully gürrüňler ýyldyrym çaltlygynda golaý-goltumdaky obalara ýaýrapdyr.

Gowşut han muny barlamak üçin gajar tarapyna içaly iberip, takmynan olaryň ýüz müň leşgerdiginiň anygyna ýetýär. Onsoň ol il içinde atly-abraýly ýaşululardan ýygnap, geňeş edýär. Ol ýygnananlara:

— Ýaşulular, biziň üstümize gajarlar ýüz müň atly goşun sürüp gelýär. Biz her zat etmeli welin, il-ýurdy, halky aman saklamaly, tabynlyga ýol bermeli däl. Häkimligi elden bersek, günümize it aglajak, aýal-gyzlarymyz, mal-garalarymyz olja boljak, görjegimiz hem görgi. Maslahat beriň? — diýýär.

Soňra:

— Adamlar howsala düşüp ýörmeli däl, halkyň arasynda-da ýaramaz gürrüň etmeli däl. Diýenime gulak assaňyz, abyrsyz horlanyp, zat etmän, şu ýagyny özümiz dep ederis — diýýär.

Il ýaşululary:

---

[10] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1204[(f)]-nji bukja. Aýdan: A. Orazow. Ýazyp alan: Ş. Halmuhammedow. 1962-nji ýyl.

— Gowşut, biz ygtyýary saňa berýäris, näme diýseň ederis — diýýärler.

Onda Gowşut han:

— Onda men size bir maslahat bereýin, ýöne gorky-ürki bolmaly däl, her adam şol maslahaty tutmaly — diýýär.

Oba ýaşulularyny, tirebaşylaryny alyp gelip:

— Şu ýerde ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşara çenli ähli ilat ýygnanmaly, bu barada hiç hili gep-gürrüň obadan çykmaly däldir. Şu ýerden goşa gala salmaly — diýýär.

Ilat aýdylyşy ýaly, iki sany belent galany çalt galdyrypmyş. Şol gala at torbalary bilen gum çekilipdir. Iş tamam bolandan soň, Gowşut han:

— Şu galaň üstünde iki sany goçak teke oýy bolmaly, her haýsyna-da ýag çalmaly. Ýanynda-da bäş sany perişde sypat ak sakgally ýaşululary goýmaly! — diýip buýrupdyr.

Gowşut han adamlara ok-däri paýlap beripdir. Mergenleri tapyp, ýerli-ýerinde goýupdyr.

Soňra Gowşut gala ýaşulularyny ýanyna ýygnap:

— Ýigrimi bäş – otuz ýaşlaryndaky ýigitlerden, şeýle-de çöle bäş barmagy ýaly belet bäş müň atlyny toplamaly, atlary daýaw bolmaly. Ýigitler don-telpekli, ýaragly, her bäş ýüz adam birmeňzeş reňkde toparlara bölünip durmaly — diýýär.

Ýaşulular aýdylyşy ýaly edýärler.

... Gowşut han:

— Goşun taýýar bolsa, her atly üç halta çüýrük saman bilen üç halta çüýrän ders almaly — diýýär.

Türkmen çölüne bäş barmagy ýaly belet adamlara-da şeýle buýruk beripdir:

— Nirede guýy bolsa, üstüni keçe bilen ýapyp, onuň üstüni hem çägä gömüp, bellige almaly!

Bäş müň atly gijäniň içinde on bäş müň ýere, duşmanyň töwerek-daşyna çüýrän samanlary, dersleri döküşdirip çykypdyr.

Ilat içine bolsa şeýle wagyz-nesihat bolupmyş:

— Toý edýän toý etmeli, sadaka berýän sadakasyny bermeli, daýhanlar daýhançylygy bilen meşgul bolmaly, mal-garalara seretmeli. Obada asudalyk höküm sürmeli. Garaz, duşmanda güman bolmaly däl.

Işan-mollalara-da:

— Ýagşy dogada boluň! — diýipdirler.

Gepiň keltesi, her haýsysyny ýerbe-ýer goýup, Gowşut tutuş Sarahsa ýetýänçäler bäş müň atlyny il içinden toplapdyr.

Leşger serkerdelerine-de:

— Top atylanda, ders-samanlary bir başdan otlap ugramaly. Gün dogup naýza boýy galanda ikinji topy atmaly! — diýip tabşyrypdyrlar.

Ine, onsoň hemme zady ýerbe-ýer edip goýupdyrlar.

... Gün dogýar welin, duşmanyň üstüne äpet goşa seňňer — gala abanyp dur diýýär. Her biriniň üstünde-de äpet iki sany bir zat ýalp-ýalp öwşün atyp dur, ýakynynda-da perişde sypatly adamlar gezmeleşip ýör.

Duşman sürenine:

— Agşam ýatanymyzda hem ýokdy, bu Gowşudyň işi däldir, Alla tarapyndyr. Tüýs gudratdyr bu — diýen dowul aralaşýar. Bu wakany goşun serkerdelerine habar berýärler.

Gün naýza boýy galanda Gowşut:

— Eý ýigitler, ilat! Duşmana dowul aralaşypdyr, atly-atlaryňyza atlanyň — diýip, buýruk berýär.

Ilkinji top ýaň salýar, onuň yzysüre-de älem-jahany tüsse tutýar. Çüýrän samandyr dersler jahany dumana gapladypmyş.

Gala adamlaryna arkaýynçylyk, duşman içine dowul düşüpdir. Gün guşluga galyberende ikinji top jahany ýaňlandyrypdyr.

Duşmanlar:

— Dat, olar bizi alar — diýip, basga düşüp, gaçyp ugrapdyrlar.

Duşman yza serpigipdir. Tomus aýlary, jokrama yssy, atlar daljygypdyr, ýöne hiç bir guýy tapylar ýaly dälmiş.

Gowşut:

— Öldürip ganhor bolmalyň, çöle kowuň, öz-özleri gyrlyp gutarar! — diýipdir.

Ine, şeýdip Gowşut gajarlaryň çozuşyny gaýtarypdyr. Gowşut hanyň çalt saldyran galasy gajarlaryň mazarlygyna öwrülipdir.

* * *

Garaseňňer galasy Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynda ýerleşýär.

# WAS[11]

Bir wagtlar gadymy Was topragynda uly gala bolupdyr. Ol galada bolsa bir aýal şalyk sürüpdir. Ol şa aýal ýurdunyň abadançylygyny gorap saklamak üçin elinde baryny edipdir, hemişe ýaşululara maslahat salypdyr.

Ine, günleriň birinde Was galasy bilen ýanaşyk goňşy oturan patyşalygyň hökümdary aýal şanyň üstüne çapar goýberipdir. Ol çapardan:

«*Sen maňa durmuşa çykmasaň, men seniň ýurduňda ýumurtga togalabermeli ederin*» diýen habary goýberenmiş.

Bu habardan soň şa aýal ýurdunyň ýaşulularyna maslahat salypdyr. Olar uzak maslahatdan soň:

— Sen goňşy ýurduň hökümdarynyň öňünde şert goý. Eger-de ol seni ýurduňa çenli atly kowup ýetse, sen oňa barmaga razy bol. Han muňa razy bolar. Ýöne hana bildirmän atly gaçjak ýeriňde ýedi sany täzeräk gulanlan baýtaly menzil salymda daňyp goý! Sen atyň ýadan mahaly taýýar ata münüp gidiberersiň. Baýtal han atynyň şowhunyndan gorkar, hem-de öz taýyna ýetmek üçin gaty çapar — diýip, şa aýala maslahat berýärler.

---

[11] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: M. Gulmedow. Daşoguz welaýaty. Ýazyp alan: K. Toýlyýew.

... Şondan soň, şa aýal hanyňka myhmançylyga barýar we özüniň bir şertini bitirse, oňa barmaga razydygyny aýdýar. Han hem şa aýalyň şertini eşidip, oňa razy bolýar. Şondan soň olar şerti ýerine ýetirmäge başlaýarlar.

Şa aýal atly gaçyp ugraýar, han bolsa elinde baryny edip kowup başlaýar. Emma iki ýurduň arasyndaky boşluk meýdanyň uzakdygy sebäpli, hanyň aty ýadap ugraýar, şa aýal bolsa ýolda ýedi ýerde atyny çalşyp, sag-aman ýurduna dolanyp gelýär. Han bolsa hernäçe kowalasa-da şa aýalyň yzyndan ýetip bilmän, ahmyrly yzyna dolanmaly bolýar.

Bu wakadan soň, han şa aýala nähili zyýan ýetirjegini bilmän, ahyry Was galasynyň golaýyndan geçýän we Was halkyny suw bilen üpjün edip oturan Tüni derýany bent edýär. Aýal şanyň ýurdy, Was galasy suwsuz galýar. Ekin-dikin bolmandan soň Was tozýar. Aýal şa we Wasyň halky suwly ýerlere göçýär. Was galasy hem tozup, diňe ol hakyndaky rowaýat halkyň hakydasynda galýar.

* * *

Was Daşoguz welaýatynda ýerleşip, ol Amyderýanyň köne akymy bolupdyr.

## ŞÄHRI-BOSSAN, GARAGAN, DURUN[12]

Gadym wagtda, häzirki Baharly etrabynyň gaýrasynda Şähri-Bossan diýen bir gala bolupdyr. Ol galanyň ýaşaýjylary örän baý ýaşapdyrlar. Süýdi suw ýerine içip, baly şeker ýerine iýipdirler.

Galada kem-kemden azgynlyk köpelipdir, eden-etdilik artypdyr. Bu ýagdaýdan habarly Allatagala Şähri-Bossana perişdesini ugradypdyr. Perişde ýaşuly adamyň sypatyna girip, gala barypdyr. Ol uzak gün şähere aýlanyp, myhman bolmaga ýer tapmandyr. Gala adamlary meý-mese gümra bolup, ony gapylaryndan kowupdyrlar.

... Ahyry şäheriň bir çetindäki, guýynyň ýanynda agtygyny dyzyna alyp, oýnadyp oturan bir ýaşula onuň gözi düşüpdir. Baryp onuň bilen saglyk-amanlyk soraşypdyr. Şondan soň ol özüniň myhman almagyny sorapdyr. Ýaşuly:

— Iýmäge nanymyz bolmasa-da, myhman gonaklamaga ýerimiz bardyr — diýipdir.

Garry ýaşuly sypatly perişde:

— Daň saz berende, bu şäher ýer bilen ýegsan bolar, sen şäherden çykyp git, yzyňa garamagyn! Diňe «gara» diýen seda eşideniňde yzyňa garagyn, «dur» diýlende bolsa, durgun — diýip, gözden gaýyp bolupdyr.

---

[12] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: S. Işangulyýewa. Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Hankäriz obasy. Ýazyp alan: O. Işangulyýewa.

Ol adam şäherden çykmak bilen bolupdyr, ol şäherden ep-eslije ýol geçenden soň, gulagyna bir owaz eşidilipdir.

«Yzyňa gara!» diýen owazy eşidip, yzyňa seredip görse, şäherden nam-nyşan galmanmyş. Şol adamyň duran ýerinde Garagan galasy döräpmiş.

Soňra ýene-de ep-esli ýoly geçenden soňra, gulagyna «Dur!» diýen seda eşidilipdir. Şol ýerde saklanypdyr. Ol ýerde Durun galasy döräpmiş.

* * *

Bu Şähri-Bossan, Garagan, Durun galalarynyň galyndylary Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda ýerleşýär. Şähri-Bossan atly gala Daşoguz welaýatynda Aşyk Aýdyň piriň mekanynyň golaýynda-da bar.

## DÖWKESEN[13]

Gadym wagtlarda häzirki Döwkesen galasy gamçysyndan gan daman Ahmet hana degişli eken. Ahmet han zalymlykda, diýdimzorlukda ýakasyny tanadypdyr. Ne baý, ne pukara, ne zor, ne-de ejiz erkana ýaşapdyr. Baýyň malyny alypdyr, garyby gula öwrüpdir, zory ejiz edipdir, ejizi biçärä öwrüpdir.

«Her kim niýetinden tapar» diýlipdir. Ahmet han niýetinden tapypdyr, perzende ýüzi düşmändir. Aýal üstüne aýal alýar. Aýaly üçe, dörde, bäşe ýetiripdir. Aýallaryndan perzent bolmandyr. Ahyry Alla tarapyn, sekizinji aýaly hamyla bolupdyr.

Aý, gün geçip, aýalyndan bir gyz dünýä inipdir. Şol gün atly-abraýly, göwni giň, desterhany açyk bir baýyň ogly dünýä inýär. Ahmet han niýetini, pälini düzüw tutup, jemaly gül dek bolsun diýip, gyzyna Güljemal ady dakypdyr. Baýyň oglunyň bolsa ýaňagynda haly bar eken. «Ady bilen geldi» diýip, oňa Hally ady dakypdyrlar.

Güljemal ýeke perzent, iýjegi öňünde, iýmejegi yzynda. Gezse Erem bagy, oýnasa salkyn ýer. Ata-babalarymyz aýdypdyr: «Goýundan agam dogar, gara-da». Ahmet handan ak dogupdyr. Güljemal adyna mynasyp gyz eken. Akyly akyl

---

[13] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920[(f)]-nji bukja. Aýdan: M. Mämmedow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alan: M. Söýünowa.

ýerinde, sözi söz ýerinde. Görk-görmekde, edep-ekramda öňüne gyz geçmändir.

Hally ile belli pälwan bolup ýetişipdir. Magrypda, Maşrykda ýagyrnysyny ýere degirjek pälwan tapylmandyr.

Günlerde bir gün Hally pälwan uly toýda orta çykýar. Gözi ýanyp duran, syrdam-gunt bedenli ýigit döw dek pälwany agdaryp ýere urýar. Şol wagt hanyň gyzy Güljemalyň nazary Halla düşýär. Iki juwan dem salymda yşk kölünde guwwasa dönýärler. Sözsüz, dilsiz iki göwün tapyşýar. Iki göwün pynhan syrlaryny ilden näçe ýaşyrsalar-da, bolmaýar. «Temen haltada ýatmaz, söýgi köňülde» diýipdirler. Ahmet hanyň ganly gamçysy, Hallynyň gujur-gaýraty adamlarda geň duýgyny oýarypdyr. Güljemal bilen Hallynyň söýgüsini Ahmet han eşitse, näder?

Ýigitde güýç-gaýrat bar. Akyl-paýhas ýeterlik. Ahmet handa diýdimzorluk bar. Güljemal bilen Hallynyň Perhat Şirin dek söýgüsini Ahmet hana aýdaly. Ne gowga goparka? — diýipdirler.

«Şumlyk — şorluk, ýuwup aýryp bolmaz» diýleni. Ile belli şum söýgi syryny hana äşgär edipdir. Ahmet han bu wakany eşidip, gahar-gazaba münüpdir. «Gahar-gazap Alla tarapyn» diýipdirler. Ahmet han kem-kemden köşeşipdir. Kellesinde hile-pirim torlapdyr. «Ile belli pälwan. Ur-tut öldürsem, il oňlamaz. Gowusy köşge çagyryp, hile-pirim bilen ýoguna ýanaýyn» diýip, Hallyny köşge çagyrypdyr. Gele-gelmäne:

— Pälwan, sen nire, meniň gyzym nire? Gowusy sen pälwanlygyňy et-de Güljemaly ýatdan çykar. Güljemal özüm ýaly hana mynasyp — diýipdir.

Onda Hally:

— Han aga, söýgi ýolunyň ortasyndan gaýtman. Kyrk janymyň kyrkysy hem Güljemala gurban — diýipdir.

Han haýbaty ýer tutmandyr. Ol akyldarlary bilen geňeşip, gara dagdan köşk dikeltse gyzyny berjekdigini aýdypdyr.

«Açlyk näme iýdirmez, dokluk näme diýdirmez». Söýgi näme etdirmez. Hally Perhat dek «Hüw-hak» diýip, gara dagdan gara köşgi salyp başlapdyr. Gije ýok, gündiz ýok, dynjy ýok, Hally pälwan teşedir çekiç bilen dagy goparyp, täsin köşgüň dyrnagyny tutupdyr. Bir pagsa, üç pagsa edipdir. Gara aýna ýaly gözi gamaşdyrýan köşk edil ýylanyň agzyndan çykan ýalymyş. Ahmet han muny görüp, haýranda galypdyr.

Ýene akyldarlary bilen geňeşipdir. Olaryň içinde ýedi derýanyň suwuny içen bir köse bar eken. Ol:

—Han aga, «Söýgi kör bolar» diýipdirler. Hally döw kesen dek gara dagy goparyp, köşgi bitirip barýar. Ony diňe alpirim ýeňer — diýipdir.

Ahmet han:

— Nädip ýeňip bolar? — diýip sorapdyr.

Ol köse:

— Kyssada bar. Söýgini ölüm ýeňer. Güljemal öldi diýiň. Aşyk ýürek çydamaz. Salan köşgi başyna ýumrulyp, belki gubry bolar — diýipdir.

Söýgi ataşy kimleri köýdürmedi, kimleri nusga öwürmedi. Ahmet hanyň hilesi öz başyna bela boldy, iki juwana gala boldy.

Hally säher çagynda, gara daşdan salan gara köşgüne syn edip durka Güljemalyň ak köşgünden ahy-nala sesi göge galýar. Hile torundaky perýat eşiderden agyrmyş. Agyhonlar yzly-yzyna perýat urup, agy-nalalary aýdýarmyş. Bir melgun Hallynyň ýanyna gelip:

— Güljemal iş bitirdi, hak jaýyna gowuşdy — diýipmiş.

Ýigit serrin gaýdypdyr. Huşuna gelip, edil aşyk-magşuklar ýaly:

— Güljemalsyz bu dünýä maňa derkar däl — diýip, goparan uly dag bölegini köşgüň depesinden inderipdir. Alla tarapyn, dag böleginiň zarbyna köşk ýumrulyp, Hallyny ýer düýnäpdir. Ahmet hany ýer çekipdir.

Hiç zatdan habarsyz Güljemal bu ahwaly görüp, perýat edip, özüni köşkden oklapdyr.

Güljemal bilen Hallynyň keç söýgüsi hakdaky rowaýat dile sena bolup, çar tarapa perwaz urupdyr.

Hallynyň gujur-gaýraty, Güljemala bolan yşgy bilen diňe döw kesip biljek dag harabaçylygyna «Döwkesen gala» diýip at beripdirler.

* * *

Döwkesen galasynyň galyndylary Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda ýerleşýär.

## TÜRKMENGALA[14]

Türkmengala diýen gala keseki ýurtlular dökülipdir. Galany talap, ogul olja, gyz ýesir alyp, birnäçe weýrançylyklar edipdirler. Türkmenler bilen keseki ýurtlularyň arasyndaky uruşda duşmanyň Tuwan atly pälwany ýesir düşüpdir.

Türkmenler Tuwany galalarynda saklapdyrlar. Ol pälwan ýyllaryň geçmegi bilen türkmen durmuşyna öwrenişipdir. Gala adamlary edermen pälwan ýesiri ýigitleri bilen deň görüpdirler. Oňa sylag-hormat edipdirler.

Bir gezek goňşy gala ýagy çozupdyr. Tuwan pälwanyň ýaşaýan galasynyň adamlary olara kömege ugrapdyrlar. Galada sanlyja adam bilen Tuwan galypdyr.

Muny aňan keseki ýurtlular duýdansyz gala çozupdyrlar. Tuwan pälwan kömege giden adamlaryň yzyndan çapar ýollap, özi duşmanyň üstüne hüjüm edipdir. Ol duşman bilen ýeke özi iki gün söweşipdir. Iki günden soň goňşy gala kömege gidenler gelip, söweşe goşulypdyrlar. Arman, olar gijä galypdyrlar. Tuwan wepat bolupdyr. Ony şol ýerde jaýlapdyrlar. Ol ýere «Tuwangala» diýipdirler.

[14] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: O. Çaryýew. Mary welaýatynyň Türkmengala etraby. Ýazyp alan: O. Mergenowa.

Wagtyň geçmegi bilen «Türkmengala» bilen «Tuwangala» birleşip, diňe «Türkmengala» atly rowaýaty galypdyr.

* * *

Türkmengalanyň galyndylary Mary welaýatynyň Mary etrabynda ýerleşýär.

# ÄNEW[15]

Bir wagt Teýmir şanyň agtygy Babyryň şalyk sürýän döwründe Bagabat şäheri gülläpdir. Bagabadyň, ýagny «Bagly şäheriň» dabarasy köp ýerlere aşypdyr. Ol ýerde alma, üzüm ýaly köp dürli miweli agaçlar ekilipdir. Ylaýta-da, Bagabadyň almasynyň şöhrady uzaklara ýaýrapdyr. Gyzlaryň ýaňaklary Bagabadyň almasyna meňzedilipdir. Bagabadyň şeýle şöhrada ýetmeginiň sebäbi hem şol döwürde Babyr suwa üns beripdir. Ol Bagabady suwarmak üçin iki sany nagym çekdiripdir. Şolaryň biri «Şowlatma» diýen nagym bolupdyr. Beýlekisi «Abi now», ýagny «Täze suw» nagymy bolupdyr. Änew sözi «Abi now» nagymynyň ady esasynda döräpdir.

* * *

Änew galasynyň galyndylary häzir Ahal welaýatynda ýerleşýär.

---

15 Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

## BOLDUMSAZ[16]

Gadym zamanlarda bir şa bolupdyr. Onuň ýeke perzendi, mährem gyzy bar ekeni. Şa gyzyny janyndan eý görüpdir. Ol gyzyna köşgündäki ähli genji-hazynasyny bagyşlapdyr. Gerek diýen zadyny, iki diýdirmän, alyp beripdir, bol-telki günde ýaşapdyr.

... Günlerde bir gün şa mähriban gyzy üçin görseň gözüňi gamaşdyrýan, ähli ýeri nagyşly kaşaň ajaýyp köşk gurdurýar. Bu köşgi görmäge göz gerekmiş. Köşk salnyp bolnandan soň, gyz onuň iň ýokarsyna çykypdyr. Ol şol belentde duran ýerinden:

— Meniň hemme islegim hasyl boldy. Indi boldum saz! — diýip gygyrypdyr.

Onuň şirin owazy daş-töwerege ýaň salypdyr. Alla tarapyn şol wagt ýer sarsypdyr. Ýaňky bütin äleme şöhle salyp, nur saçyp duran köşk ýumrulyp, ýere siňip gidipdir. Ne gyzdan, ne köşkden nyşan galypdyr. «Alla-da gowusy gerek» diýenleri. Olary ýer ýuwdansoň köşgüň ýeri elhenç haraba öwrülipdir.

---

[16] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921(f)-nji bukja. Aýdan: H. Saparow. Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etraby. Ýazyp alan: G. Geldiýew.

... Wagtyň geçmegi bilen bu ýumrulan daşlar bir uly depä öwrülipdir. Şondan soň bu ýere «Boldumsaz» diýip at beripdirler.

* * *

Boldumsaz galasynyň galyndylary Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynda ýerleşýär. Bu galanyň gadymy ady «Nuzwar» bolupdyr.

## ŞÄHRI-WEÝEŇŇAM[17]

Sarahsyň on bäş çagrym günortasynda «Şähri-Weýeňňam» diýen galanyň harabaçylygy bar.

Weýeňňam Göroglynyň ogullygy Öweziň ýurdy eken. Ol bir wagtlar bagy-bossanlyga bürenip oturan gözel ýer bolupdyr. Oňa ýakyn ýerde ýene bir gala bar. Ol gala ilat «Buldurgala» diýýärler. Harabaçylyga öwrülen bu iki gala bir wagtlar Görogly gelip, Öwezi alyp gidipdir. Bir dessana esas bolan galalar geçmişiň ýaňy bolup, dessana müdimilik giripdir.

* * *

Şähri-Weýeňňam galasynyň galyndylary Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynda ýerleşýär. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda hem «Şähri-Weýeňňam» atly gala bar.

---

[17] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920(f)-nji bukja. Aýdan: A. Annaýewa. Ahal welaýatynyň Sarahs etraby.

# BEDIRKENT GALASY[18]

Nedir şa külli Eýrany, Orta Aziýany, ençeme döwletleri özüne bakna edipdir. Şan-şöhraty çar tarapa ýaýrapdyr. Onuň Bedir atly bir dogany bar eken. Ol Nediriň uly şa bolup, şan-şöhratynyň artmagyna göriplik edipdir. Ahyry Nediriň dergähine baryp, ondan närazydygyny aýdypdyr. Özüniň han bolmak isleýändigini duýdurýar.

Şonda Nedir şa ýakyn wagtlarda özüniň Köneürgenç patyşalygyna ýörişe taýýarlanýandygyny, şol ýerden inisi Bedir üçin mülk berip, bir belent gala saldyrjagyny wada berýär.

Nedir şa müňlerçe leşger bilen Köneürgenç patyşalygyna ýöriş edýär. Häzirki Bedirkent galasynyň ýerleşýän meýdanyna ýetip, bir gala saldyryp ugraýar. Ol gala «Galaýy Bedir» («Bediriň galasy») ady berlipdir.

Wagtyň geçmegi bilen ol özgerip «Bedirkent» adyna öwrülipdir.

Şol döwürde kyrk müň öýli türkmen Bedirkende golaý gelip, Nediriň inisi Bediriň üstüne çozýar we ýeňip, galany taşlamaga mejbur edýär. Galanyň gurluşygyny şolar dowam etdirýärler. Şolardan «Bedirler» emele gelipdir.

---

[18] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: A. Atajanowa. Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşigi. Mir köçesiniň 38-nji jaýy. Ýazyp alan: G. Mollataganowa. “Bedirkent” bedir-tire, adam ady, kent-gala, oba.

* * *

Bedirkent Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynda ýerleşen gadymy gala hem-de obadyr.

# ABDYLLA HAN GALASY[19]

Gadym zamanda Merw ilinde Abdylla atly bir patyşa ýaşap geçipdir. Sahylykda, adyllyk bilen ýurt soramakda owaldan ahyra onuň ýaly patyşany gören-eşiden adam bolmanmyş. Onuň ýurdunda-da, köşgünde-de hemişe şady-horramlyk höküm sürüpdir. Emma günleriň birinde, şanyň aýaly Güljahanyň kazasy dolupdyr-da, il-gün ýas baglapdyr. Abdylla patyşa aýalynyň ýylyny berenden soň, halkynyň kethuda ýaşululary, wezir-wekilleri ýygnanyp, özüne bir ýanýoldaş almagy oňa maslahat beripdirler. Patyşa razylyk berip, wezirine akylly-başly aýal gözlemegi tabşyrypdyr. Wezir ideg-sorag edip, bir çopanda patyşa mynasyp gyz bardygyny bilipdir-de, Abdylla patyşa:

— Yzzatly şahym, size mynasyp bir kemally maşgala tapdyk — diýipdir.

Gyzyň hüý-häsiýetini, boý-syratyny bolşy ýaly aýdyp beripdir.

Abdylla patyşa, weziri üns bilen diňländen soň, ol gyz bilen içgin gyzygypdyr:

— Bu gürrüňini edýän maşgalaň haýsy patyşaň raýatlygynda — diýip sorapdyr.

---

[19] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: M. Piriýew. Mary welaýatynyň Mary etraby. Oba ýaşulularynyň dilinden ýazylyp alnypdyr.

Onda wezir:

— Hut siziň öz raýatlygyňyzda, şahym — diýip, wezir ol gyzyň ýaşaýan obasyna, öýüne çenli salgy beripdir.

Abdylla patyşa başyny ýaýkap:

— Tüýs maňa gerek maşgala ekeni weli, haýyp, öz raýatymdan bolup çykdy — diýipdir.

Wezir muňa geňirgenip:

— Ýeri, bolanda näme? — diýipdir.

Abdylla patyşanyň ýüzi çytylyp:

— Heý, öz gyzyna öýlenen adamy görüpmidiň, wezirim? — diýip sorapdyr.

Abdylla patyşadan bu sözi eşiden wezir gorkup, näme diýjegini bilmän, çalaja başyny ýaýkapdyr. Wepaly weziriniň howpurgap durşuna dözmän, Abdylla patyşa mylakatly gepläpdir:

— Görenem dälsiň, eşidenem dälsiň. Biler bolsaň, wezirim, patyşa diýilýän adam raýatyndaky halkyň atasydyr. Merwdäki ähli gyzlar meniň perzendimdir. Patyşalar del ýurtdan öýlenmelidir. Ýogsa olarda adyllyk galmaz — diýipdir.

Bu söz weziriň göwnüne makul bolup, Abdylla patyşany goňşy ýurtlaryň birinden öýlendirenmiş. Abdylla patyşa bolsa şady-horramlyk sürmek üçin bir gala galdyrmaga höküm beripdir. Şeýlelikde Abdylla hanyň galasy bina edilipdir.

* * *

Abdylla han galasynyň galyndylary Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynda ýerleşýär.

# ÝYLANLY[20]

Rowaýatçylaryň aýtmagyna görä, gadymy döwürlerde bir uly şalyk bolupdyr. Onuň adyl şasy bar ekeni. Ol adyl şanyň bolsa ýeke perzendi, gözüniň guwanjy Ylal atly hoşroý sypatly bir gyzy bolup, ol şa gyzyna owadanlyk babatynda ýer ýüzünde taý geljek gözel entek dogulmanmyş. Topugyna düşüp duran saçyny diýermiň, aý kimin ýüzüni, gyýlyp duran gaşyny, aldajy gözüni, al ýaňagyny, gyldan inçe bilini diýermiň, garaz, tarypyny ýetirseň ýetirip oturmaly ekeni.

Atasy «Ýaman göz-dilden aman saklasyn» diýip, perzendi üçin ýer astyndan bir köşk saldyryp, gyzyny şol ýerde saklamak üçin saýlama guldur gyrnaklaryň ýetmiş sanysyny onuň ygtyýaryna beripdir.

Bäş ýaşyndan on alty ýaşyna çenli ýer astyndaky köşgünden özge hiç bir zat görmän, aga-gara düşünmän, ajy näme, süýji näme, adalatlylyk bilen adalatsyzlygyň parhyny aňşyrman, on bir ýyllap asman ýüzüni görmän, ahyryn on alty ýaşynda atasy gyzy Ylala bu ýalançy dünýäni görmäge rugsat berýär.

Ylal ýerasty köşgünden galagoply ýagdaýda çykypdyr. Ol ilaty gurply ýaşaýan öz şalyklaryna aýlanyp syýahat edipdir.

---

[20] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920(f)-nji bukja. Aýdan: B. Meläýew. Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etraby. Ýazyp alan: M. Ýusubowa.

Allatagalanyň peşgeş beren gözelligine Ylalyň ýüzünde, ajaýyp boý-syratyndaky owadanlygyny görüp, ah çekip ýykylýan haýsy, aglaýan haýsy, agzyny açyp, içini çekip galýan haýsy, biler ýaly bolmanmyş. Şa gyzy Ylal hem bu bolup geçýän hadysalara düşünmändir, asla ol seýr edip, töweregine, tebigata seredip, gözüni olardan aýryp bilmeýärmiş.

Şol döwürlerde başga bir ýurduň patyşasy zeminiň ol ujundan başlap, öňünden çykan obalary, galalary, şäherleri oda ýandyryp, külüni asmana sowrup, ýalmawuz ýaly ýalmap-ýuwdup gelýär ekeni. Ol zalym, ganhor şa san-sajaksyz leşgeri bilen şazada Ylalyň atasynyň şalyk sürýän ýurduna aýak basypdyr.

Ol zalym şa özüniň gedem häsiýeti bilen Ylal gyzyň atasyna bir nama ýazyp, çapardan iberýär. Ol namasynda özüniň ähli ýurtlardan, şalyklardan jeňde üstün çykyp, boýunegmezek raýatlara dürli jezalary berip, gyrandygyny nygtap ýazanmyş. Namanyň soňunda, eger-de ol hem beýleki käbir hökümdarlar ýaly boýun egmek islemese, şolaryň düşen pajygaly günleriniň olara-da görkezmek niýetindedigini aýdyp, dürli hemleleri atýar.

Emma şa gyzy Ylalyň atasy hem özdiýenli, özüniň leşgeriniň kuwwatyna göwni ýetýän şa ekeni. Ol zalym şa üçin jogap hatyny derrew ýazypdyr. Ol hatynda: «*Her bir gezip ýören bihuda gaýratlysyraýanyň öňünde dyza çökmeris*» diýip, ony çapardan ýollaýar.

Şeýle mazmundaky namany alandan soň, zalym şa gazap atyna münüp, gala garşy hüjüm edýär. Emma belent, asmana howalanyp duran diwarly gala mizemez bolansoň, zalym şanyň leşgerleriniň ençeme gezek eden hüjümleri puja çykýar, olara diňe galany gabaýmak galýar. Olara galanyň derwezesini açmaklyk arzuw bolup galanmyş.

Şeýlelikde, galanyň gabawy iki ýyla çekýär. Galada bolsa galla ýetmezçilik edip ugraýar, ilat açlykdan gyrlyp ugraýar. Şonda-da, olar çemini tapsalar duşmana galadan çykyp, gaýtawul bermeklerini dowam edipmişler.

Şeýle pajygaly günleriň birinde Ylal kenizleriniň biri bilen galanyň diwarynyň üstüne çykyp, ýigrenç bilen duşman tarapyna seredip durýar. Zalym şa Ylaly uzakdan görüp, onuň owadanlygyna gözi gidip, bihuş bolup ýykylýar. Ol Ylal gyza aşyk bolýar. Gepiň keltesi, uly ýurduň şasy, birnäçe şalyklary özüne tabyn eden zalym şa, özüniň gabawda saklaýan ýurdunyň şasynyň gyzyna — Ylala göwni gidýär.

Ol şa derhal mürzelerine bir nama ýazdyryp, ony gyzyň atasyna ugradýar. Ol namanyň mazmunynda, eger-de şa gyzyny berse, agyr leşger bilen yzyna dolanjakdygyny hem-de onuň bilen garyndaşlyk gatnaşygyny etjekdigini, ýogsa-da, tersine gyzyny özüne rowa görmese açlykdan ölseler-de, yza çekilmejekdigini iň soňky leşgeriniň janyny hem pida etmekçidigini ýazypdyr.

Onuň mazmunyny eşiden Ylalyň atasy gazaba münýär: «*Açlygymyzdan öleris welin, ýurdy gorarys, gyzy bimynasyba bermeris*» diýip, jogap hatyny ýazýar.

Zalym şa bolsa leşgeriniň arasynda on sekiz ýaşly şa gyzy Ylalyň derdinden aşyk bolandygy barada aýdymlar düzüp, ahy-nala çekip gezip ýörüpdir. Ol hatyna garşy jogaby alan badyna leşgerlerini galanyň gabawynyň has berkitmelidigi barada buýruk beripdir.

Galanyň iç ýüzünde bolsa açlyk zeraraly ýitgiler has artyp başlapdyr. Ölen adamlaryň jesetlerini jaýlamaga-da ýetişip bilmändirler, wagt bolsa geçip durupdyr. Jesetleriň ysyndan ýaňa bolsa galada durarlyk galmandyr. Diri galan galalylar ysgynsyzlykdan, göwniçökgünlikden ejir çekip, ol jesetleri

ýygnamaga gujurlary ýetmän, geljek ajallaryna garaşyp oturanmyşlar.

Şa gyzy Ylal atasy bilen zalym şanyň hat aragatnaşygy barada birinden duýdansyzlykda eşidip, Hudaýa mynajat okap, şeýle diýenmiş:

— Eý Hudaýa, on alty ýaşymda dünýä ýüzüne çykdym, on alty ýaşymda täzeden doguldym, on alty ýaşymda aga-gara düşünmänkäm, durmuşyň süýjüsini görmänkäm, ajysyny datmaly boldum. Eger-de şol zalym şa meni alany bilen oňup, atama, il-günüme, çagajyklara azar bermese, men şu gijäniň özünde galadan daşary çykyp, özümi bimynasyba teklip ederin. Meň üçin özgeler jepa çekmesinler...

Şol gijede hem ol gyz galadan daşary çykyp, zalym şanyň altyn nagyşlar bilen bezelen çadyrynyň golaýyna barýar. Şa bolsa Ylalyň gelenine begenip, öz beren şertinde durupdyr. Olar biraz pursatdan soň yza dolanýarlar.

Galada bolsa şa gyzy Ylalyň köşkde ýokdugyny eşiden patyşanyň zähresi ýarylýar. Ol dergazap bolup, gyzyny namartlykda aýyplap:

— Bütin gala ilaty açlyga, horluga çydanda, ýeke perzendim, göz guwanjym bolan gyzym çydam edip bilmän, gelmişeklere tarap ökje göterip, gaçyp gitdi. Meniň indi gyzym ýok hasap ediň — diýip, gyzyndan dönýär.

Ertesi irden galany goraýjylar öz gözlerine ynanyp bilmändirler, san-sajaksyz leşgerden nam-nyşan ýokmuşyn. Şa bolsa, ysgynsyz halda atyna atlanyp, söweş esbaplaryny geýip, gylyjyny biline dakynyp, hiç kime birjik-de zat diýmän, duýdurman duşmanyň yzyndan kowýar.

... Biraz ýöränden soň, leşgeriniň yzyndan ýetip, öňünden çykanyň kellesini pyzlawuk kädi ýaly edip alýar. Ahyry Ylalyň yzyndan ýetip, gahar-gazaby has-da joşup, gany depesinde

gaýnap, onuň münüp duran aty bilen birlikde gylyjy bilen deň iki para bölýär.

Zalym şa, onuň agyr leşgeri bu rehimsiz ata, gyzyny öz eli bilen öldüren ata, haýran galmak bilen seredip, agyzlaryny açypdyrlar. Ylalyň atasy bar güýjüni gylyjynda jemläp, gelmişekleri gyran-jyrana salyp ugraýar. Aljyraňňylyga, basga düşün leşgere bolsa gaçmakdan özge çäre tapylmanmyş.

Ylalyň atasy ýeke özüniň duşmana hötde gelendigini hem duýmandyr. Sowaşandan soňra, daş-töweregine göz aýlasa, gyzynyň gan bilen garyşan göwresine gözi eglenip, aklyna aýlanýar. Ol eden işine puşman edip, aglap-eňräp ýeke dikrarynyň jesedini gujaklap, Hudaýa nalyş edip ugraýar: «Nury-didäm, ýalňyz gyzymyň ýok ýerinde meniň durarlygym ýok» diýip, öz-özüne kast edýär.

…Şadan habar almak üçin galadan bosup gelýän ilat bu ahwalatlary görüp, ahy-zar çekýärler.

Şeýlelikde, uly şalygyň derkary, il-günüň söýüp ýören şazada gyzy Ylal atasynyň elinden ajal tapýar. Gala ilaty bolsa özlerini azatlyga çykaran Ylaly hormatlapdyr, olar gyzy hem-de atasyny şol ýerde jaýlaýarlar. Şol töwerekleri «Ylal», «Ylally» diýip atlandyryp ugraýarlar. Wagtyň geçmegi, aý-günüň, ýyllaryň dolanmagy bilen ol ýer «Ýylanly» adyny alypdyr.

* * *

Ýylanly Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etrabynda ýerleşýär. Onuň gadymy atlary «Hibrasan», «Habratan», «Habarta», «Harratir», «Hilýalydyr».

# ÝUWANGALA[21]

Bir wagtlar Gerkez obasynda uly gala bolupdyr. Ýaz aýlary dag-derelerden garlar eräp, ýagmyr ýagypdyr. «Dama-dama köl bolar» diýlişi ýaly, gar suwy, ýagmyr suwy sil bolup akypdyr. Güýçli sil suwy galany halky bilen alyp gidipdir. Görseler ne gala galypdyr, ne-de ýurt. Şondan soň ilat arasynda «Ýuwangala» ady galypdyr.

* * *

Ýuwangala Balkan welaýatynyň Garrygala etrabynyň Gerkez obasynyň ady.

---

[21] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Toplan: G. Aşyrowa. Balkan welaýatynyň Garrygala etrabynyň Gerkez obasy.

## MAGTYMGALA[22]

Magtymgala Ýuwangaladan uzakda ýerleşýär.

Magtym han diýen bir adam öz döwründe Magtymgalanyň gaýrasyndaky onçakly uly bolmadyk Garrydagyň üstünde bir gala saldyrypdyr. Şol galanyň ilersindäki Sumbardan Garrydaga çenli adamlar nyzama durup, bir adam suwly çelegi ikinji adama, ikinji adam üçünji adama geçirip, şol daga suw çykarypdyrlar.

Magtym hanyň saldyran galasynyň uly ähmiýeti bolupdyr. Oba adamlary ýaşaýan ýerlerini duşmana bermejek bolup, ol galada bukulyp duşmana gülle ýagdyrypdyrlar.

Ondan başga-da dagyň üstüne çykyp, aşagyndan geçen garakçylara daş togalap gyrypdyrlar. Häzir hem ol galanyň abat galan ýerlerinden deşikler hem-de şonuň içinde pos açan demirleriň galyndysy çykýar.

1898-1899-njy ýyllarda Magtym han aradan çykypdyr. Magtym han aradan çykandan soň, şol galanyň adamlary ony hormatlap, üstüne gümmez galdyrypdyrlar we iç-daşyny nagyşlapdyrlar. Ol gala «Magtymgala» diýip at goýupdyrlar.

---

[22] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Aýdan: B. Muhyýewa. Balkan welaýatynyň Garrygala etraby. Ýazyp alan: T. Bekjäýew.

* * *

Magtymgala Balkan welaýatynyň Garrygala etrabynda ýerleşendir. Şeýle at bilen Ahal welaýatynyň Kaka hem-de Ruhabat etraplarynda galalar bardyr.

# ÝARTYGALA[23]

Ilki bu galanyň ady Ýartygala bolmandyr. Öňki döwürde gala, oba ilaty tire-taýpa boýunça ýaşar ekenler, ýagny bir oýtakda ýomutlar ýaşan bolsalar, şol oýtaga «Ýomutlar oýtagy», ýene bir oýtakda gökleňler ýaşan bolsa, «Gökleňler oýtagy», nohurlar ýaşan bolsa, «Nohurlar oýtagy» diýipdirler. Şol galada ýomutlar, gökleňler, nohurlar ýaşan bolsalar şolar hem öz aralarynda taýpa-taýpa bölünipdirler.

Günlerde bir gün tire-taýpa arasyna şeýtan düşüp, oňşuksyzlyk döräpdir. Munuň şeýledigini bilen kese ýurtlular bu ýere ýygy-ýygydan çozup, talap gidipdirler.

Bir gezek Nedir şa bu oba çozup, ogul-olja, gyz-ýesir edip alyp gidipdir. Şeýle çozuş ýygy-ýygydan bolup durandan soň, oba ýaşululary ahyry üýşüp, maslahat edipdirler. Maslahatdan soňra obadaky tire-taýpalaryň agyzlaryny birikdirip, duşmanlardan goranmak üçin, obanyň çetinden gala salyp başlapdyrlar.

Obanyň ähli adamlary üýşüp gala salyp başlanlarynda, ýagny, galany ýartylaberenlerinde ýene-de Nedir şa goşunyny sürüp, obany talapdyr.

---

[23] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: G. Sähedow. Balkan welaýatynyň Garrygala etraby. Ýazyp alan: M. Nazarowa.

Şondan soň galanyň boýy bitirilmän, ýartylygyna galyberipdir. Gala bolsa «Ýartygala» adyny alypdyr.

* * *

Ýartygalanyň galyndylary Balkan welaýatynyň Garrygala etrabynyň Çendir obasynda ýerleşýär.

# ERKGALA[24]

Iňňän gadymy döwürlerde, ýagny üç müň ýyl dagy mundan ozal şeýle bir waka bolup geçipdir. Şol zamanlarda Tahmures diýen bir patyşa bolupdyr. Ol uçursyz dana hem iňňän baýdygyna garamazdan, örän tygşytly ýaşamagy halar ekeni. Diýeni diýen, aýdany aýdan ýerinde ýerine ýetirilýän bu patyşa günlerde bir gün özüne hem nesline ozal hiç mahal, hiç ýerde görlüp-eşidilmedik üýtgeşik owadan köşk gurdurmagy, onuň daşyna bolsa, ok atsaň geçmejek berk hem belent, howalanyp duran gala saldyrmagy ýüregine düwüpdir.

... Gul kän, hem pul kän. Ýöne nädeniň-de gullary höwesli işledip, pullary hem tygşytly harç edip boljak?

Hemişe ýedi ölçäp, bir kesmegi halaýan patyşa bu gezek hem örän köp oýlanypdyr, ahyrda-da çykalga tapypdyr.

... Ol işe ökde, daýaw pyýadalardan müňsüni saýlap alypdyr-da, olaryň hersiniň eline bir sany altyn dirhemi beripdir. Şol döwürde bu dirhem örän gymmat pul bolupdyr. Muňa begenen pyýadalaryň gözleri hanasyndan çykara gelipdir. Patyşa bolsa olara ýüzlenip:

— Şu günden şeýläk, siz altyn dirhemi her gün alarsyňyz. Gapdal ýanyňyzdan hem isleg bildiren zadyňyzy satyn alyp

---

[24] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 865[(f)]-nji bukja. Aýdan: Aýly Gul ogly. Ýazyp alan: A. Gurdow. 1950-nji ýyl.

bileriňiz ýaly uly bazar bolar. Çünki siz dünýäde deňi-taýy bolmadyk, üýtgeşik ymaratyň gurluşygynda işlärsiňiz — diýipdir.

Şular ýaly göwün guşlaryny ganatlandyryjy sözleri eşiden pyýadalar hyruç bilen işe başlapdyrlar. Olaryň gündelik agdarýan laýlarynyň hem-de guýýan kerpiçleriniň hetdi-hasaby bolmandyr. Özü-de her biri zordan göterilýän äpet-äpet kerpiçler bolupdyr. Diňe köşgüň gurluşygyna şol äpet kerpiçleriň telim müňüsi gerek bolupdyr. Onuň sesýetim töweregine halka bolup aýlanan ýigrimi gulaç ini, altmyş gulaç hem boýy bolan ägirt galanyň gurluşygyna bolsa, sarp edilen kerpiçleri sanamaga asla san hem ýetmänmiş.

Gurluşygyň gidişinde ussalar iýer-içer ýaly zerur zatlary almak üçin özlerine berilýän gündelik dirhemi bazaryň üsti bilen Tahmures patyşa gaýtaryp bermäge mejbur bolupdyrlar. Şeýlelik-de, bu üýtgeşik binýadyň tutuş gurluşygy diňe iň soňky iş güni üçin berlen bir müňünji dirhemiň hasabyna bitirilipdir.

Ymarat, hakykatdan-da dünýäde deňi-taýy bolmadyk, juda berk, hem belent bolanmyş. Oňa soňraky nesiller «Meru», ýagny «Beýik gala» adyny berenmiş. Soňra bu gala «Erkgala» ady bilen tanalyp ugranmyş.

* * *

Erkgalanyň galyndylary Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynda ýerleşýär. Gadymy ady Margiana Isgendergalasydyr.

# GYPJAK GALASY[25]

Gypjak galasy Ahal welaýatynyň gadymy galalarynyň biridir. Gypjak galasy Armangala hem Nusaý galalaryna ýakyndyr. Bu üç galanyň raýatlary ýagy gelende birleşipdirler. Gypjak galasynda XVI-XVII asyrlarda birnäçe taýpalar ýaşapdyr.

* * *

Gypjak Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabyndaky gadymy galanyň ady. XVII-XVIII asyrlarda ýazylan taryhy çeşmelerde «Gypjak galasy» ady bilen gelýär. Belli taryhçy Munis 1818-nji ýylda Gypjagyň Ahalyň berk galalarynyň biridigini ýazypdyp.

---

[25] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557[(f)]-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

## ARMANGALA[26]

Köşüden bärde, Gypjak galasynyň golaýynda gadym zamanlarda bir gala bar ekeni. Ol daýhançylygy, mallary köp, baý ýurt ekeni. Bu galany bir gezek kese ýurtly basybalyjylar eýelejek bolupdyrlar. Olar şähere ahyry hile bilen girip, gala adamlaryny ýesir alypdyrlar. Şonda ýesirler hallaryndan zeýrenip, galada geçen rahat durmuşlaryny ýatlap: «Arman, arman...» diýip, ahmyr edenmişler.

Ine, şonuň üçin onuň adyna «Armangala» diýenmişler.

* * *

Armangala Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda ýerleşipdir. Armangala Gökje-Bagyr töwereklerinde arheologik ähmiýetli gadymy galadyr. taryhçy Munis 1818-nji ýylda bu galany «Arman» diýip atlandyrypdyr.

---

[26] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557[(f)]-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

## DURUN[27]

Aýdyşlaryna görä, «Durun» diýen adyň galmagyna hezreti çaryýarlaryň biri Aly sebäp bolupdyr.

Durunda öň altyn çykýan ekeni. Gurplanan şäheriň adamlary azanmyşlar. Allatagalanyň emri bilen güýçli ýer titräp, harasat gopupdyr. Adamlar bu betbagtçylykdan gaçyp barýarkalar, Alladan medet isläp nalyş edipdirler. Şol wagt hezreti Aly peýda bolup, adamlara garap «Duruň!» diýipdir. Adamlar durupdyrlar.

Şondan soň häzirki «Durun» galasynyň ady galanmyş. Durun obasy hem şol galanyň ady bilen döränmiş.

* * *

Durun Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda ýerleşen galadyr. Gadymy ady «Täk», «Täk Ýazyr», «Ýazyr».

---

[27] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 865[(f)]-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak obasy. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

## ISGENDERGALA[28]

Rowaýatçylaryň aýtmagyna görä, bu galanyň adynyň «Isgendergala» bolmagynyň sebäbi şeýledir:

Gadym wagtlarda Balkan daglarynyň düýbüni etekläp oturan obanyň ortasynda uly gala bolupdyr. Ol galanyň adamlary agzybir ýaşapdyrlar we örän myhmansöýer bolupdyrlar.

Ine, bir gün «dünýäni basyp alaryn» diýen Isgender Zülkarneýn goşuny bilen bu galada düşläpdir. Soňra gala adamlary bilen hal-ahwal soraşyp, olara hemaýat etjekdigini aýdypdyr. Obanyň, galanyň adamlary, olaryň agzybirligi, myhmansöýerligi Isgenderiň göwnünden turupdyr. Ol gala adamlaryndan:

— Galaňyzyň ady näme? — diýip sorapdyr.

Olar heniz gala adyň dakylmandygyny aýdypdyrlar. Ertesi Isgender gala halkyna mal-engam paýlap, ýola düşüpdir.

«Alan ýerini gyryp gelýärmiş» diýip eşiden gala halky Isgenderiň rehim-şepagatyna haýran galypdyr. Olar wagtyň geçmegi bilen bu galany «Isgenderiň düşlän galasy» diýip atlandyryp ugrapdyrlar.

---

28 Türkmenbaşy Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: A. Babaýewa. Balkan welaýatynyň Bereket etraby. Ýazyp alan: M. Babaýewa.

Ine, şondan bäri hem bu ýeriň ady «Isgendergala» bolup galypdyr.

* * *

Isgendergala Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda ýerleşýär. Şeýle at bilen Mary welaýatynda hem bir gala bardyr, onuň gadymy ady: «Sinj», «Janalybentgaladyr».

# TUMARLYNYŇ GALASY[29]

Taryha baý türkmen topragynda geň-taň hadysalar, ganly söweşler, dabarasy dag aşan toý-meýlisler kän bolupdyr. Men-men diýen ärler söweşde mertlik görkezip, halkyny ganym duşmandan gorapdyr. Olaryň edermenligi, gaýduwsyzlygy barada rowaýatlary aýdypdyrlar.

Il-ýurdy goramakda aýal-gyzlar çetde galmandyr. Türkmen zenany Tumarlynyň edermenligi hakdaky hekaýat gadymy döwürden bäri il arasynda saklanyp galypdyr. Onuň gadymy nusgasyny ýunanly taryhçy Geredot ýazyp alypdyr.

... Gadym zamanda Hazar deňziniň gündogar tarapyndaky uç-gyraksyz düzlügiň köp ýerinide massagetler diýlip atlandyrylan ata-babalarymyz ýaşar eken. Massagetleriň patyşasy ölüp, onuň ornuna aýaly Tumarly tagta çykypdyr. Tumarlynyň ýurdy bol-telki, abadan ýaşapdyr. Zorluk, horluk bolmandyr. Massagetleri basyp almagy köp wagtdan bäri ýüregine düwüp ýören zalym Kuros bir okda iki towşany urmakçy bolupdyr.

Gurrandazlara gurra taşladyp, palçylara pal atdyryp, dokuz çarşenbäni başyndan geçiren hilegärlerden maslahat alyp, Tumarla sawçy yzyna sawçy iberipdir. Tumarly ret edipdir. Kuros «Aýaly gulakdan» diýipdirler, «Öwüp göreýin»

---

[29] Bu rowaýat şu kitapdan alyndy: Толстов С. П. По следам древнохорезской цивилизации. Москва, 1948. 47 s.

diýip, öwgi hatyny ýazypdyr. Tumarly razylyk bermändir. Kuros «Aýaly altyn-zer bilen» diýip, «Ata-babalarymyz telek gep aýdan däldirler» diýip, hatar-hatar kerwen gurap, altyn-zer ugradypdyr.

Ýigit çykyp barýan ýalňyz ogly Sypargana akyl-paýhas öwredip ýören melike altyn-kümüşe aldanmandyr.

Gylyjyndan gan, dilinden zäher damýan Kuros düzlükde mesgen tutunan naçary yryp bilmändigi üçin gahar-gazaba münüpdir. Leşger ýygnap, Jeýhun deryasynyň boýuna gelip, ondan geçmek üçin köpri gurup ugrapdyr. Mundan habarly bolan Tumarly hatdatlara hat ýazdyryp, Kurosa iberipdir. Çapar haty zalym Kurosa beripdir. Ol şeýle mazmunly haty okapdyr:

«*Eý şa, seniň dynçlyk islemeýändigiňi biz bilýäris. Şeýle-de bolsa saňa ýene bir gezek aýdýaryn. Sen öz ýurduňda şalygyňy sürüber. Bizi parahat günümize goý! Eger-de sen meniň aýdan sözüme gulak asmasaň, güýç synanyşmakçy, söweşmekçi bolsaň, baş üstüne. Biz taýýar. Ýöne biz ara-dara ýerde ýüzme-ýüz söweşmäli. Ata-babalarymyzyň söweş däbini saklaly. Derýadan arkaýyn geç, biz derýadan üç günlük içe gideris. Şol ýerde emin-arkaýyn söweşeris. Bolmasa sen üç günlük yza çekil. Biz derýadan geçip söweşeli. Sen diňe hile-pirim bilen namartlyk etmeseň bolany*».

Bu teklibi eşiden badyna Kuros wezir-wekillerini ýygnap, maslahat edipdir. Wekilleriň köpçüligi Tumarlynyň teklibini makul bilmändirler. Ýöne olaryň arasyndan bir garry geňeşdar weziri bar eken. Ol başgaça hiläni hökümdara öwredipdir:

— Eý şa, goşunym heläk bolmasyn diýseň, onda men öz pikirlerimi size aýdaýyn. Eger siz ynsan takdyrynyň birmeňzeş bolmaýandygyna çuňňur ynanýan bolsaňyz, onda gulak asyň! Eger biz duşmany öz ýerimize goýberip, ýeňilsek, onda patyşalygyňdan aýrylarsyň, tagtdan düşersiň. Çünki, ýeňip

üstün çykan goşun döwletiň içine tarap ýöriş eder. Eger-de duşmanyň ýurdunyň içine geçip söweş etseň, onda öňe omzarsyň, ýöne olaryň hemmesini ýok edip bilmersiň. Zenandan ýeňilseň aşagyndan çykyp bolmajak namysa galarsyňyz. Şonuň üçin hem iň gowusy Tumarlynyň bellän ýerlerine baralyň-da, olaryň ýeňilmekleri üçin hile-pirim guralyň. Meniň eşidişimçe, massagetler biziň naz-nygmatlarymyzdan bihabardyrlar. Şonuň üçin biz, şeraplary gysganmazdan, mallary soýduryp uly meýlisleri gurap, ýarawsyz, gowşak esgerleriň bir bölegini galdyryp, yza çekileliň. Duşman gowşak esgerleri aňsat ýeňer. Iýip, içip mes bolar weli, gapyllykda üstüni basyp, ap-aňsat ýeňeris — diýip, sözüni tamamlapdyr.

Bu maslahat şanyň göwnünden turupdyr. Ol Tumarlydan içe çekilmegini sorapdyr. Soňra ogluny şol garry geňeşdar wezirine tabşyryp:

— Eger uruşdan gelmesem, şu weziriň maslahatlary bilen şalyk sürgün — diýip, ol ikisini öz topraklaryna tarap ýola salypdyr.

Şa agyr leşgeri bilen Tumarlynyň ýurduna aýak basypdyr. Ol ýerde şa bir düýş görüpdir. Düýşünde özüne tabyn bir hökümdaryň uly oglunyň iki egninden ganat ösüp çykanmyş, biri Maşryk, beýlekisi Magryp tarapy tutup duranmyş. Şol wagtlar düýşündäki oglan ýigrimi ýaşlarynda bolup, ol gögele hasaplanyp urşa alynmandyr. Düýş şanyň ýüregini sarsdyrypdyr. Ol oglanyň atasyny ýanyna çagyryp:

— Ogluň maňa garşy güýç toplaýar, sen ýurda dolanyp, onuň ýetdik jezasyny ber — diýipdir.

Soňra ol Tumarlynyň ýurdunyň jümmüşine aralaşyp, garry weziriň maslahat berşi ýaly, iýgi-içgi taýýarladypdyr, az sanly ejiz esgerleri galdyryp, yza çekilipdir.

Tumarlynyň oglunyň ýolbaşçylygynda bir topar leşger bu ýere gelip, Kurosyň galdyran leşgerlerini ýeňip, keýpi-sapa meşgul bolupdyrlar.

... Soňra mes, lül bolan esgerler uka gidipdirler. Şol wagt hem şanyň esasy bukuda duran goşuny hüjüme geçip, SypargANYň esgerleriniň köp bölegini öldürip, diri galanlaryny ýesir alypdyrlar. Ýesirleriň arasynda Tumarlynyň şazada ogly hem bar ekeni.

Tumarly bu wakalardan habardar edilipdir. Ol şanyň ýanyna ilçiden hat iberipdir. Onda şeýle diýlipdir:

«*Eý ganhor Kuros! Üzümiň suwunyň kömegi bilen bolup geçen bu hadysadan göwnüň hoş bolmasyn! Sen oglumy jeň meýdanynda däl-de, hile-pirim bilen gola saldyň. Indi, gulak sal, seniň üçin ýagşy maslahatlary aýdaýyn. Oglumy maňa tabşyr-da, jezasyz, zyýan çekmezden gelen ýeriňe dolan. Ýogsa, massagetleriň Taňry Güneşiniň adyndan kasam içýärin, seniň açgöz ýuwha gözleriňi gan bilen dolduraryn*».

Şa bu sözlere üns bermändir. Tumarlynyň ogly bolsa huşuna gelip, eden işine ökünýär. Ar-namysa batan Sypargany ondan çykmagyň ýoluny gözleýär. Ol Kurosdan öz el-aýagyny gandaldan boşatmagy haýyş edýär. SypargANYň niýetini aňmadyk Kuros ýesir şazadany gandaldan boşadýar. Sypargany ýanynda duran esgeriň hanjaryny alyp, duşmanyň iki-üçüsini öldürýär we gursagyna hanjar urup, mertlerçe wepat bolýar.

Şondan soňra Tumarly leşger toplap, jeňe giripdir. Aýylganç, henize çenli görlüp-eşidilmedik jeň bolupdyr. Ilki ýaý atyşypdyrlar. Ýaý okundan heläk bolan leşgerler depe-depe bolupdyr. Goşunlar soňra naýzabanlyk edipdirler. Galkana urulýan naýza sesleri sesýetimden daşda eşidilipdir. Adam gany derýa bolup çar tarapa akypdyr. Naýzabazlardan soň gylyçbazlar orta giripdir. Gün şöhlesini kaklyşyp ýyldyrym deý süýnýän gylyçlaryň zarbyna kelleler pyzlawuk kädi mysaly

honda düşüpdir. Söweş uzaga çekipdir. Ahyry massagetler söweşde ýeňiş gazanypdyrlar. Ganhor Kuros söweşde ölüpdir.

Tumarly kasamyny berjaý edipdir. Bir meşigi duşman leşgeriniň ganyndan dolduryp, Kurosyň kellesini oňa salypdyr. Meşigiň agzyny pugta daňyp:

— Massagetleriň ýurduna jeň isläp geleniň kysmaty şeýle bolar. Sen jeň isläp geldiň. Meni oglumdan jyda edip, ýüregime bitmez ýara, gaýgy-gam saldyň. Taňry Güneşine beren kasamymy ýerine salmak üçin seniň teşneligiňi öz leşgeriň gany bilen gandyrýan — diýip, meşigi Kurosyň ýurduna ugradýar.

Kurosyň düýşünde gören ýigrimi ýaşly ýigidi Kurosyň tagtyny eýeleýär.

Massagetleriň şasy Tumarlynyň edermenligi rowaýata öwrülip, galasy bolsa taryhyň gatyna siňip gidýär.

* * *

Tumarlynyň galasynyň galyndylary Lebap welaýatynyň Atamyrat etrabynyň «Daşlyk» obasynda ýerleşýär. Şeýle-de bu gala «Turanyň köşgi» ady bilen hem bellidir.

## BARAGYZ[30]

Köneürgenç patyşasynyň gyzyna Törebeg hanym diýer ekenler. Ol biçak owadan hem akylly gyz ekeni. Soltan Sanjar şol gyza aşyk bolup, onuň üçin söz aýtdyrypdyr. Emma patyşa hem, onuň gyzy-da muňa razy bolmandyr. Soltan Sanjar gyzyl-kümüş eltipdir. Patyşa ony hem alman, derýa taşladypdyr. Mal eltipdir, patyşa olary hem derýa taşladypdyr. Soltan Sanjar bu bolşa gahar edip, bilimdar adamlaryny ýygnap:

— Işiň bolşy şeýle-şeýle, näme alaç etmeli, siz bu işde maslahat beriň — diýip, olardan maslahat sorapdyr.

Her kim bildiginden maslahat beripdir. Ahyry Soltanyň bir garry miraby:

— Soltan, meniň bir maslahatym bar. Olary suwdan gysyp, bogazlaryny guratmak gerek. Şol wagt gyzyň özi ylgap seniň huzuryňa geler. Jeýhunyň şolaryň üstünden gidýän sakasynyň gaçylap, berk bent etmeli — diýip, maslahat tapypdyr.

Bu maslahat Soltanyň ýüregine jüňk bolup, ony makul bilip:

— Derýanyň sakasyny nähili ýollar bilen baglamaly? — diýip, maslahat sorapdyr.

Ýene-de bilimdaryň biri:

---

[30] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 772$^{(f)}$-nji bukja.

— Ullakan-ullakan humlary ýasap, bişirmek gerek, olaryň içini hem gumdan dolduryp, şolary goýmak bilen bentlemek bolar — diýipdir.

Soltan ähli küýzegärleri Jeýhunyň boýuna sürüp, uly humlary ýasamaga höküm edipdir. Ähli küýzeçileri, humçylary sürüp, şol humlary bişirmegi buýrupdyr. Bişirlen humlar, küýzeler taýýar bolupdyr. Derýa böwet basyp, beklemäge başlapdyr. Şeýdip, Jeýhunyň Köneürgenç patyşalygyna gidýän sakasyny baglapdyr. Hatda, bir damja-da syzmaz ýaly edipdirler.

Köneürgenç patyşalygyna baka bir damja suw akmandan soň, ýurtda guraklyk bolup, ilat gul-gula turuzmaga başlapdyr.

— Bu zatlaryň hemmesi biziň patyşamyzdan. Näme, gyzyny ondan gowa berjekmişmi? Gyzyny bermän, ýurdy suwsuz goýdy, milleti gyrgyna getirdi — diýip, galmagal turzup ugrapdyrlar.

Ýurt patyşasy hem näderini bilmän, ýüregi sal üstünde bolup, ahyry gyzymy Soltan Sanjara beräýsem diýen pikire gelen.

Şol wagt Törebeg hanym:

— Siz maňa kyrk sany gulanly baýtal tapyp beriň, men öz çärämi özüm göreýin. Garaz, siziň ýurduňyza suw getireýin — diýipdir.

— Geregiň baýtal bolsun! — diýip, dessine muňa kyrk sany gulanly baýtaly tapyp beripdirler.

Törebeg hanym kyrk gulanly baýtaly alyp ugrapdyr. Birinji menzilde bir taýy daňyp, onuň enesini alyp gidip, ikinji menzilde daňypdyr. Onuň ýanynda ikinji taýy goýup, ol taýyň enesini hem üçünji menzilde daňypdyr. Şeýlelik bilen, kyrk baýtaly öz taýyndan azaşdyryp, olary otuz dokuz menzile bölüp, kyrkynjy baýtaly münüp, özi Soltanyň ýanyna barypdyr. Baryp görse, Jeýhun şeýle bir mäkäm baglanypmyş, nem

syzanokmyş. Törebeg hanym hoň ýaly ýerde baýtalynyň başyny çekip:

— Salawmaleýkim, Soltan Sanjar aga! — diýip gygyrypdyr.

Soltan Sanjar bendiň başynda duran ýerinde:

— Aleýkim-essalam, Törebeg hanym, hoş gelipsiňiz, sapa gelipsiňiz, düşüberiň — diýipdir.

— Düşenim ýagşy welin, aşakda ilat suwsuz gyrlyp barýar. Seniň bu näme etdigiň boldy? Hany, bendi aç — diýipdir.

Onda Soltan Sanjar:

— Bu zatlaryň hemmesi seni getirmek üçin edildi — diýen.

Törebeg hanym:

— Meni getirmek üçin eden bolsaň, ine, men öz aýagym bilen geldim. Soltanym, siz bendiňizi tizräk açyň, aşakda ilat gyrlyp barýar — diýip ýene-de gaýtalapdyr.

Soltan:

— Hany, onda ulagyňyzdan ýere düşüp geliň, bir görüşeli — diýipdir.

Törebeg hanym:

— Meniň düşmegim kyn däl, düşmesem-de, şu baýtal bilen siziň öňüňizden gaçyp gutulyp bilmen. Ýöne men ulagdan düşmän, Soltana bendi açdyraýyn diýip il-günümiň öňünde şert etdim. Meniň şol şertim köýüp gitmesin! Ulagymyň üstündekäm bendi ýazdyranyňy göreýin, soň meniň düşmegim kyn däl — diýipdir.

Soltan bendi saklap oturanlara baka:

— Ak daşy ýyk, Gara daşy ýyk — diýip gygyrypdyr. Soltanyň peri heleýinden bolan oglunyň ady Ak, baýry heleýinden bolan oglunyň ady hem Gara ekeni. «Akdaşaýak», «Garadaşaýak» galalary hem şolardan galanmyş. Daşlar

ýykylandan soň, ozal hem temme alyp duran böwet pöwhüldäp gidipdir. Böwediň yňdyralanyny görenden soň, Törebeg hanym baýtalynyň başyna yzyna öwrüp, Köneürgenç patyşalygyna baka depäýipdir.

Soltan hem atyna atlanyp, yzyndan kowup ugrapdyr. Emma Soltan atyna atlanynça, Törebeg hanym arany ep-esli açypdyr. Her niçik-de bolsa, Soltan kowupdyr. Törebeg hanym iň soňky daňan taýynyň ýanyna baryp, enesini goýberip, onuň ýanynda duran demgir baýtala atlanyp gaçmaga başlapdyr. Baýtal janaweriň taýy yzynda galan soň, ol aýagynda baryny edip çapýarmyş, taýyna ýetjek bolýarmyş. Soltanyň aty bolsa kowa-kowa halys bolupdyr. Birnäçe menzil kowandan soň, Soltan gyzyň yzyndan ýetip bilmejegini bilip:

— Baraý, gyz — diýip, galypdyr. «Baraýgyz» galasynyň ady hem şondan galypdyr diýýärler.

* * *

Baragyz galasynyň galyndylary Lebap welaýatynyň Garaşsyzlyk etrabynyň Boýnyuzyn obasynda ýerleşýär.

# TÖREBEG HANYMYŇ GALASY[31]

Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Maly-dünýäsi köp, hökmi zor patyşanyň dünýäde armany ýok eken. Keýpi-sapada, toýdur-şagalaňda bolup ellä ýetenini bilmändir. Görse, bu dünýäden biperzent ötüp barýar. Patyşa öwlüýälere ýykyldy, keramatly ýerlere zyýarat etdi. Alladan perzent diledi.

Ahyry patyşanyň nalyşy kabul boldy. Kiçi aýaly hamyla bolup, dokuz aý, dokuz gün diýende bir aý dek gyzy dünýä indi. Patyşa ogly bolan dek, çar tarapa toý çakylygyny iberdi. Kyrk gün toý berdi. Baý diýme, garyp diýme dürli tagamlary orta dökdi. Kyrk bagşyny kyrk ýerde goýup, dessan aýtdyrdy. «Gyzyň ogul ýerinde bolsun, töre ýerinde otursyn» diýip, adyny Törebeg goýdular.

Patyşa gaýtadan çar tarapa atly iberip, eneke ýygnady. Ýedi yklymy, ýetmiş iki dili bilýän messan kempir dek bir garryny baş eneke etdi. Çarbagly, çar howuzly bagyň içinde Törebeg üçin köşk saldyrdy. Törebeg zeminde ylym bolsa öwrendi, porhanlyk, jadygöýlük, edep-terbiýe, saz, garaz, Törebeg aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi bar akylly, dana gyz bolup ýetişdi. Saýlama leşgerbaşylar, hokgabazlar, çaparmanlar, atarmanlar harby tilsimi öwretdiler.

---

[31] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: S. Illiýew. Daşoguz welaýatynyň Akdepe etraby. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. 1986-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 15-i.

Terbiýeden, harby düzgünden başga zady görmedik gyz kem-kemden tekepbir bolupdyr.

Gün yzyndan gün geçipdir. Äre çykaýyn diýse tagtda oturan patyşa, patyşa ýigit gerek. Bu jelagaýda onuň ýaly patyşa ýigit ýokmuş. Wezir-wekiller, dana gojalar: «Patyşa gyza patyşa hünärli ýigit bolsa-da bolýar» diýipdirler. Törebeg gurra taşladyp, pal atdyrypdyr. Ynsaplysy:

— Eý patyşaýym, bize görünýän alamat müjerretlik. Siz bu dünýäde ýeke ötüp, o dünýäde jübüt bolarsyňyz — diýipdir.

Kim şeýle diýse, kellesi bilen hoşlaşypdyr. Görseler, patyşa gyz dogry aýdany o dünýä ugradypdyr. Olaryň galany:

— Patyşaýym, ýigit saýlajak bolsaň jar çekdir. Mimar men diýeni ýygnansyn. Kim oňat köşk salyp berse, şoňa bar — diýipdirler.

Törebeg:

— Dogry aýtdyňyz. Dädem maňa bir köşk salyp berdi, çar howuzly. Goý, maňa är boljak mimar kyrk howuzly, kyrk eýwanly köşk salyp bersin. Daş-töweregi gyşy-ýazy gül öwsüp durýan bolsun — diýipdir.

Törebegiň şertini çar tarapa ýaýradypdyrlar. Alla tarapyn, patyşalygyndan, Törebegiň tekepbirliginden ätiýaç eden ýigitler gyzyň şertini bitirmäge döwtalap bolmandyrlar.

... Törebegiň patyşalyk sürýän ýurdunyň çetinde bir mimar bar eken. Bu mimar ýigidiň eli gül eken. Onuň salan galalary, köşkleri, minaralary gün bilen çakyşyp, şöhle saçýarmyş. Şol ýigit bir güni «Ýa, Alla!» diýip, Törebegiň ýanyna barypdyr. Görse, syrdam endamly ýigit. Törebeg:

— Sal köşgüňi, göreli. Göwnüme ýarasa bararyn, ýaramasa kelläň alnar — diýipdir.

Mimar ussalar bilen bir ymarat bina edipdir. Diwarly, perdozly, nagyşlary ýylanyň agzyndan çykan ýalymyş.

Törebeg ymaraty synlap «bolanok» diýenmiş. Ýigit ýene bir ymarat salypdyr, içinde saz eşidilip duranmyş. Törebeg muňa hem «bolanok» diýenmiş. Mimar ýigit ahyry üçünji ymaraty başlapdyr. Laýyny süýde ýugrup, otda bişirip bir köşk salanmyş. Muny görenem, görmedigem armandamyş. Ýigit köşgüň gupbasyny oturdyp, Törebegi çagyrypdyr. Törebeg köşgi görüp, haýran galypdyr. Köşk janly ýalymyş, dürli öwsüp, şöhle saçyp duran ymarat gözüň ýagyny iýip, özüne çekip barýarmyş. Törebeg:

— Sen ýeňdiň. Indi men seniňki. Ýöne iň soňky şertimi heniz aýdamokdym. Şony aýdaýyn. Sen öz salan peşdegiň üstünden bök. Aman galsaň, patyşalyk bilen seniňki — diýipdir.

Ýüregi hyjuwly ýigit «Ýa, Alla!» diýip, ýokardan özüni taşlapdyr. Alla tarapyn, ýigit ölmän, çala jan ýagdaýda titräp ýatypdyr. Birnäçe gün geçipdir. Ýurduň bilimdanlarynyň biri bu ahwala çydaman, Törebeg hanymyň dergähine barypdyr. Ol Törebege ýüzlenip:

— Ol bende göz-gülban bolup titräp ýatyr. Patyşam, ýanyna bar-da: «Men özümi saňa bagyşladym» diýip, üç ýola aýt. Şeýtmeseň ol janyny tabşyrmaz-da titrär ýatar — diýipdir.

Törebeg ýaşululary aýdyşy ýaly edipdir. Ýigidiň ýanyna baryp, gulagyna: «Men özümi saňa bagyşladym» diýipdir. Mimar ýigit şondan soň jan beripdir. Ony tutuş ýurt hormat bilen bina eden ymaratynyň aşagynda jaýlapdyrlar. Ýigidiň gapdalynda Törebeg üçin ýer goýupdyrlar. Möwriti dolanda Törebeg hak jaýyna gowşupdyr. Ony mimar ýigidiň gapdalynda jaýlapdyrlar.

# AMUL[32]

Amul şäheriniň bir patyşasy bolupdyr. Emma Amulyň adamlary gapdalyndan akyp geçýän Jeýhunyň suwundan peýdalanyp bilmez ekenler. Bu şäherde hemmä belli bir ökde mergen ýaşaýar eken. Onuň käri hemişe çöl-beýewana çykyp, aw awlamak eken. Bir gün ol bir keýigiň iki sany owlagyny tutup, baglap goýupdyr-da, Amul şäherine ýola düşüpdir. Ene keýik hem mergeniň yzyndan galmandyr. Keýik Allatagala nalyş edip ýalbarypdyr. Şonda hezreti Aly häzir bolup, mergene keýikleri goýbermegi, öwezine özüni alyp gitmegi teklip edipdir.

Mergen hezreti Alyny getirip, patyşa ýüz tylla satypdyr. Patyşa hezreti Ala Jeýhunyň suwuny gaýtarmagy buýrupdyr. Hezreti Aly permany kabul edipdir. Ol zülpikar gylyjy bilen Garadagyň daşlaryny kesip, derýanyň öňüne böwet basmaga durupdyr. Wagty gelende, derýa böwet basylyp, suw yzyna gaýtarylypdyr.

Ine, şonda hezreti Aly Garadagdan dört sany aryk akdyryp, Amula suw getiripdir. Amula bolsa şol dört arygyň ady «Çar juý», ýagny «Çärjew» dakylypdyr. Çärjew bu Türkmenabat şäheriniň köne adydyr.

---

[32] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: Gylyç Alybekow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-i. Ýazyp alan: K. Osmanow.

* * *

Amul Amyderýanyň orta akymynda ýerleşen gadymy şäheriň galyndylarydyr. Gadymy ady Amul, Diwanabagdyr. XVI asyrdan soňra taryhy çeşmelerde «Çarjuý galasy» görnüşinde duş gelýär. Babyr şa 1497-1498-nji ýylyň wakalaryny beýan edende «Çarjuý» gaýyk geçelgesini ýatlapdyr.

# AÝAZGALA[33]

Gadym zamanda Köneürgenç patyşalygynda bir patyşa bar eken, özi hem adyllykda bir gyly iki ýarar eken. Günlerde bir gün patyşa pikir edip otyrka, öz öňüňde: «Ynsanyň, haýwanyň, guşuň erbedini nädip tanamak bolar?» diýen soragy goýupdyr. Şol bada-da: «Hä, tapdym, adamyň erbedi garyp, malyň erbedi gatyr, guşuň erbedi bolsa alahekek bolar» diýip, pikirini jemläp oturyberipdir. Patyşa hemme ilatyny ýygnap:

— Meniň üç sany soragym bar, şony kim bilse, özüme wezir edip aljak — diýipdir.

Onda märeke:

— Aýt-da, aýt! — bolşupdyr.

Patyşa:

— Adamyň, malyň, guşuň erbedini on günüň içinde maňa aýdyp bermeli — diýipdir.

Onda märekäniň içinden üç sany adam:

— Patyşam, rugsat bolsa, biz bir synanyşsak — diýipdirler.

Patyşa:

— Bolýar, rugsatdyr, bilip geliň — diýipdir.

---

[33] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1182[(f)]-nji bukjasy. Aýdan: B. Nazarow. Garagalpagystan. Dörtgül etraby. Emirabat obasy. Ýazyp alan: Ş. Gandymow., M. Öwezgeldiýew., A. Baýmyradow. 1971-nji ýylyň Baýdak-Nowruz aýlary.

Ondan soň ýaňky üç adam patyşanyň ýumşuny bitirmek üçin ýola rowana bolupdyr. Bulara ýolda bir gotur düýe sataşypdyr. Olar:

— Hä, malyň şundan ýamany bolmaz, bize Hudaý berdi, geliň muny tutalyň — diýip, ony tutup, özleri bilen alyp gidiberipdirler.

Ýene-de gidip barýarkalar, bularyň öňünden çypar köse adam çykypdyr. Bular:

— Hä, adamyň hem şundan aýylganjy bolmaz, muny hem bize Alla berdi — diýip, ony-da özleri bilen alyp gidiberipdirler.

Ýene-de gidip barýarkalar, bularyň öňünden bir ganaty döwük garga çykypdyr. Bular:

— Şundan erbet guş bolmaz, indi patyşanyň üç sany soragynyň üçüsi hem miýesser boldy — diýip, bu gargany hem özleri bilen alyp, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Bular yzyna öwrülip gelýärkä, bularyň öňünden bir guýy çykýar. Bular şu guýynyň başynda otyrkalar, ýanyna bir çopan gelýär. Bu çopan bular bilen saglyk-amanlyk soraşyp:

— Ýeri, ugur haýyr bolsun, bu ýerde näme işleýärsiňiz? — diýip sorapdyr.

Onda ol üç adam:

— Bizi patyşa şunuň ýaly iş bilen iberdi. Ine biz bolsak şulary tapdyk, şulardan erbet adam, mal, guş bolmaz — diýipdirler.

Oňa çenli çopanyň goýunlary hem guýa suwa inipdir. Çopan:

— Örän ýagşy, siz patyşanyň adamlary ekeniňiz, siz arkaýyn oturyň, men goýun soýup, size söwüş edeýin — diýip, ýaňky çopan bir goýny soýup, nahar taýýar edipdir.

Çopan bulara nahar, çaý berip bolandan soň:

— Bu alyp barýan zadyňyzdan patyşanyň isleýän zady bolmaz, bulary goýberiň, men size patyşanyň isleýän zatlaryny salgy bereýin, ýöne siz meniň adymy oňa aýtmaň — diýipdir.

— Ýok, biz seniň adyňy aýtmarys, ýöne sen bize patyşanyň soragynyň jogabyny aýdyp berseň bolýar — diýipdirler.

Çopan:

— Adamyň erbedi garyp bolar, malyň erbedi gatyr bolar, guşuň erbedi alahekek bolar diýip aýtsaňyz, patyşa kanagatlanar — diýipdir.

Bular begenip, çopandan bu zatlaryň erbet bolýandygynyň sebäbini hem soraman, patyşanyň ýanyna ugranlar. Bular bärden baryp:

— Patyşam, siziň soraglaryňyzyň jogabyny tapdyk — diýipdirler.

Onda patyşa:

—Hany, onda aýdyň, adamyň erbedi haýsy bolar? — diýip sorapdyr.

Onda olar:

— Patyşam, adamyň erbedi garyp bolar — diýenler.

Patyşa onuň sebäbini sorapdyr weli, olar aýdyp bilmändirler. Patyşa syr duýdurman:

— Bolýar, haýwanyň erbedi haýsy bolar? — diýip soraýar.

Bular:

— Haýwanyň erbedi gatyr bolar — diýip, jogap berýärler.

Patyşa munuň hem sebäbini sorapdyr, emma olar jogap berip bilmändirler. Patyşa ýene-de syr duýdurman:

— Onda guşuň erbedi haýsy bolar? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Patyşam, guşuň erbedi alahekek bolar — diýipdirler.

Patyşa munuň hem sebäbini soranmyş, emma olar sebäbini aýdyp bilmänmişler. «Be, bular meniň soraglarymyň jogabyny bildiler. Emma sebäplerini aýdyp bilmediler. Elbetde, bulara bir akyldar adam öwreden bolmaga çemeli, gel, men bulary sykajaga salaýyn» diýip, patyşa içinden oýlanan. Soňra:

— Ýagşy ýigitler, size bu zatlary kim öwretdi? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Patyşam, biziň özümiz bilýäris — diýipdirler.

Patyşa:

— Ýok, size biri öwredipdir, şuny size kim öwreden bolsa, şony alyp geliň — diýip, olaryň ýanlaryna bir ýasawul hem goşupdyr.

.... Bular hälki çopanyň ýanyna baryp:

— Seni patyşa çagyrýar — diýip, özleri bilen alyp gaýtjak bolupdyrlar.

Onda çopan:

— How, adamlar, men bir çopan adam, men kişiniň malyny taşlap gidip bilmerin ahyry, ýörüň, mallary eýesine tabşyralyň, ondan soň gideli — diýenmiş.

Şondan soň bular mallary sürüp, eltip eýesine tabşyranlar. Bular çopany patyşanyň dergähine eltipdirler. Patyşa:

— Ýeri, ýagşy ýigit, seniň adyň näme, näme kär edýärsiň? — diýipdir.

Çopan:

— Meniň adym Aýaz, kärim bolsa çopançylyk — diýipdir.

Patyşa:

— Aýaz han, adamyň erbedi garyp, malyň erbedi gatyr, guşuň erbedi alahekek diýip, bulara sen öwretdiňmi? — diýipdir.

Onda Aýaz çopan:

— Hawa, özüm-ä bir zatlar aýdypdym, ýöne, meniň aýdanymy aýtmaň diýip tabşyrypdym — diýipdir.

Patyşa:

— Onuň zyýany ýok, ýöne sen ýaňky zatlaryň erbetdiginiň sebäbini aýdyp ber — diýipdir.

Onda Aýaz:

— Garybyň erbediniň sebäbi, onuň maly zekatsyz, başy pitresiz, hiç kime zat bermeýär, dünýäden göwnüçökgün bolýar, şonuň üçin adamyň erbedi garyp bolýar. Malyň ýamanynyň gatyr bolýandygynyň sebäbi-de, ol owal gargyş siňen haýwandyr, özünden hem hiç wagt tohum ýaýramaýar, onuň üçin bolsa gatyr iň erbet mal bolýar. Guşuň erbedi bolsa alahekek bolýar, çünki ol janawar agzyndan guzlaýar — diýip, patyşanyň soraglarynyň jogabyny pert-pert berenmiş.

Patyşa:

— Aýaz han, hemme aýdanlaryň dogry, çykar çarygyňy — diýip, oňa gowy geýimler geýdirip, patyşalyk jygasyny berip, özüne wezir edenmişin. Şondan soň Aýazyň ady Aýaz han bolupdyr.

Patyşa-da bir gün ölýär. Aýaz hany bolsa onuň ýerine patyşa edenmişler. Aýaz han özi üçin uly gala hem köşk saldyrypdyr. Ol bu şäheri bag-bossanlyga büräp, abadan şäher edenmiş. Aýaz han köşgüne çarygyny alyp, ony hemmä görnüp durar ýaly bir ýerden asyp goýanmyş.

Günlerde bir gün Aýaz hanyň bir zada gahary gelmäge başlaýar weli, onuň gözi birden öz çarygyna düşüp: «Haý-haý, Aýaz han, çarygyňa bakarak bol! Düýn sen-de bir goýun çopanydyň, bu günki gün patyşa boldum diýip, tumşugyňy al-asmana tutýaň» diýip, öz-özüne töwella edip, pälinden gaýdanmyşyn.

Aýaz hanyň şol saldyran galasy mongollaryň çozuşyndan soň dargapdyr.

* * *

Aýazgala gadymy Köneürgenç patyşalygynyň çäginde ýerleşen gadymy türkmen galalarynyň biridir.

## BEŞIRGALA[34]

Gadymy zamanlarda uly bir köşk bolupdyr. Onuň çar tarapyndan galany goramak üçin suw händegi gazylypdyr. Gala bir ýerden girelge edilip, oňa köpri gurlupdyr. Ol köpri düzülip, bozulyp bilýän eken. Gala halky girende-çykanda köprüni gurupdyrlar, başga wagt köpri aýrylyp goýulýan eken.

... Günlerde bir gün bu köşgi basyp almak üçin basybalyjjylar çozanmyş. Şonda şeýle bir aýylganç, gandöküşikli jeňler bolupdyr. Jeset-jesede kaklyşyp, daş-töwerek gara gan bolupdyr. Men-men diýen ýigitler gala üçin janyny orta goýupdyr. Iki tarapdan hem köp esgerler pida bolupdyr. Adam gany suw dek akyp, gala hendegini dolduryp, daşyp-daşyp akypdyr.

Söweşde basybalyjjylar üstün çykypdyr. Olar köşgi ýumrup, ol ýerde ýumurtga togalabermeli edipdirler. Soňra küde-küde bolup ýatan jesetleri ýygnap, palçyga garyp, jeset galasyny gurupdyrlar. Emma jeset galasynyň ady bäş sany goç ýigidiň mertligi hakdaky rowaýat bilen dilden-dile geçipdir. Galanyň çar tarapynda jaýlanan ýigitleriň hatyrasyna ol «Beşir gala» diýlip atlandyrylypdyr.

---

[34] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Ýazyp alan: G. Döwletowa. Oba ýaşulularynyň dilinden ýazylyp alnypdyr.

«Bäş şir» diýlip atlandyrylan ýigitler: Bilal, Mälik Aždar, Mollamyrat, Däneajy, Halykbabadyr.

* * *

Başga bir rowaýata görä, «Bäş şir» diýlip atlandyrylan ýigitler şulardyr: Hojajeňbaz, Hojasagdan, Ýylanlybaba, Hojaaýgyr, Bilalbaba.

* * *

Beşirgalanyň galyndylary Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynda ýerleşýär. Bu gala belli dini wagyzçy ymam Ahtamyň neberelerinden bolan Beşiriň ady bilen baglanyşyklydyr. Ol Kuteýba tarapyndan Buhara töwereginde öldürilipdir.

# MARGYZ[35]

Bu gün şalaryň şasynyňkyda uly dabara. Kernaýdyr, surnaýlaryň owazy uzaklara ýaýrap, şäher adamlaryny toý dabarasyna çagyrýardy. Köşgüň öňündäki märeke meýdanyna dumly-duşdan adamlar bosuşyp gelýärdiler.

Şunuň ýaly ýerde aýdyşlary ýaly, kyrk gulakly toý gazanlarynyň onlarçasy bygyr-bygyr gaýnapdyr. Otuz iki içegäň agzyny birden açdyrýan datly tagamlaryň ysyndan ýaňa garyp-gasarlaryň başy-gözi aýlanyp gider eken. Jarçynyň:

— Aha-haw, jemagat, eşitdim-eşitmedim diýmäň-haw! Şu gün älem şalarynyň şasy mirasdar şazadanyň toýuny edýändir-le-haw! Patyşaýy älem barça raýatyny gün kibi görkli, Dessan ogly Rüstem deýin batyr şazadamyzyň toýuna çagyrýandyr-la-haw! Şalyk nahardan garnyny doýrup, toý bolsun eden musulman aýlawa sary barybermelidir-le-haw! Haý, öňüne tüweleý geçirmedik bedewleri görjek kişi aýlawa barsyn-haw! — diýýän sesi metjitleriň, hüjreleriň üstünden ýaňlanypdyr.

Onlarça adam patyşanyň sypaýylarynyň öňüni arçap, dar köçeden ýyldyrym ýaly süýnüp gelýän leşgerleriň atlarynyň aýagynyň astyna düşüp, at çapyşygyny görmek miýesser etmän amanadyny tabşyrypdyr.

---

[35] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda saklanýan 71$^{(f)}$-nji bukja.

Aýlawyň ilkinji bäş tapgyry hemmeler üçin deň, aty bolan barybermeli eken. Aty çykanlara patyşanyň gaznasyndan gymmatbaha don bilen haly serpaý berilipdir. Bäşinji tapgyrdan soň jarçynyň sesi has haýbatly çykypdyr:

— Aha-haw, jemagat! Indi atlar ula goýberiljekdir-le-haw! Aty çykanyň sylag-serpaýy çeper halyçy zenanlaryň üç ýyl, üç aý, üç günde dokan nepis halysydyr-la-haw! Şonuň üçin merhemetli patyşa baýragy ilkinji gelene berjekdir-le-haw!

Bu habary eşiden agyr märeke tolgunyp gidipdir. Arassa ýüňdür ýüpekden dokalan ajap halydan hiç kimiň gözüňi aýrasy gelmezmiş. Ýöne şazadanyň ýüwrük aty bilen atyny goşmaga hiç kimiň bogny ysmandyr.

Şol wagt mähelläniň arasynda gara silkme telpekli adamlaryň bir topary peýda bolupdyr. Olar özleriniň ýesir düşen dogan-garyndaşlaryny halas etmäge gelen türkmen ýigitleri eken. Atlylaryň biri jarçynyň golaýyna baryp, onuň gulagyna bir zatlar aýdypdyr. Soňra jarçy:

— Aha-haw, adamlar! Patyşaýy älemiň dabarasyna ine, indi ýarym ýyl bäri agzybirlikde ýaşap ýören goňşularymyz bolan türkmenlerem öz ýüwrük bedewleri bilen gelendir-le-haw! Olar uly ýaryşa bedewlerini goýbermekden ötri, ýaryşyň şertini üýtgetmegi towakga edýärler-le-haw! Eger olaryň aty iň bolmanda ikinji bolup gelse, patyşaýy älem öz emri bilen, olaryň zyndanda ýatan bendilerini boşatmaly. Dagy-duwara myhmanlaryň aty galyp ýa-da aýlawdan çyksa, myhmanlar özleriniň ajap ýurtlaryna pyýada gaýtmaly bolarlar-la-haw! — diýipdir.

Toý mähellesi bu habary eşidip, gopgun-gowga çümüp durşuna razydygyny mälim edip, her kim tomaşa etmäge amatly ýer gözläpdir.

Patyşanyň oturan çadyrynda munuň ýaly teklibe garaşmansoňlar ör-gökden gelip byzbydaklaşypdyrlar. Baş wezir bolsa hasam gazaba münüp:

— Ýöne oňa düşündiriň, şazadadan öňe düşüji bolaýmasyn — diýip gygyrypdyr.

Olaryň şertini gulagyna aýdanlaryndan hälki ýigit baş atyp, özüniňkileriň ýanyna barypdyr.

Çapyksuwarlar on aýlaw etmeli eken. Juwan ýigit türkmen donuny, ädigini çykarypdyr. Onuň egninde bolsa gözüň ýagyny iýip barýan gyzyl reňkli köýnegi bar eken.

Bu tapgyra ýigrimi atly gatnaşypdyr. Ilki atlary goşubilmän köp kösenipdirler. Şazadanyň tohum aty bilen türkmeniň aty beýlekileriňkiden mese-mälim saýlanypdyr.

Ahyry ak ýaglyk galgap gidenmiş. Gyzyl köýnekli çapyksuwaryň bir özi öňe okdurylypdyr. Ondan özgeler atlarynyň başyny çekip saklapdyrlar. Olara buýruk şeýle eken. Patyşanyň wezir-wekilleri ätiýaç üçin mekirlige ýüz urup, şeýle al salypdyrlar. Şeýtsek, türkmeniň aty ýadar, şazadanyň yzyna eýermez diýip umyt edipdirler. Şeýle oýun bilen «Patyşaýy älemi ýylgyrdyp bolmazmyka?» diýen tamalaram bar eken.

Myhman ýigit ýyldyrym mysaly süýnüp, bir gezek aýlanyp gelipdir. Ol özüniň aldawa düşenini bilenmiş. Ýöne aljyraman, atynyň gaňryşyna gaýdyp saklajagam bolman, bir gezek aýlanyp gelipdir-de, beýlekilere goşulypdyr. Ine, ýene ýaglyk galganmyş. Bu gezek atlylaryň ýigrimisem peýkam bolup öne atylypdyr.

Atyna ynamy bolansoň, şazada jylawy gowşadyp, şobada beýlekilerden saýlanypdyr.

Bäşinji öwrümden soň atlar bir sapaga düzülen ýaly bolupdyr. Myhman atyny hemmesiniň yzyndan çapypdyr, ol atyny zordan saklapdyr. Bedew ömründe ilkinji gezek eýesine düşünmän närazy bolup, silkine-silkine öne dyzapdyr.

Birden mähelläniň ortasyndan gara silkme ýokaryk zyňylypdyr. Juwan ýigit atynyň jylawyny gowşadyp goýberipdir. Bedew bolsa dogumyna bäs gelip bilmän, kellesini keýerdip, ýeke-ýekeden beýleki atlaryň deňinden geçipdir.

Iň soňky aýlaw gelip ýetipdir. Indi ondan öňde diňe şazadanyň aty görünýärdi. Onuň atynyň ýadaw harryldysam eşidilipmiş. Aralyk bolsa sähelçemiş. «Aldy-da aldy, haý, aldyň-da, haý, galdyň» bolup, joş urýan märekä bir ümsümlik aralaşypdyr. Şazada dergazap bolup, gamçy görmedik bedewe jüp gamçyny ýelmäberipdir, ýelmäberipdir. Emma atynyň aýak urşy barha gowşap, toýnak urşy haýallapdyr. Atyň özem asgynlaýanyny aňyp, güýjüni jemläp, öňe, öňe dyzapdyr. Şazada deňinden wazlap geçip barýan gyzyl köýnekli ýigidi görüp, gahar bilen ony gamçysy bilen urupdyr. Şondan soň gyzyl köýnekli ýigit badyny gaýra alyp, yza galmak bilen bolupdyr. Şazadanyň aty öňi açylansoň, özünde bar-ýok gaýratyny jemläp, pellehana ilkinji bolup gelipdir. Şazadanyň uran gamçysyna kellesi gyzyp, tas ähli umytlaryny puja çykaraňkyrlan ýigidi özüne getiripdir. Mähelläniň galmagaly asmana göterilip, dünýäni tutarly görnüpdir. Howsala düşen beýemçiler galan çapyşyklary erteki bir güne goýup, şowhuna gark bolan märekäniň öňünde bendileri gandaldan boşadypdyrlar. Gije bolsa köşkde patyşanyň diwanynda uly maslahat bolupdyr. Patyşa dergazap bolup:

— Olar iň ýüwrük bedewlerini bize görkezenoklar — diýipdir.

Onda baş wezir:

— Howwa, howwa, rast aýdýaňyz patyşaýy älem, olar tohum atlary, baýtallary Garagumuň içine gaçyryp alyp gidýärler — diýip, ýetişip bildiginden meçew beripdir.

Wekilleriň biri bolsa:

— Bir bölek alamançy türkmen iň gowy aty ýetişdirmegiň syryny bilýär-de, Gündogaryň iň uly döwleti olaryň çäresini tapyp bilenok — diýip, patyşanyň oduny ölçerip goýberipdir.

Saýlama leşger iberip, şäherlerinde ýumurtga togalabermeli edip, serdarlaryny, iň gowy atlary bilen seýislerinem getirip, patyşaýy älemiň öňünde «Lepbeý aga» diýip durar ýaly etmeli diýen karara gelipdirler.

Haý diýmän, şazadanyň ümmülmez, sülsat leşgeri gowy atlaryň gözlegine çykypdyr.

Ýöreý-ýöreý ahyr bir galanyň golaýyna gelenlerinde şazada ysgyndan düşen esgerlerine dem-dynç almaga ygtyýar berip, goş ýazdyrmagy buýrup, şol görünýän gala çapar ýollapdyr. Ol:

— Aksakgallara aýdyň, eger bize ýatar ýaly ýer, atymyza iým berseler, ýekeje kel toklusynam olja etmän, azar bermän gitjekdiris — diýip tabşyrypdyr.

Çapar gelip ähli sargydy gala emeldarlaryna ýetiripdir. Gala emeldarlary şazadanyň beren soragyna bir adam ýaly bolup:

— Ýok, biz ýylky sürüsini saklaýan adamlaryň nirede mekan tutandygyny bilemizok, biz daýhan adamlar, olar bilen hiç hili gatnaşygymyz ýok — diýen jogaby beripdirler.

Şazada piriminiň paşmadygyna dergazap bolupdyr. Ol çadyrynyň içinde ters öwrülip durka, bir adamyň ony görmekçi bolýanyny habar beripdirler. Çadyra gelen adam özüniň seýisleriň ýaşaýan galasyny bilýändigini, görkezip biljekdigini aýdypdyr. Begenjinden ähli ýadawlygy, gahar-gazaby gaçan şazada oturan ýerinden söýgüli müňbaşçysyna:

— Müňbaşy, muňa at beriň! Bejit atlanalyň! — diýip gygyrypdyr.

Olar geýimlerini çykaryp, silkme telpek, gyrmyzy don geýip, tümlüge siňip gidipdirler. Gide-gide olar bir gala ýetipdirler. Olar ullakan derwezäniň öňünde atdan düşüpdirler. Olary galadaky köşge eltipdirler. Bu köşk şol galanyň häkiminiň köşgi eken.

— Men belent mertebeli şazadanyň çapary — diýip, sada geýim geýen şazada matlabyny aýdyp başlapdyr.

— Şazada leşgeri bilen şu töwerekde düşledi. Siziň tohum bedewleriňiziň sürüsi barmyş. Belent mertebeli şazada siziň öňüňizde ýalňyz şert goýýar: «Ýa siz elli bedew, elli baýtaly ýanynyň seýisleri bilen şazadanyň ygtyýaryna berýäňiz, ýogsa-da ýurduňyzda ýumurtga togalabermeli ediler». Erte daň bilen habaryny ýetirersiňiz — diýip, şazada ýerinden turup gidipdir.

Şol wagt şazada jaýyň garaňky töründen söýgi ataşyndan, alawly goşa gara göz intizar bolup garaýar eken. Ol häkimiň gyzy eken.

Ertesi şazada leşgerini sürüp, gala golaý gelip ýetipdir. Görseler, bu gala üstlerine abanyp dur. Şazadanyň leşgerleri gala dyrmaşmaga synanyşypdyrlar, ýöne galanyň töweregine barar ýaly dälmiş. Gözsüz batyrlaryň gala çykmak synanyşyklary puç bolup, golaýladyklary maňlaýlaryna daş degip, aşak gaýdypdyr. Gala adamlary onlarça gezek şeýdip duşmanlardan gorapdyr. Şazada bolsa gala golaý gelip, özüniň barha ýumşaýan şertini beýan edip ugrapdyr. Ýokardan bolsa her gezek kinaýaly gülki eşidilipdir. Şazada galanyň töweregini halkalaýyn gabap, olary aç-suwsuz gyrmagyň kül-külüne düşüpdir.

Ine, bir gün gabaw halys ýüreklerine düşüp, sabyr käseleri dolan leşgerler, galadan garny telär ýaly bolup çişen öküzçäniň çykyp gelýändigini görüpdirler. Içleri eljuk diýip duran leşgerler derrew öküzçäni soýup, läşini kaklapdyrlar. Ýöne

öküzçäniň garnynyň galladan doludygyny görüp, olar haýran galypdyrlar.

Galanyň häkimi galada azyk-suwluk gutaransoň, hemişeki hilesine ýüz urupdyr. Iň soňky öküzçäni, iň soňky bugdaýdan doýrup, gijäniň garaňkysynda kowup goýberipdirler. Şu hile hemişe şowly bolupdyr. Duşman mydama galada entek-entek tetärikleri egsilerli däl öýdýän diýip, gabaw halkasyny aýyrar eken.

Bu gelen leşger bu gezegem şu hilä ynanypdyr. Leşgerler:

— Eger mallaryna galla berýän bolsalar, olara gudraty güýçli hemaýat berýändir — diýip, gowga göteripdirler.

Şazada gabawy aýyrmaly diýen karara gelipdir. Şazada iň soňky gezek gala golaý gelip, ätiýaçdan haýbat atypdyr. Şol kinaýaly gülki owazlaryny eşidip, yzyna gaýtmakçy bolan wagty aýagynyň aşagyna, «guýrugyna» kagyz gysdyrylan peýkam oky düşüpdir. Hatda şeýle sözler ýazylypdyr: «*Şazada, gabawyňy aýyrma, bizde bir owuntygam çörek galmady. Çagalardyr garrylar ölüp başladylar. Emeldarlar näme bolsa-da, ertir aşak düşmegi müwessa bildiler*». Hatyň aşagynda «*Seni söýýän gyz*» diýen sözler bar eken.

Şazada derrew täze buýrugyny leşgerine ýetiripdir. Daňdanyň ümüş-tamyşynda galadaky birnäçe ýigitler garawullary öldürip, ses-sedasyz çöle garşy geçip gidipdirler.

Ir bilen şazadanyň esgerleri örän elhenç wakanyň şaýady bolupdyrlar. Galadan ysgyndan düşen, geýimleri sal-sal garrylar, aýallar, çagalar bosuşyp gelýär eken. Şazada ýigitleriň aryny çagalardan çykarmak kararyna gelip, aýagy ýöreýän erkek göbeklini gylyçdan geçirmek isläpdir. Emma şazada biraz wagt saklanyp:

— Bize hat ýollan kimkä? — diýip soranda, märekäniň arasyndan gala häkiminiň owadan gyzy saýlanyp:

— Men şol, mertebeli şazada! Men seni hol köşgümize çapar bolup geleniňde söýüpdim — diýipdir.

Gyzyň bu sözlerine onuň kowumdaşlar-a däl, ýagy bolup gelen esgerlerem haýran galypdyr.

Gyz bolsa:

— Meniň hökümdarym, meniň saňa bolan söýgüm üçin ömrümi kül etmäge razy. Gyrnagyň bolmaga razy — diýip, şazadanyň aýagyna ýykylypdyr.

Mirasdüşer şazada emirleri bilen maslahatlaşandan soň şeýle hököm çykaryp:

— Hormatly häkim, biz size agyr jeza berdik. Öňki ýurduňyza baryp işli işiňiz bilen boluberiň. Saňa bolsa gyz, biz ynha şuny aýtjak, enesine, atasyna, kowumdaşlaryna, goý, ol söýgüniň hatyrasy üçin bolsa bolsun, ikilik eden dönügiň adamlaryň arasynda ýaşamaga haky ýokdur. Eşege mündüriňde çöle kowuň betbagty. Eger ölmese, belki, bir wagt adamlar munuň günäsini öterler — diýipdir.

Şondan soň bu gala «Margyz» galasy diýipdirler.

## GYZLAR GALASY[36]

Köne zamanda bir emeldar bolup, onuň hem bir owadan gyzy bar eken. Gyzyň atasy Arçabilden bärde, dag üstünde bir gala saldyryp, şol ýerde döwran sürüpdir. Gyzy ýetişipdir. Ol gyz üçin gelýän sawçylaryň yzy üzülmändir. Bir begzada ol gyzy aljak bolup, ençeme gezek sawçy iberipdir. Gyzyň atasy onuň sawçylaryndan ýadap, Arçabiliň gutaran ýerinde bir berk gala saldyryp, oňa «Gyzlar galasy» adyny dakypdyr. Onuň bu galdyran Gyzlar galasy dagdan gelýän serçeşmeden suw alypdyr.

Begzada ýene sawçy iberipdir. Sawçylara kesgitli gaýtawul berlipdir. Begzada gyzyň talabynda leşger toplap, bu gala ýöriş edýär. Agyr leşger hernäçe çozuş etseler hem galany boýun egdirmek başartmandyr. Bir gezek gyz gala depesinden aşak seredipdir. Gözi begzada düşüp, onuň syrdam boýuny, pälwanlygyny görüp, magşuk bolupdyr. Ol gyz soňky gezek bir ýaý okuna hat daňyp aşak atyp goýberipdir.

Leşgerler haty begzada getirip beripdirler. Begzada haty açyp okapdyr. Hatda: «*Siz eger ýüz ýyllap bizi gabap ýatsaňyz hem gala sarsmaz. Eý begzada, sen şu serçeşmäni aýaklap git! Soňra suwuň başynda bir halta samany akdyryp goýbergin.*

---

[36] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557(f)-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak obasy. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

*Eger şol saman akyp gelip nirede aýlanyp başlasa, şol ýeri gömdürgin. Bize suw şol ýerden gelýändir. Patyşanyň gyzy*» diýlipdir.

Hatda aýdylyşy ýaly edipdirler. Begzada galany suwsuz goýupdyr. Atasy duşmandan aman sorapdyr. Soňra gyzyny bermäge razy bolupdyr. Emma begzada gyzy dergähine çagyrdyp ondan:

— Eý gyz, seni ata-eneň nädip bakdy? — diýip sorapdyr.

Onda ol gyz:

— Atam meni käkiligiň döşi, sary ýag, ýumurtga bilen bakdy — diýip, jogap beripdir.

Onda ol begzada:

— Sen ata-eneňe wepa bermediň, bize hem wepadar bolmarsyň — diýip, ony almandyr. Şondan soň Gyzlar galasyndan adamlar göçüp gidipdirler.

* * *

Gyzlar galasynyň galyndylary Aşgabat şäheriniň Arçabil etrabynda ýerleşipdir.

## ŞASENEM GALASY[37]

Gadym zamanlarda özüniň hökümini dürli usullar bilen ýöreden rehimsiz patyşa bolupdyr. Onuň lakamyna Garahan patyşa diýer ekenler. Garahan patyşanyň höküm sürýän şalygynda tertip-düzgün örän dürs bolupdyr. Eger-de, bardy-geldi bir raýat ogurlyk edip, birinji gezek tutulsa barmaklaryny, ikinji gezek ele salynsa elini keser ekenler. Hut şular ýaly jezalary göz öňünde tutup, il-gün oňa «Garahan» diýen lakamy beripdirler.

Garahan patyşanyň otuz aýaly bolupdyr, emma olaryň hiç haýsyndan zürýat bolmandyr. Ol bu ýagdaýa örän hapa bolupdyr. Ol perzent diläp, köp ahy-nalalar edip, mynajatlar okapdyr. Ol patyşa bagtymy synap göreýin diýip, ýene-de bir gezek öýlenipdir. Aýdan aý, günden gün geçip, patyşanyň soňky alan aýaly hamyla bolupdyr. Wagty, güni, sagady dolup, onuň bir gyzy bolupdyr.

... Şa bolsa, ol wagt awda ekeni. Ol awdan dolanyp gelende, birehim Garahan patyşanyň ýanyna «Gyzyň boldy, buşluk» diýip, buşlap barmaga adam tapylmandyr. Ahyry bir sada, pähimli ýigit kellesini etegine salyp, bu garamaty öz

---

[37] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921(f)-nji bukja. Aýdan: B. Ataýewa. Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etraby. Ýazyp alan: B. Gurbanowa.

üstüne alypdyr. Ol patyşanyň ýanyna tagzym edip, hormat-sylaglar bilen barypdyr. Ol dana ýigit:

— Şahy-älem, men bir hoş habar bilen geldim. Eger bir çemçe ganymy geçseňiz aýan edeýin — diýip ýüzlenipdir.

Garahan patyşa onuň nähili günä işleri eden hem bolsa bagyşlajakdygyny aýdanda, ol:

— Siziň bir gyz perzendiňiz boldy — diýip diýmänkä patyşa:

— Ogul perzendiň boldy diýip gelen bolsadyň agramyňa barabar altyn-zer bererdim. Şeýle-de bolsa çäre ýok, ynha, buşlugyňa — diýip, bir goşawuç altyny dana ýigide buşluk haky hökmünde sowgat beripdir.

Şol günüň özünde Garahan ykbalyndan razy bolup, üç gije-gündizläp aýdym-saz aýtdyryp, altyn gabak atdyryp, at çapdyryp, toý-meýlisler gurapdyr. Ol aksakgallaryň geňeşi bilen gyzyna Senem diýip at goýupdyr.

Emma rehimsiz patyşa gyz perzendiniň bolanyna gynanjyny daşyna çykarmasa-da, köňlünde: «Gyzdan yzyma mirasdar bolma ýok, her näme-de bolsa bu dünýäde yzymyň ýitmezliginiň aladasyny edeýin, ýaşymam ahyrlap barýar!» diýip, gije-gündiz içini hümledip gezip ýörüpdir.

Günlerde bir gün Garahan şa üç-dört sany özüniň wepadar serkerdelerini ýanyna çagyryp, uly maslahat edipdir. Ol:

— Meniň ogul zürýatsyz ötüp barýanymy özüňiz gowy bilýärsiňiz. Hut şonuň üçin hem sizden yzymyň ýitmezligi, döwletiň dargamazlygy üçin näme etmeli? — diýip, olardan maslahat sorapdyr.

Serkerdeleriň biri:

— Sen ilerki çölüň içinden heniz at-owazasy eşidilmedik bir gala saldyrsaň, şol gala hem seniň adyňy daksak, şan-

şöhratyň ençe ýyllaryň dowamynda ýitmez — diýip maslahat beripdir.

Garahan patyşa biraz içini hümledip oýlanyp oturypdyrda:

— Ýedi ýaşyndan tä ýetmiş ýaşyna çenli bolan raýatlar galanyň gurluşygyna gatnaşmaly — diýip, maslahaty makul tapyp höküm edipdir.

Patyşanyň ur diýseň gözüni çykarýan serkerdeleri şol günüň özünden başlap, raýatlary çöle tarap sürüp ugrapdyrlar. Adamlar bolsa Garahan patyşanyň näme niýetiniň bardygyna birbada düşünmändirler. Ilki jykyr gurup, soňra ýap gazdyryp çöl ýere suw eltipdirler.

... Birnäçe aýlaryň geçmegi bilen adamlar çölde gala guruljagyny bilip galypdyrlar. Patyşa «Seniň edýäniň telek» diýmäge bir adamyň hem dili barmandyr. Çuňlugy dokuz-on adam boýuna ýetýän ýap gazmak adamlara örän hupbatly bolupdyr. Nätjek, özge alajyň ýok. Çöl ýere suw eltilenden soň raýatlaryň güni öňküden-de agyrlaşypdyr. Galany salmaga ökde ussalar berkidilipdir. Agyr iş, üstesine-de hor-homsy durmuş raýatlaryň başlaryny aşak egdiripdir. Emma Garahanyň bir diýenini iki gezek gaýtalatmaýan guduzlan itlere dönen serkerdeleri ýarawsyzlary pagsanyň arasyna goýup, olaryň gözleriniň oduny alypdyrlar, galanyň belentligi bolsa alasmana howalanyp ugrapdyr. Gepiň gerdişine görä, nalaly, göz görkezilip gurulýan galanyň boýy iki ýylda bitipdir. Emma raýatlaryň gargyşyndanmy ýa-da göz görkezilen zerarlymy, garaz gala gurlup bolan badyna sözüni gögertmegi başaran Garahan patyşa aradan çykypdyr.

Ýagşylyk ýüzüni görmedik il-gün haý diýmän, ýaňy on sekiz ýaşyna gadam uran hanyň ýalňyz gyz perzendi Senemi şa edip saýlaýarlar. Senem atasy ýaly rehimsiz bolmandyr, eýsem ol atyny ýeke çapman, il-günüň aladasy bilen karar tapypdyr.

Ol gyz kyn günlerde gurlan galanyň töweregini bagy-bossanlyga, gülzarlyga öwrüpdir. Hor, galla açlaryna elinden gelen kömegini beripdir, her bir işde ýedi ölçäp bir kesipdir. Atasynyň aýallaryny garyndaşlaryna we hossarlaryna gaýtaryp goýberipdir. Bu galanyň at-owazasy, gözüň ak ýagyny iýip barýan owadanlygy ýedi yklymy haýran galdyrypdyr. Şa gyzy Senem jan bolsa, myhmanparaz, arz bilen gelenleriň maňlaýlaryny daşa degirtmändir, her bir işde adalatlydygyny, rehimlidigini görkezipdir.

Dura-bara, ýedi ýoluň üstünde gurlan galanyň ilaty artyp, göçüp gelýänleriň sany-sajagy bolmandyr. Çölüň içinde owadan ýurt emele gelipdir. Il-halk bu gala «Şa gyzy Senemiň galasy» diýip, at beripdirler. Galanyň gelim-gidimi kem-kemden köpelipdir. Goňşy ýurtlar bilen kerwenli söwda gatnawy artýar, ilat bolsa arabalaryny arkaýyn tigirläp bilipdir.

Günlerde bir gün, gybat gözläp ýören şugulçylaryň biri goňşy ýurduň şasyna şa gyzy Senemi tilki guýruk bolup ýamanlaýar. Ol:

— Ol şa gyzy seni äsgermeýär, temegini ýokary tutup, dürli ýerlerden adamlary göçürip, özüne çekýär, pylan-pismidan edýär — diýip, şanyň ýüregini agyrdýar.

Ol patyşa şeýle naçar şa gyzynyň bardygyny ilkinji gezek gulaklary bilen eşidipdir, ýüzüne ölüniň reňki urupdyr. Şeýle agzybir, gözel ýurtda naçaryň şalyk sürüp oturyşyna ynamsyzlyk edipdir. Şonuň üçin hem ol şa gyzyny gözi bilen görmek höwesine düşüpdir. Ol köne-küşül geýimleri geýip, birnäçe adamlary bilen uzak ýola sapara düşýär. Derwüş sypatyna giren şa we onuň egindeşleri Senemiň galasyna ýetip, aýak basýarlar. Olary ýurduň endigine görä hezzet-hormat bilen garşy alýarlar. Agzybirligine, myhmanparazlygyna, halkyna, gözel gyzlaryna goňşy ýurduň şasy içinden guwanýar.

Duýdansyz, Senem gyza gözi eglenende bolsa, oňa jan-dilden aşyk bolup, ýuwdunyp galypdyr.

Birnäçe gün geçenden soňra, Senem şa bu gelenleri kabul edip, näme niýet bilen gelendiklerini soraýar. Emma niýetleri düzüw däl «derwüş» myhmanlar ýurtlara syýahat edýändiklerini aýdýarlar. Soňra ýaman niýetlerini aňdyrmajak bolşup, Senemden rugsat soraýarlar. Senem üstleri sal-sal geýimli bolanlary üçin, hor-homsy biçärelerdir öýdüp, her birine bir laý geýim, bir goşawuç altyny sowgat berýär. Derwüşsypat şa bolsa ýoldaşlaryny alyp, ýola rowana bolýar.

Olar ýurda dolanyp gelenlerinden soňra, iň söze ussat, başarjaň adamlary saýlap alyp, gyz üçin gudaçylyga iberýär.

Gepiň keltesi, sawçylar gelip, habarlaryny aýdýarlar. Eger ýagşy niýet bilen razy bolmasa, soňunyň gowulyga eltmejegini, gan ysynyň gelýändigini dil ujyndan duýdurýarlar.

Şa gyzy Senem jan parasatlylyk bilen ýeser, ýedi derýanyň suwuny içen sawçylara şeýle jogaby beripdir:

— Däliden dogry habar, maňa öz ýurdumda garamatyma eýelik eder ýaly ýigit ýitipmi? Onsoňam ata-babamyzdan: «Ýat ýurduň şasyndan, öz ilimiň gedaýy ýagşy» diýen pähim bar. Goý, siziň şaňyz elinden gelenini etsin, asmany ýere çeksin — diýip, özüni giňlige salypdyr.

Şa gyzy Senem ol şanyň dek ýatmajakdygyny bilipdir. Derrew, has geň ýeri hem, gara bulut ýaly bolup, goňşy ýurduň şasy tarapyndan gelen goşunyň yzy görnüp ugrapdyr. Iki goşun garpyşyp, galanyň töwereginde aldym-berdimli söweşler bolupdyr. Şa leşgeriniň aldyrany bar ýaly bolup gelse-de, iki-üç gün geçenden soň, gaýa ýaly galany alyp bilmejekdiklerine gözleri ýetipdir. Gün-günden adam sany azalyp, leşgeriň aýagy ýer tutman ugrapdyr. Senem leşgerine galanyň içine çekilmäge buýruk beripdir.

... Muňa laplary keç bolup ugran şanyň leşgeri Senemiň goşuny ýeňlip gaçyp başlandyr öýdüp düşünipdirler. Şanyň leşgeri gala golaýlanlarynda, Senem bakyp goýan mes öküzlerini duşmana garşy goýberipdir. Beýle zadyň ýüz berjegini bilmedik duşmanlar öküz goşunynyň öňünde tap getirip bilmändir. Öküzler duşmany parçalapdyr. Galanyň ilaty bolsa Senemiň näme üçin öküzleri bakdyryp goýanyny şondan soňra bilip galypdyrlar. Basa-baslykdan peýdalanyp, Senemiň leşgeri galan duşmany derbi-dagyn edýär.

Ýeňişden soňra Senem uly ýeňiş meýlisini tutupdyr.

... Bir gün Senem süýji ukuda ýatyrka, düýşünde Jebraýyl pygamber gelip şeýle diýipdir: «Sen çöle, awa şikare çyk, şol ýerde bagtyňa taý geljek ýigidi taparsyň».

Ertesi Senem nökerlerini alyp, awa çykypdyr. Birdenkä, onuň öňünden keýik çykyp bökjekläpdir. Senem ok-ýaý bilen näçe atsa-da, keýige degmändir. Keýigi ine aldym, şindi aldym diýip kowalap gelşine bir çopan goşunyň golaýynda saklanypdyr. Şol ýerde keýik owadan ýigit keşbine öwrülipdir, oňa gözi düşen Senem ýigide, ýigit bolsa gyza aşyk bolýar. Senem ol çopan ýigit bilen galasyna dolanyp gelip, ýedi gije-gündiz toý tutupdyrlar. Soňra ajal gelip ýetinçä, şady-horramlykda ýurdy bile dolandyrypdyrlar.

* * *

Şasenem galasy Daşoguz welaýatynyň Was töwereginde XII-XIII asyrlarda düýbi tutulan gala bolup, onuň gadymy ady näbellidir.

## ŞIRIN-PERHAT GALASY[38]

Daşyndan haýbatly görünýän bu galany Perhat atly başyna bagt guşy gonmadyk bir şazada ýigit guranmyşyn. Şazada Perhat dünýäni seýr etmegi halar ekeni. Bir gezek onuň ýoly Köneürgenç patyşalygynyň üstünden düşýär. Şazadany köneürgençliler gowy garşylapdyrlar. Şonda ol şanyň gyzy Şirine gözi düşüp, oňa jan-dilden aşyk bolýar. Ol atasynyň ýurduna dolanyp gelip, Şirin üçin sawçy iberipdir.

... Sawçylaryň gelmegi Köneürgenç şasynyň otly köýnek geýmegine sebäp bolupdyr. Gyzyny Perhada bermegi islemedik patyşa «ýok» diýen jogaby bermekden çekinip, ýedi derýanyň suwuny içen bir jadygöý kempirden maslahat sorapdyr. Jadygöý kempir Göroglynyň Gyratyny ogurlan, adamy suwsuz äkidip, suwsuz getirýän hilegär eken. Ol şany diňläp, jady-tilsimi işledip, şeýle diýipdir:

— Hökümi zor şahym, Garagum çöllük ýer. Şazada Perhat Garagumuň ortarasynda gara daşdan gala galdyrsyn. Möhletini özüň belle. Onda ne altyn bar, ne kümüş bar. Garagumda gala ertekilerde salnandyr. Perhat galany salyp bilmez.

Kempiriň maslahaty şanyň ýüregine jaý bolanmyş. Ýigidi çagyryp:

---

[38] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 318[(f)], 742[(f)], 911[(e)], 7921[(f)]-nji bukjalar.

— Pylan wagtda, pylan sagatda Garagumuň ortarasynda gara daşdan gala dikle, dikleseň gyz seniňki, diklemeseň başyň ölümli, malyň talaňly — diýipdir.

Şeýlelikde, şazada Perhat uzak ýerlerdäki daglardan, derelerden daşlary göterip gelip, galany galdyrmaga başlanmyş. Şa görse gala galyp barýarmyş.

... Gala şu gün, erte biter diýlende, Perhadyň hereketlerinden habarly patyşa ýene-de şol jadygöý kempiri köşge çagyryp ondan maslahat soranmyş. Jadygöý kempir patyşanyň bellän sähetli gününde dokuz ýüz müň taýy, guzyny, owlagy, göläni soýmaklygy maslahat beripdir. Galan garamaty ol öz üstüne alypdyr.

Şazada Perhat galany gurup, bellenilen wagtda patyşanyň huzuryna ugrapdyr. Şol wagt, ýolda gelýärkä Perhadyň gulagyna Köneürgenç tarapyndan uly zenzele, ahy-nala eşidilipdir. Ol sesler jadygöý kempiriň buýrugy bilen soýlan ýaş mallara çydamadyk ene mallaryň çykarýan owazlary ekeni.

Şirin üçin diwana bolan Perhat kempire duşup:

— Bu nämäniň ahy-nalasy? — diýen sowalyna, hilegär kempir:

— Häzir, şa gyzy Şirin wepat boldy, bütin Köneürgenç ilaty Şiriniň ýasyny tutýar. Bu şonuň ahy-nalasy, matamy — diýip, jogap beripdir.

Magşugynyň ölümi hakyndaky habary içine sygdyryp bilmedik şazada Şirinsiz bu dünýäniň ýaşaýşyny islemändir. Ol gala üçin niýetläp goýan bir uly daşy al-asmana zyňypdyr. Daş asmandan gaýdyp gelip, şazadanyň başyny çym-pytrak edipdir.

... Şa gyzy Şirin hem Perhady jan-dilden söýen eken. Ol hile bilen aşygyny öldürendiklerini eşidenden gaýgy-gama batyp, täze gurlan gala tarap çykyp gidýär. Ol Garagum çölünde, Perhadyň mazaryna gowşup, zer çaýylan hanjary kükregine urup, şol ýerde heläk bolupdyr.

Häzirki Nalaçbaba gyryndaky gümmezli ymarat, şol Perhadyň galdyran galasynyň galyndylarymyş. Türkmenleriň Perhat-Şirin hakyndaky ýene bir rowaýat şeýle döränmiş.

* * *

Şirin-Perhat galasynyň galyndylary Daşoguz welaýatynyň Nalaçbaba atly gyrynda ýerleşýär.



**Gadymy Merwdäki Uly Gyzgala.**

## KYRKGYZ GALASY[39]

Gadym eýýamda tozgunçylykly söweşler häli-şindi bolup durupdyr. Şol döwürde Mary uly gala ekeni. Günlerde bir gün Mara ýagy çozupdyr. Maryny gapyllykda basan basybalyjylar ýurda talaň salypdyrlar.

Basybalyjylaryň hany welaýatdaky iň owadan kyrk gyzy ýanyna getirmegi buýrupdyr. Agtaryp-agtaryp iň ajaýyp gyzlaryň kyrkysyny köşge getiripdirler. Ol döwürde gyzyň razyçylygy bolmasa güýç bilen gyz alynmandyr. Han kyrk gyzy ýekeme-ýeke çagyryp, özüne durmuşa çykmagy talap edipdir.

Emma ýekeje gyz-da muňa razy bolmandyr. Muňa dergazap bolan han kyrk gyzy bir ýere gabap, daşyna hiç hili çykalgasyz beýik gala salmagy buýrupdyr.

... Buýruk ýerine ýetirilipdir welin, galanyň içindäki agynyň sesinden ýaňa gyzlaryň gözýaşy diwarlary deşip, şondan hem syzyp aşak akyp gaýdanmyşyn. Muňa haýran bolan han şol gün leşgerini yzyna tirkäp, öz iline gidenmişin.

Ine, şol galadan häzir hem suw damyp durmuş. Damyp duran suwa «Kyrk gyzyň gözýaşy», gala bolsa «Kyrkgyz gala» diýipdirler.

---

39 Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921(f)-nji bukja. Aýdan: N. Käsimow. Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Daýhan daýhan birleşigi. Ýazyp alan: R. Gylyjow.

* * *

Kyrkgyz galasynyň galyndylary Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynda ýerleşýär.

# GYZGALA, ÝIGITGALA[40]

Gadym döwürlerde bir kuwwatly döwletiň patyşasy ölüpdir. Ol patyşanyň döwleti, mal-mülki ýeke-täk ýalňyz gyzyna miras galypdyr. Günler, aýlar, ýyllar geçip ol gyz kämillik ýaşyna ýetipdir. Gyza men-men diýen tekepbir hanlaryň ogullaryndan, begzadalardan, dürli memleketleriň şazadalardan sawçylar gelipdir. Gelýän sawçylaryň yzy üzülmändir.

Ahyry gyz akyldar enekelerine, wezir-wekillerine geňeş salypdyr:

— Çar tarapdan sawçy geldi. Biri özüme aşyk, beýlekisi mal-dünýäme aşyk. Siz köpi gören adamlar. Dädemiň ýoldaşlary, men size maslahat salman kime maslahat salaýyn. Aýdyň, men haýsy patyşanyň ogluna durmuşa çykaýyn? — diýip sorapdyr.

Wezir-wekilleridir enekeler maslahatlaşyp şeýle diýipdirler:

— Patyşa gyzy, siz il adamy. Siziň durmuşa çykýan ýigidiňiz akylly, başarjaň, edermen hem-de ökde hünärli bolmalydyr. Ertir sähetli gün. Olaryň öňünde iki şert goý. «Kim bir günüň dowamynda altyn çaýylan gala salsa we dana hereket edip, meýdan merdi bolsa, şoňa durmuşa çykjak» diý.

---

[40] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1317^(f), 557^(f)-nji bukjalar.

Bularyň maslahaty gyza ýarapdyr. Ertesi jar çekdirip, şertini sawçylara mälim edipdir.

Aşyk ýigitler gyzyň ikinji şertini ýerine ýetiripdirler. Men-men diýen ýigitler meýdana çykyp ýaryşypdyrlar. Naýzabazlyk, gylyçbazlyk edipdirler. Köşgüň depesindäki almany atyp, ökde mergendigini görkezipdirler. Emma bir günde altyn çaýylan galany salyp bilen adam tapylmandyr.

Aýlar, ýyllar geçipdir. Gyz şertini üýtgedip, ýigit bilen deň derejede gala saljakdygyny aýdypdyr.

... Bir garyp ýigit bar eken. Ol gyza çyn aşyk eken. Ýigit bir ýerde, gyz hem ondan ara açyk ýerde gala salmaga başlapdyrlar. Ykbal işi, gyz galany bitirip barýarka gün ýaşypdyr. Gyzyň muňa gaty gahary gelipdir. Ýigit gyzdan ýeňilendigini namys edip, salyp gutarmadyk galasyndan özüni taşlap, hak jaýyna gowşupdyr.

Gyz hem çydaman:

— Şertimi hiç kim ýerine ýetirip bilmedi — diýip, özüni akar derýa oklapdyr.

Adamlar gyzyň salyp gutaryberen galasyna «Gyzgala», ýigidiň salyp ýetişmedik galasyna bolsa «Ýigitgala» diýipdirler.

* * *

Bu gala Lebap welaýatynyň Garaşsyzlyk etrabynda ýerleşýär. Şeýle atly galalar Ahal welaýatynyň Ruhabat we Mary welaýatynyň Baýramaly etraplarynda bardyr.

## AŞYKLAR GALASY[41]

Gadym zamanlarda, iki sany ýaş juwan Mejnun bilen Leýliniň, Perhat bilen Şiriniň yşga düşüşi kimin, biri-biriniň aşyk-magşugy ekeni.

Yşga her kim her hili düşünýär. Günlerde bir gün aşyk-magşuklaryň pynhan syry ata-enelerine aýan bolupdyr. Aşyk ýigidiň ata-enesi barjamly, magşugyň ata-enesi zordan gününi görýän pukara eken. Bular aşyk-magşuga garşy çykyp, duşuşdyrmajak, didarlaşdyrmajak bolupdyrlar. Aşyk-magşuklar bolsa «Deň etmän, duş etmez» diýlişi ýaly, terbiýesiz önüp-ösen ekenler. Olar hetden aşyp, ile göz-gülban bolupdyrlar. Aşyk-magşuklykdan ötüşip, wejara bolan iki juwana ata-enesi: «Hudaý jan, utanç-haýany taşlan bu iki sergezdana her kim bir daş atyp, saňsar bolup öläýedi-dä» diýip gargapdyrlar. Ata-enäniň gargyşy ýerde ýatmazmyş. Alla tarapyn, bir güni küren obanyň adamlary wejara bolup duran aşyk-magşugy daşlanmyşlar.

Şeýdip, iki tümmek emele gelenmiş. Tümmekleriň ýanynda salnan gala «Aşyklar galasy» diýipdirler. «Aşyk bol, çygyrdan çykma» diýen söz şondan galypdyr.

---

[41] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 1317(f), 557(f)-nji bukjalar. Ýazyp alan: M. Çaryýewa. Mary welaýatynyň Mary etraby.

* * *

Aşyklar galasynyň galyndylary Mary welaýatynda ýerleşýär.

## AÝNABAT[42]

Gadymy Durunyň Isgender han atly patyşasy bar eken. Onuň ýeke gyzy bolanmyş. Ol Aýnabat atly ýeke dikrary üçin käriz boýunda Erem bagy mysaly çarbagly bag ekdirip, içinde belent köşk saldyrypdyr. Ol bagyň içinden bir ýap akar ekeni. Şol çarbagly köşge hem suwuň ýetýän ýerindäki meýdana gyzynyň ady dakylypdyr. «Aýnabat» ady şondan galan. Häzir hem şol at bilen atlandyrylýar.

* * *

Aýnabat galasynyň galyndylary Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda ýerleşýär. Baharlyda bir obanyň ady Aýnabatdyr.

---

[42] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 865[(f)]-nji bukja. Aýdan: Aýly Gul ogly. Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Durun obasy. Ýazyp alan: A. Gurdow. 1950-nji ýyl.

## ŞÄHRIYSLAM WE ŞÄHRI HAÝBAR GALASY[43]

Bir gezek Şähriyslam galasynyň hany Şähri Haýbar hanynyň gyzyna öz ogly üçin gudaçylyga gelipdir. Haýbar şäheriniň hany bolsa Şähriyslam galasynyň hanyna ýeriň aşagyndan beýikligi takmynan otuz-kyrk gez bolan bişen kerpiçlerden Haýbar şäherine çenli ötük ýasap, şol ötük bilen suw deregine süýt akdyrmagy talap edýär.

Şähriyslam galasynyň hany bu öňde goýlan şerti ýerine ýetiripdir hem-de Haýbar şäheriniň hanynyň gyzyna ogluny öýlendiripdir.

* * *

Şähriyslam we Şähri Haýbar Ahal welaýatynda ýerleşýär. Şähri Haýbar Gökdepe galasynyň töwereklerinde bolupdyr.

---

[43] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920(f)-nji bukja. Ýazyp alan: T. Bekjäýew. Balkan welaýatynyň Garrygala etraby.

## ŞÄHRI HAÝBAR GALASY[44]

Şähri Haýbar galasy uly hem-de örän owadan eken. Onuň sekiz girelgesi, sekiz sany kaşaň derwezesi bolup, gala adamlary örän baý ýaşapdyrlar. Bu galanyň içinde dünýäniň ýedi künjegine gidilýän ýerasty çykalgalary bolupdyr.

Bir gezek galanyň üstüne duşman çozupdyr. Sekiz derwezeden giren duşman çaga-çuga diýmän, gala halkynyň göze ilenini gyrypdyr. Alla tarapyn, şol wagtda galanyň derwezeleri ýapylyp, öz-özünden ýitirim bolupdyr. Galanyň dört künji ýöne diwar bolup durmuş. Diňe bir derweze ýarym açykmyş. Onuň hem gapysynda äpet aždarha, agzyndan ot saçyp, geleni köýdürip durmuş.

Şähri Haýbar galasynyň ilaty dünýäniň ýedi künjüne gidilýän ýerasty çykalgadan çykyp gidipdir. Duşman ýerasty çykalgadan bihabar eken. Olar çar diwaryň arasynda gyrlypdyr.

Wagta çäk ýok. Günlerde bir gün derýa joşup, mazarystana öwrülen Şähri Haýbaryň üçden iki bölegini suw basýar. Galan bir böleginiň derwezesi derýa akyp, ýeri köwlüp galýar. Alla tarapyn, Şähri Haýbaryň içinde käte gijesine ýagty nur peýda bolýarmyş. Adamlar: «Bu heläk bolan şehitleriň ýagty nury» diýýärler. Daş-töwereginde pytrap ýatan

---

[44] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: A. Almazowa. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Garnos obasy. Ýazyp alan: G. Almazowa.

kesekleriň üstündäki bu gala hakdaky rowaýat geçmiş taryhyň buşlukçysy hökmünde dilden-dile geçýär.

* * *

Şähri Haýbaryň galyndylary Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda ýerleşýär. Şeýle atly galalar Ahal welaýatynyň Ruhabat, Gökdepe we Sarahs etraplarynda hem bardyr.

## HYSROWGALA[45]

Hysrow patyşanyň bäş sany ogly hem-de bir gyzy bar ekeni. Ajamyň şasy Hysrow patyşanyň gyzyna söz aýtdyrýar. Emma patyşa gyzyny bermäge razy bolmaýar. Ondan soň ajamly şanyň leşgeri galany gabaýar. Ýöne nähili merdana söweşseler-de, bu gala ýan bererli dälmiş.

Olar: «Galany nädip alyp bolarka?!» diýip durkalar, Hysrow patyşanyň ýeke gyzy bu işi aňsat edýär oturyberýär.

... Hysrow patyşanyň gyzy galanyň üst ganatyna çykyp, duşman leşgerine seredýär. Gözi ajam şazadasyna düşüp, oňa jan-dilden magşuk bolýar. Ol gyz şeýle mazmunda bir haty ýazyp, duşman tarapyna atyp goýberýär:

«*Meni özüňe söýgüli aýal edinseň, saňa şu galany nädip almalydygyny aýdaýyn!*».

Ajam şazadasy razy bolýar.

Gyz ikinji hatynda:

«*Birki halta samany akyp ýatan ýaba goýber. Ol akyp nirede aýlanyp ugrasa, şol ýeri gömdür! Bize şol ýerden suw gelýändir*» diýip ýazýar.

... Şeýlelikde, suw kesilýär. Gala adamlaryny suwsuzlyk derdi basmarlaýar.

---

45 Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: M. Seýitnyýazowa. Ahal welaýatynyň Kaka etraby. Ýazyp alan: G. Geldiýew.

Hysrow patyşa gala adamlarynyň düşen agyr gününe gynanyp, ölümi boýnuna alyp, gala derwezelerini açmaga perman berenmiş.

Ajamly şazada gala girýär, ýöne bir adama hem kast etmeýär. Hysrow patyşany, onuň bäş ogluny we bir ýerlere gaçan gyzyny tapyp getirdýär. Şazada gylyç bilen şa gyzynyň başyny alyp:

— Dünýä inderen atasyna, ak süýt beren enesine, küren iline dönüklik edip, wepa bermedik kyn günde ap-aňsat döner — diýýär.

Şeýlelikde, Hysrow patyşa, ogullary, adamlar bu galany taşlap gidýärler. Gala bolsa wagtyň geçmegi bilen weýran bolsa-da, «Hysrowgala» ady il arasynda galypdyr.

* * *

Hysrowgalanyň galyndylary Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mehinli obasynyň golaýynda ýerleşip, gadymy ady «Apawarktikadyr».

# GALAÝMOR[46]

Häzirki «Galaýmor» diýen harabaçylygyň ýerinde öňler bir belent çar diwarly, uly gala bar ekeni. Şol ýerde rahat durmuşda, abadan galanyň adamlary ýaşapdyr. Ata-babalarymyzyň «Mur hem malahyň gelşi dek»[47] diýişleri ýaly, bu galanyň töwerek-daşynda, öňüňde ot-çöp, janly-jandar goýmaýan gazaply murlar-garynjalar köpelip ugrapdyr. Aý-günüň, ýyllaryň geçmegi bilen olar topar-topar bolupdyrlar. Murlar şeýle bir köpelipdir welin, hatda olaryň toparlaryny sanap ýetişmäge hem mümkinçilik bolmandyr.

Soňabaka murlaryň her toparynyň ululygy adam boýy bilen deňeçerräk bolupmyş. Olardan ýaňa töwerekdäki bagy-bossanlyga hazan ýeli urupdyr, hatda olar beýewandaky, ýerüsti hem ýerasty janly-jandarlary diri sypdyrmandyrlar.

Ahyry olar iýmäge zat tapman, bu gala ýöriş edipdirler. Murlaryň bu ýörişi ýeňiş bilen gutarypdyr. Galada galan adamlar söweşde ejiz gelipdir. Dumly-duşdan bosan garynjalary öldürip gutaryp bilmändirler. Garynjalar bosup, çogup çykyp durmuş. Sanlyja wagtyň geçmegi bilen ýere ýykylan adamlardan nam-nyşan tapylmandyr. Murlar şeýdip,

---

[46] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: M. Genjibegowa. Mary welaýatynyň Serhetabat etraby.

[47] “Mur hem malahyň gelşi dek” — gadymy söz düzümi bolup, ol garynjalaryň hem-de malahlaryň, ýagny çekirtgeleriň belasy esasynda döräpdir.

bu galany eýeläpdirler. Eýelenen gala «Galaýymur», «Galaýmor» ýagny «Mur-garynjalar galasy» adyny alypdyr. Ol gala girmäge, hatda golaý gelmäge ýa-da garşylyk görkezmäge hiç bir ynsanyň ýüregi çatmandyr. Murlar bu galada ençeme ýyllar döwran sürüpdirler.

Ine, günlerde bir gün, olar Hudaýyň gazabyna uçrapdyrlar. Galaýmora, ýagny «Garynjalar galasyna» betbagtçylyk aralaşypdyr. Galaýmoryň üstüne ýiti ýyldyrym çakypdyr. Çelekden dökülen dek ýagmyr ýagyp, sil gelipdir. Sansyz garynja toparlary sile gark bolup, ýitip gidipdir. Şeýdip, bu galada garynjalaryň ýaşaýşy gutarypdyr.

Ýyllar geçipdir, adamlar ýene-de bu galada mesgen tutupdyrlar. Ýöne bu galanyň «Galaýmor» ady rowaýata öwrülipdir.

* * *

Galaýmoryň galyndylary Mary welaýatynyň Serhetabat etrabynda ýerleşýär.

## AKGALA[48]

Gyz oňa göçülen ýurtda sataşdy...

Aglap, gözünden merjen ýaly ýaşlary döküp oturan bu gyz geçip barýan ýigidiň nazaryna ildi. Haly perişan, nowbahar gyzyň deňinden ýigit geçip bilmedi. Sowuldy.

— Eý, gyz, ne beýle ahu-efgan eder sen? — diýip sorady.

— Enem-atam men naçary, şu köne ýurtda taşlap, göçüp rowana bolupdyrlar. Söýenere hossarym, guwanara garyndaşym ýok. Men neýläýin?! — diýdi.

Juwan ýigit:

— Aglama, gözel gyz, men saňa hossar bolaýyn — diýip özelendi.

Naçar gyz bu ýigidiň aýdýan şirin sözleriniň çyndygyny, ýalandygyny bilmek isleýän ýaly, onuň nurana ýüzüne dikanlap seretdi. Sähraýy ýigidiň köňül arzuwyny hiç-hili kir-kimirsiz, hile-alsyz, ýürekden aýdýanyna göz ýetirip, ýerinden galdy, onuň golaý ýanyna geldi. Ýigit bu nätanyş, sährada duşan gyzy atynyň ardyna mündürip, alyp gaýtdy. Galasyna getirip, soňam gyzyň razylygy bilen uly toý tutup, nikalap öýlendi.

---

[48] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Aýdan: A. Allabaýew. Ahal welaýatynyň Kaka etraby. Ýazyp alan: Ş. Gandymow.

Aradan birki aý geçmän gala betbagtçylyk aralaşdy, mallar ýer ýuwdan ýaly gürüm-jürüm bolup başlanmyş. Gala adamlaryna mallarynyň süýeginden nyşan tapmak hem başartmandyr. Ýagdaý çenden çykma boluberensoň, ýurduň şasy ähli akyldarlary, bilimdarlary, hekimleri, müneçjimleri, gurrandazlary köşgüne ýygnapdyr. Bu gelen betbagtçylykly ýagdaýyň sebäbini bilmek üçin maslahat edipdir. Olar kitaba garap, ýyldyz sanap, gumalak atyp, ýurda bir ýowuz ýuwhanyň aralaşandygyny bilipdirler. Ýuwha diýilýäni ýylanlar nesline degişli bolup, aždarhadan hem beterräk mahlukmyşyn. Ýylan kyrk ýyl adam sesini eşitmese, aždarha bolýarmyş, aždarha ýene kyrk ýyl adam sesini eşitmese ýuwdarha bolýarmyş. Ol üç ýüz ýyl gyz sypatynda bolsa perä öwrülýärmiş. Bu ýuwdarha hem peri bolmak tamasy bilen gyz sypatynda ýören eken.

Muny bilmedik şa ýurduň ähli erkek göbeklisini ýygnap:

— Kim-de kim, aýalynyň aslyna doly ýetik bolmasa galsyn, galanlary gaýdybersin — diýýär.

Hälki juwan ýigit galmaly bolýar.

— Ýigit, gelniňi aslyny tanaýarmyň?

— Ýok.

— Nireden, haçan öýlendiň?

Ýigit gelnine sataşandaky wakany gürrüň berýär. Pähimli danalar oňa gije gaflat ukusynda ýatman, gelnini garawullamagy maslahat berýärler.

Emma ol ýigit her gije bihuş bolan ýaly, özüni bilmän uklap galýarmyş. Aýaly her gün agşam ýüzüne tüýkürip, ony ukladyp, çykyp gidýän ekeni. Başa barmansoň, ýigit ýene danalaryň ýanyna maslahata gelýär. Olar oňa uklamaz ýaly garşylyk dogasyny berýärler.

Şondan soň ýigidiň gözüne uky gelmeýär, sebäbi ol ýatmazynyň öňünçäsi danalaryň beren dogasyny içýär. Ol gözüni ýumup, uklan kişi ýaly bolup, gelnini garawullaýar.

Ine-de, birdenkä ýary gije ýigidiň gelni ýylan ýaly süýnüp, ýorganyndan çykýar. Adamsynyň ýüzüne şeýle bir tüýküripdir weli, ýigit dogaly içginiň ýardamy bilen zordan bihuşlykdan saklanypdyr. Soňra gelni bir silkinipdir-de, kündügiň agzyndan girip, suwulgan bolup çykypdyr. Her hili oýunlar edipdir-de, ak ýuwha öwrülipdir. Soň galanyň bir etrabyna tarap ugrapdyr. Ýigit bolsa, onuň yzyndan garaba-gara garawullap gidipdir. Galanyň bir burçunda ýene-de bir gara ýuwha oňa garaşyp duran ekeni. Gara ýuwha ak ýuwha bilen ikisi dogan eken. Iki ýuwha açlyga çydaman dilleşip, ak ýuwha gyz sypatynda ýigide sataşan ekeni. Şondan bäri ak ýuwha her gün agşam il ýatyp, it uklanda, galanyň mallaryndan oňa eltip berýän ekeni...

Ýigit ertesi gelip, patyşa gören ahwalyny birin-birin gürrüň beripdir.

Patyşa bu ýuwhadan dynmagyň maslahatyny edipdir. Ahyry akyldarlar, bilimdarlar, hekimler kitaba garap, kyrk polat işikli zyndan gurmagy, ýuwhany hile bilen şoňa girizmegi karar edýärler. Patyşa bilimdarlaryň aýdyşy ýaly zyndany gurmaga perman berýär.

... Zyndan sanly günde gurulýar. Özem kyrk gulaç ýeriň aşagynda. Barjak bolsaň, kyrk sany polat işikden geçip barmaly. Ýigit hile bilen gelnini ýer aşagyndaky zyndana getirýär. Ony iň soňky işikden içeri salýar-da, özi göz açyp-ýumasy salymda daşary çykyp, çalasynlyk bilen ýigit demir işikleri yzly-yzyna mäkämleýär.

* * *

Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky «Akgala» atlandyrylýan harabalyk şol kyrk polat işikli zyndanyň üstünden salnan galadyr.

## ERKDEPE[49]

Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Isgender Zülkarneýn goşunynyň örän köpdügini görkezmek üçin leşgeriniň her bir nökerine bir torba gumy bir ýere dökmekligi buýrupdyr. Şeýdip belent depe emele gelipmiş. Şondan «Erkdepe» ady galypdyr.

* * *

Käbir rowaýatlara görä, bu berk gala bolupdyr. Bu galanyň alty derwezesi bolupdyr. Halkyň hakydasynda diňe üç sany gala derwezesiniň ady galypdyr. Olar: Mehin derwezesi, Mürçe derwezesi hem-de Ýarwaz derwezesidir.

* * *

Erkdepe Mary hem Ahal welaýatynda ýerleşen galalaryň galyndylarydyr. Marydaky galanyň gadymy ady «Margiana Isgendergalasydyr».

---

[49] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 865[(f)]-nji bukja. Aýdan: Aýly Gul ogly. Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Durun obasy. Ýazyp alan: A. Gurdow. 1950-nji ýyl.

# GYZYLJAGALA[50]

Kimligini anyk aýdyp biljeg-ä däl welin, demi degirmen ýöredýän häkimleriň biri bu ýerde gala saldyrarman bolupdyr. Ussalar, hakyna tutulanlaryň bary bu işe sürülenmiş. Ussalar galanyň haýsy ýerini laýdan galdyrmaly, haýsy ýerini kerpiçden örmeli — her birini peýläpdirler. Kerpiç bişirýän hummuzlar gije-gündiz ýanyp, tüssesiniň yzy kesilmändir. Şol ýerli atly galtamanlaryň biri häkimiň ýanyna gelip, bu gurluşyga özüniň ýardam beresiniň gelýändigini aýdypdyr. Indiki goluna düşjek kerweniň ähli zadyny bu gala gurluşygyna bagyşlajakdygyna söz berenmiş.

Kellekeserlerini yzyna tirkäp galtaman «awa» çykypdyr. Şöwür çekip, birnäçe gün garaşypdyrlar. Ahyrsoňy kerwen ýolunda jaň sesi eşidilipdir. Gözleri gyzaryp, saçlary syh-syh bolan, ýaragy düz galtamanlar kerwene tarap aç böri kimin okdurylanmyşlar. Hä diýmän, oljalanan kerweniň başy gala tarap öwrülipdir.

Galtaman wadasynda tapylyp, kerweniň gylyny gyşartman, häkimiň huzuryna getiripdir. Gözleri jöwherlenen häkim agyr ýükli kerweni görüp, ýyrşaryp:

— Kerweniň ýüki näme? — diýip sorapdyr.

---

[50] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7920[(f)]-nji bukja. Aýdan: A. Allabaýew. Ýazyp alan: G. Geldiýew.

Galtamanlar:

— Barlap görmedik — diýipdirler.

Häkim:

— Barlaň! — diýip buýrupdyr.

Tizden kerweniň ýüküni barlapdyrlar. Ol durşuna boýag bolup çykanmyş. Başga bir gymmatly zatdyr diýip güman eden häkimiň lapy keç bolupdyr. Gaharyna hyzmatkärlerine:

— Kerweniň ähli ýüküni düşüriň, boýaglary kerpiç guýýan ussalar laýa goşsunlar — diýenmiş.

Aýdylyşy ýaly edipdirler, boýag goşulan kerpiçler gyp-gyzyl, birenaýy bolupdyr. Gyzyl kerpiçden örülen diwarlar uzakdan gyzaryp görnüpdir. Galanyň «Gyzyljagala» ady şondan galypdyr diýýärler.

* * *

Gyzyljagalanyň galyndylary Ahal welaýatynyň Kaka etrabynda ýerleşýär. Gadymy ady «ad-Diwab», «al-Hadiddir». Gyzyljagala ady bilen galanyň galyndylary Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda hem bar.

## FARAWA

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Farawa şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Nesa, Dehistan we Horezmiň arasynda ýerleşýän Nesanyň etraby bolan bir şäherçe bolup, ol Nesanyň bir etrabydyr. Bu şäherden birnäçe alymlar çykypdyr. Şäheri Abdylla bin Tahyr halypa Mamunyň hökümdarlyk süren döwründe gurdurypdyr. Oňa “Rabat Farawa”, ýagny “Farawa galasy” hem diýlipdir».

* * *

Farawa – Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Parawbibi obasynyň çäklerinde ýerleşen gadymy şäherçe.

## MERWERRUT

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Merwerrut şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Merwerrut — ot alynýan ak çakmak daşy manysyny berýär. Merwerrut — Merw derýasy diýen manyny berýär. Bu şäher Merwe ýakyn şäherdir. Bu iki şäheriň arasy bäş günlük ýoldur. Merwerrut şäheri uly derýanyň kenarynda ýerleşendigi üçin şeýle at berlipdir. Ol Merw bilen deňeşdireniňde kiçidir».

***

Merwerrut şäheriniň galyndylary Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň Marçak obasynda ýerleşýär.

## DANDANAKAN

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Dandanakan galasy barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Merw Şahyjandan guma tarap on bäş parsah uzaklykda ýerleşen gala. Häzir bu gala harabadyr. Galanyň diwarlaryndan, minarasyndan başga zat galmandyr. Ol Sarahs bilen Merwiň aralygynda ýerleşýär. Men ony gördüm. Şäherden gala diwarlaryndan we şäheriň yzlaryndan özge göze iljek zat ýok. Galanyň üstünden çöl tarapdan ýel öwsüp dur. Şäher harap edilipdir, halaýyk bu ýerden göçüp gidipdir».

## LÖWKER

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Löwker galasy barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Merw derýasynyň ýakasynda Penjdehiň garşysynda ýerleşen uly gala. Löwkere “Berkediz Löwker” hem diýlipdir. Ol derýanyň sag kenaryndadyr. Häzirki wagtda bir minaradan we onuň harabaçylygyndan özge zat galmandyr. Löwker derýanyň gündogar kenarynda, Berkediz günbatar kenarynda ýerleşýär. Onuň harabalygynyň ululygy bu ýerde uly şäheriň bolandygyna delil berýär. Bu ýerden Merwden Hyrada tarap ýol geçýär».

## SARAHS GALASY[51]

Sarahs ýer ýüzündäki ýurtlardan özüniň hoş howasy bilen tapawutlanypdyr. Ony Turan şasy Afrasyýap bina edipdir. Afrasyýap şa parasatly we akyldar bolupdyr. Halaýygyň her bir müşgil işi Afrasyýap şanyň adyllygy bilen çözüler eken. Öňki wagtlarda Sarahsyň adyna “Galaýy Afrasyýap” hem diýipdirler. Ol ýedi derwezeli gala bolupdyr.

Erk galasynyň içinde nagym bolupdyr. Duşmanlar gelip şäheri gaban wagtynda, şol nagyma suw goýberer ekenler. Nagymdan eger atly esger naýzasy bilen atyny çapsa hem arkaýyn ýörär eken. Nagymyň günbatar tarapynda juma metjidi bolupdyr. Onuň giňligi bäş ýüz gez, uzynlygy müň gez eken. Onuň mermer daşyndan örülen sütüni bolupdyr. Sarahsyň derwezesiniň iki tarapynda iki meýdan bolup, ýer ýüzünde deňi-taýy ýok eken.

Çingiz han äleme gorky we pitne salyp gelensoň, Sarahs galasy ýer bilen ýegsan bolupdyr.

---

[51] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557[(f)]-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak obasyndan. Ýazyp alan: K. Osmanow.

* * *

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Sarahs şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Uly we giňişleýin Horasanyň bir gyrasynda ýerleşen gadymy şäher. Ol Merw bilen Nişapuryň arasyndaky ýoluň üstünde ýerleşýär. Sarahsdan Nişapura çenli, Sarahsdan Merwe çenli ikisiniň her biriniň arasynda alty menzillik ýol bardyr. Bu şähere Keý Kowus şanyň zamanynda ýaşan Zuggar Sarahs bin Huzers diýen adamyň ady goýlupdyr. Ol bu ýerde ýaşapdyr, şäheri gurupdyr, häkimlik sürüpdir. Soňra onuň gurluşygyny Isgender Zülkarneýn dowam edipdir we ol bu işi tamamlapdyr. Parslar Keý Kowus şa bu ýeri Sarahs bin Huzerse bölüp beripdir, ol bu şäheri gurupdyr, şähere onuň ady dakylypdyr diýýärler. Sarahs dördünji yklymda ýerleşýär. Şäheriň mes topragy bardyr. Onuň töwerekleri köplenç öri meýdany hökmünde ulanylýar».

## ABYWERT

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Abywert şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Parslaryň taryhy kitaplarynda ýatlanyp geçilişine görä, Keý Kowus şa Horasandan Bawert bin Juderzä ýer bölüp beripdir. Şol ýer Abywertdir. Ol bu ýere öz adyny dakypdyr. Abywert Horasanda Nesa (Nusaý) bilen Sarahsyň aralygynda ýerleşen şäherdir».

* * *

Abywert Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky Peştag galasynyň gadymy adydyr.

## MAŇGYŞLAK

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Maňgyşlak şäheri barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Horezmiň çetinde ýerleşen gala we şäher. Ol Horezmiň, Saksyň we Rusyň serhetlerinde, Jeýhunyň deňze guýýan ýerinde, deňze ýakyn ýerde ýerleşýär. Ol deňiz "Tabarystan" deňzidir».

* * *

Hazar deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen gadymy gala. Bu galanyň gadymy ady X asyrda Banhyşlak bolupdyr.

## HOREZM

Ýakut Hamawy «Kitap mugjam-ul-buldan» («Ýurtlar sözlügi») diýen kitabynda Horezm barada şeýle maglumatlary beripdir:

«Gadym zamanlarda ýaşap geçen patyşalarynyň biri ýurdunyň dört ýüz sany raýatyna gaharlanypdyr. Patyşa olary bu ýerden ýüz parsah uzaklykda bolan dirilik nyşany ýok ýere zyňmaklygy buýrupdyr. Nökerler şeýle ýeriň Käs şäheriniň ornundan başga ýerden tapmandyrlar. Olary şol ýere taşlap, yzlaryna gaýdypdyrlar. Aradan birnäçe wagt geçensoň, patyşanyň ýadyna şol raýatlar düşüpdir. Patyşa olardan habar almagy buýrupdyr. Nökerler gelip görseler, olaryň çatmalary dikendiklerini we balyk tutup iýýändiklerini görüpdirler. Çatmalarynyň töwereginde köp odun basylypdyr. Olardan: “Siziň halyňyz niçik?” diýip sorapdyrlar. Olar: “Biziň iýýän zadymyz balygyň etidir” diýip, balygy görkezipdirler. Olar ýene sözlerini dowam etdirip: “Biz odun ýakyp balyklary bişirýäris, şeýdip nahar edinýäris!” diýipdirler. Nökerler yzlaryna gaýdyp, gören zatlaryny patyşa habar beripdirler. Şondan soň olaryň ýaşaýan ýerleri “Horezm” adyny alypdyr. Horezm dilinde “et” “hor”, “odun” bolsa “rezm” sözüdir. Ilki ol ýere adamlar Horrezm diýipdirler. Soň ýeňilleşdirip bir “r” harpyny aýtmandyrlar. Şeýdip ol ýeriň ady Horezm bolupdyr.

Patyşa şol dört ýüz raýatyna dört ýüz keniz iberipdir. Olara bugdaý, arpa beripdir. Olara ekin ekmekligi buýrupdyr.

… Men Abu Reýhan Biruniniň ýazan “Horezm barada habarlar” atly kitabynda Horezmiň gadym wagtlarda Pil diýlip atlandyrylandygyny okadym».

# TURAN[52]

Gadym zamanlarda Peridun atly bir patyşa bolupdyr. Asman bilen zemin Hudaýy Peridun patyşa üç ogul bagyş edipdir. Peridun patyşanyň ogullary kämillik ýaşlaryna ýetipdirler. Peridun patyşa ogullaryny kethuda etmek isläpdir. Peridun patyşanyň Jezel atly bir weziri bar eken. Peridun patyşa oňa:

— Sen älemiň köp ýerlerini gezensiň. Sen aýt, heý bir ýerde patyşanyň bir ata-eneden bolan üç gyzyna duş geldiňmi?! Eger duş gelen bolsa, men şol gyzlaryň ata-enesi bilen guda bolaryn. Indi sen gözlege çyk — diýip tabşyrypdyr.

Jezel wezir ýola düşüpdir. Ol ýol ugrunda birnäçe şäher, gala, patyşa ýa wezir-wekil bar bolsa olardan habar alyp gidipdir. Emma şazadalara mynasyp gyzlary tapman köp gezipdir. Ol şol gezip ýörşüne Ýemen şäheriniň patyşasynyň köşgüne ýetipdir. Ol bir adamdan habar sorapdyr. Jezel wezir onuň takyk habar bermeginden soňra, Ýemen patyşasynyň deňsiz-taýsyz üç gyzynyň bardygyny bilipdir.

---

[52] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 557$^{(f)}$-nji bukja. Aýdan: Gylyç Mergen Alybekow. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak obasyndan. Ýazyp alan: K. Osmanow. 1939-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 31-i.

Emma aý ýüzli perilere atasy bir at beripdir. Jezel wezir gyzlaryň edep-tertibinden örän şat bolup, Allatagala şükür edipdir.

Jezel wezir Ýemen patyşasynyň gaşyna gelip, onuň bilen görüşýär. Soňra Peridun patyşanyň sargydyny aýdypdyr.

Ýemen patyşasy örän gamgyn bolupdyr, çünki üç gyzyndan özge perzendi ýok eken. Ol gije-gündiz gyzlarynyň ýanynda bolup, köňlüni rahatlandyryp gezipdir.

Ýemen patyşasy Jezel weziriň getiren sargytlaryna jogap bermek üçin maslahat geçiripdir. Ol köşgüne girip, wezirlerini ýygnapdyr. Ahyry wezir-wekilleri bir karara gelip:

— Eý şa! Sen perman eýesisiň, emma Peridun jahan şasydyr. Onuň birnäçe pälwanlary hem bardyr. Ýer ýüzünde ol pälwanlardan üstün çykjak ne döw, ne-de adam bardyr — diýipdirler.

Ýemen patyşasy Peridun patyşa bilen jeň edip, hötdesinden gelip bilmejegini görüpdir. Nalaç Jezel weziri çagyryp, şeýle jogap beripdir:

— Peridun patyşa bize höküm edipdir, biz onuň hökümini kabul edýäris. Emma meniň bir arzym bardyr. Şa üç ogluny bu ýere iberip, meniň ömrüme merhemet etsinler. Çünki, üç gyzymy görmesem gözümiň öňüni tümlük tutar!

Jezel wezir Ýemen patyşasynyň arzyny Peridun patyşa ýetiripdir. Peridun patyşa ogullaryny gaşyna çagyryp, olary Ýemen mülküne ibermek isläpdir. Ol ogullaryna ýüzlenip:

— Eý perzentlerim! Sizi synamak üçin Ýemen patyşasy üç gyzyny size görkezer. Ortanjy gyzyny ýokarda, kiçisini ortada, ulusyny düýpde oturdar. Siz hem şol tertipde oturyň. Şonda siziň paýhasyňyz ýüze çykar — diýip, nesihat beripdir.

Soňra oglanlar atalary bilen hoşlaşyp, Ýemen mülküne barypdyrlar. Ýemen patyşasy şazadalaryň gelendigini eşidip, olaryň öňünden çykyp, hormat-sylag bilen şähere girizipdir.

Ýemen patyşasy bulary synag etmek pikirine düşüpdir. Olar öz gezeginde Ýemen patyşasyna öz hünärlerini görkezipdirler. Ýemen patyşasy nalaç gyzlaryny nikalap, şazadalara beripdir. Peridun patyşanyň ogullary Ýemen patyşasyndan rugsat alyp, atalarynyň ýurduna tarap ýola rowana bolupdyrlar.

Peridun patyşa şazadalaryň gelýändigini eşidipdir. Ol perzentlerini garşylamaga çykypdyr Ýolda leşgerlerini bir menzillik ýerde goýup, dem urup, aždarha keşbine giripdir. Uly ogly gelip ýetipdir. “Aždarha” haýbat atyp topulypdyr. şazada “aždarhanyň” haýbatyndan gorkup, gaçypdyr. Şol wagt ortanjy ogly gelip ýetipdir. “Aždarha” bu gezek hem dergazap bolup şazada topulypdyr. Şazada howp etmän, derrew “aždarhany” öldürmek isläpdir. Şol wagt Peridun patyşanyň kiçi ogly gelip ýetipdir. Ol belent owaz bilen:

— Eý aždarha! Biz Peridun patyşanyň ogullarydyrys. Ýol üstünden daşda dur, ýogsa gylyjymyň zarbasy bilen para-para ederin — diýipdir.

“Aždarha” juwanlardan şeýle sözleri eşidip, yzyna dolanypdyr.

“Aždarha” asyl keşbine girip, leşgeriniň arasyna gelipdir. Soňra perzentleriniň ýanyna gelip, olar bilen görşüpdir.

Peridun patyşa perzentlerini gaşyna çagyryp, “aždarhaly” kyssany birin-birin beýan edip:

— Sizi synamak üçin bu işleri etdim. Tä şu wagta çenli sizi bir at bilen atlandyrdym. Indi heriňize bir at goýaryn — diýipdir.

Uly ogluna ýüzlenip:

— Sen asudalygy islediň. Seniň adyň, goý Selm bolsun! — diýipdir.

Ortanjy ogluna ýüzlenip:

— Sen merdanalyk görkezdiň, seniň adyň, goý Tur bolsun! — diýipdir.

Körpe ogluna:

— Sen gahrymanlyk görkezdiň, seniň adyň Ireç bolsun! — diýipdir.

Soň Peridun patyşa ýurduny üç kysyma bölüp, her bölegini bir ogluna paýlamak isläpdir. Ol akyldarlaryny gaşyna ýygnap, maslahat edipdir. Rum diýaryny Jeýhun derýasyndan tä Hytaýa çenli bölüpdir. Ýene Jeýhun derýasyndan tutuş Eýran diýaryny bir kysyma bölüpdir. Rum diýaryny Selme beripdir. Turan diýaryny Tura tabyn edipdir. Eýran diýaryny Ireje beripdir. Turan ady şeýdip galypdyr.

# AKDEPE[53]

Günlerde bi gün Akdepä ýagy çozupdyr. Akdepeliler gylyç syryp jeň meýdanyna giripdirler. «Uruş ýitgisiz bolmaz» diýenleri. Uruş iki tarapdan hem köp adamyň başyna ýetipdir. Birnäçe güne çeken söweşde Akdepäniň halky asgynlap, şähere giripdir. Emma ýagy beýik diwarly gala girip bilmändir. Olar Akdepäniň daş-töweregini gurşap ýatyberipdirler.

Gala adamlary suwsuzlyga, açlyga, hor-zarlyga birnäçe aý çydapdyr. Ahyry galada azyk-owkat galmandyr. Akdepäniň patyşasy akyldarlaryny köşgüne çagyryp:

— Duşman giderli däl. Galada azyk galmady. Bir çykalga tapmasak, birküç günden adamlar heläk boljak — diýip, maslahat sorapdyr.

Onda akyldarlaryň biri:

— Galanyň derwezesini açaly! — diýipdir.

Beýlekileri bu pikire garşy bolupdyr. Köşkde ençeme ýaşy arka atan bir akyldar hem bar eken. Ol patyşa şeýle maslahat beripdir:

— Eý älem patyşasy! Indi duşman hem ejizlän bolsa gerek. Ata-babalarymyzdan galan bir tilsim bar, şony ulanyp göreli. Belki, kömek eder.

---

[53] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921[(f)]-nji bukja. Aýdan: G. Ýagmyrow. Daşoguz welaýatynyň Akdepe etraby. Ýazyp alan: G. Saryýewa.

Patyşa:

— Ol nähili tilsim? — diýip sorapdyr.

Garry akyldar:

— Ata-babalarymyz köne döwürde her öýden bir goşawuç däne ýygnap, iküç öküze iýdirer eken. Soň doýan öküzleri derwezeden daşary çykaryp kowar ekenler. Duşman tarap öküzi soýanda, gözi dänä düşüp: «Bu galany biz alyp bilmeris» diýip, yzlaryna gaýdar ekenler. Indi biz hem şeýle tilsime baş uraly. Duşman: «Bu galanyň adamlary öküzlerine hem galla berýän ekenler. Gabamakdan peýda ýok» diýip gitmek bilen bolar — diýipdir.

Akyldaryň aýdan bu sözleri hemmä makul bolupdyr. Akdepeliler barja dänelerini ýygnap, üç sany öküze iýdiripdirler. Garaňky gatlyşyberende gala derwezesini açyp, öküzleri daşary kowupdyrlar.

Ýagy hem tapdan düşen eken. Olar öküzi tutup soýupdyrlar. Görseler, üç öküziň üçüsiniň içinden hem däne çykypdyr. Ýagy akyldaryň aýdyşy ýaly, gitmäge döwtalap bolupdyr. Emma şol wagt garaşylmadyk bir iş bolupdyr. Akdepe patyşasynyň iýmän-içmän seredip oturybermeli owadan gyzy bar eken. Ol bir gün galanyň diwarynyň içinde ýaga tomaşa edip ýörkä, duşman şasynyň ogluny görüpdir. Syratly, görmegeý ýigit gyza ýarapdyr. Ol dädesiniň ulanan tilsiminiň syryny bir bölek kagyz parçasyna ýazyp, ony ýaýyň peýkamyna sarap, galadan daşary atyp goýberipdir. Ýaýyň okuna dolanan bu hat duşmanyň gitmek pikirini üýtgedipdir. Olar ýene galany gabap ýatyberipdirler.

Akdepeliler açlyga iki gün çydapdyrlar, bir hepde döz gelipdirler. Ahyry galanyň derwezesini açypdyrlar. Horluk gören ýagy özüňe belli! Galanyň erkek göbeklisini gyryp, aýal-gyzlary ýesir alypdyrlar. Akdepäniň patyşasynyň kellesini naýzanyň ujuna sanjyp, derwezeden asyp goýupdyrlar. Soňra

Akdepe patyşasynyň gyzyny getiripdirler. Duşman şasy gyzy ata süýredip öldürmegi buýrupdyr. Onda serkerdeleriň biri:

— Eý patyşahym! Bu biçäre gyz siziň ogluňyz üçin ata-enesinden, mal-mülkünden, il-ýurdundan geçdi ahry — diýipdir.

Onda duşman şasy gyzdan:

— Ataň-eneň seni näme bilen bakdy? — diýip sorapdyr.

Şa gyzy:

— Ýilik bilen bakdy — diýip, jogap beipdir.

Duşman şasy daş-töweregini guşap duran emeldarlaryna göz aýlap:

— Ýilik bilen bakan ata-enesine, il-gününe, dogduk mekanyna gara günde dönüklik eden gyz başymyza iş düşse bize-de ikilik eder. Dönük duşmandan ýamandyr. Dönük gyzy ata süýredip öldüriň. Goý, şeýle dönük hiç haçan öňümizden çykmasyn — diýip, höküm edipdir ...

## TOGALAKDEPE[54]

Çingiz han öňünden çykan galalary, şäherleri kül-peýekun edip, owadan-owadan ymaratlary ýer bilen ýegsan edipdir. Yzmykşiriň häkimini öldürip, galasynda ýumurtga togalabermeli eden Çingiz han Yzmykşiriň lelim ösen gyzyny ýanyna alypdyr.

Yzmykşiriň gyzy atasyna, il-halkyna dönüklik edipdir. Ol çala zada öýkeläp, duşmanyň gala derwezesini açmagyna ýardam beripdir. Galany gyrgynçylyga beren han atlylary gyzy öldürmän Çingiz hana beren ekenler.

Hanyň gyzyny düýä mündüripdirler. Bir gün ýol ýöräpdirler. Gyz ýadapdyr. Ýadawlygyny bildirmejek bolan gyz ikinji güne hem çydapdyr. Üçünji güni Çingiz han Ürgenjiň orta ýolunda düşläpdir. Yzmykşiriň gyzynyň aşagyna çymylgan taşlap, aýratyn ýerde ýatyrypdyrlar. Ertesi Çingiz han gyzdan:

— Gije rahat ýatdyňmy? — diýip sorapdyr.

Ýadawlykdan çykan gyz gaýgy-gamy ýadyndan çykaryp:

— Wah, gowy ýatdym-la. Ýöne aşagymda bir digir galypdyr. Şonuň batan ýeri agyryp dur — diýip, jogap beripdir.

Çingiz han serkerdeleriniň birine:

---

[54] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasy. 7921(f)-nji bukja. Aýdan: D. Ataýew. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alan: B. Nazarow.

— Gitde, barla! — diýip, hööküm beripdir.
Barlap görseler dokuz gat keçäniň sekizinji gatynda ýekeje bürmek galan eken. Çingiz han pikirlenip durup, şeýle diýipdir:
— Bu gyz ýeňilkelleligi bilen zagara ýerine bal beren atasyna, ak süýt beren enesine, il-ýurduna hyýanat etdi. Lälik terbiýelenen gyz maňa-da peýan bermez! Bir güni bize hem dönüklik eder! Goý, ol öz jezasyny alsyn — diýip, leşgerlerine:
— Gyzy dik duruzyp, her biriňiz onuň üstüne bir at torba gum guýuň! — buýruk beripdir.
Leşgerleriň her biri gyzyň üstünden bir at torba gum guýupdyrlar. Olaryň guýan gumundan uly depe döräpdir. Şol depä adamlar soň-soňlar Togalakdepe diýip at beripdirler.

## ROWAÝATA ÖWRÜLEN GALALAR

Türkmen halkynyň dünýäniň çar künjüne ýaýran baý geçmiş taryhy, egsilmez ruhy hem medeni gymmatlyklary bar. Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen halkynyň ruhy we medeni mirasyny toplamak, öwrenmek we neşir etmek meselelerine Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden bäri yzygiderli üns berip gelýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnama Kitabynda bu mesele babatda: «**Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr**»[55] diýýär.

2004-nji ýylyň Baýdak aýynyň 12-sinde Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkeziniň açylyş dabarasynda Beýik Serdarymyz **Türkmen halkynyň ruhy hakydasyny gaýtadan dikeltmek gerekdigini** ýene-de bir gezek nygtapdy.

Türkmen ylmynda Oguz han eýýamynyň, Gorkut ata eýýamynyň, Görogly eýýamynyň, Magtymguly eýýamynyň we Garaşsyzlyk eýýamynyň taryhyny we medeniýetini öwrenmekde — Beýik Serdarymyzyň şol eýýamlaryň

[55] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. Aşgabat, 2001, 98 s.

pelsepewi pikirlerini, ruhy gymmatlyklaryny bitewileşdiriji, ylym dünýäsine ýol-ýörelge görkeziji Mukaddes Ruhnama Kitaby, «Türkmen ilim aman bolsun», «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» şygyrlar diwanlary esasynda birnäçe işler alnyp barylýar.

Türkmen galalary hakyndaky kyssalar we rowaýatlar medeni gymmatlyklarymyzyň bir bölegidir, ol taryhy öwrenmekde hem gözli çeşmedir. Ata-babalarymyz başdan geçiren dürli wakalaryny we hadysalaryny rowaýat edip, dilden-dile geçirip biziň döwrümize ýetiripdirler.

Beýik Serdarymyz türkmen halkynyň bäş müň ýyllyk şöhratly taryhynyň bardygyny, göçüp-gonup däl-de, köşklerde, belent-belent ymaratlarda, galalarda ýaşandygny nygtap şeýle diýýär: «**Oguz türkmenleriniň guran ilkinji döwletine bäş müň ýyl wagt geçipdir. Oguzlaryň durmuşyna degişlidigini subut edýän ok-ýaý alamatlaryndan başlaýan şol döwre degişli tapyndylaryň Bagabat, Altyndepe, Täk gala (Durun), Ary jülgesi, Margiana, Köneürgenç taraplarynda üstüniň açylmagy, döwletiň taryhy ýerleşişi hakda düýpli pikirleriň döremegine esas berýär**»[56].

Türkmeniň bäş müň ýyllyk taryhynda ýüzlerçe, müňlerçe galalar gurlupdyr. Bagabat, Täk gala (Durun), Margiana, Nusaý, Änew, Amul, Dehistan, Sarahs ýaly şäherleri dünýä ýüzünde meşhur medeni merkezler bolupdyr. Şeýle galalaryň köpüsi ýitip gidipdir, ýöne ýitse-de ol galalar hakynda dessanlarymyzda, nusgawy şahyrlarymyzyň şygyr setirlerinde ýatlanyp geçilýär, olar hakda birnäçe rowaýatlar döredilipdir. Mysal üçin, Gyzgala we Ýigitgala (bu gala Uly Gyzgala, Kiçi

[56] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. Aşgabat, 2001, 210-211 s.

Gyzgala hem diýilýär) hakyndaky rowaýaty alyp göreli. Bu rowaýatda gadym döwürlerde şa gyzynyň bir ýerden, ýigidiň hem ondan ara açyk meýdanda gala galdyrmaga başlap, onuň gutarylmandygy nygtalýar. Adamlaryň şondan soňra gyzyň salyp gutaryberen galasyny «Gyzgala», ýigidiň salyp ýetişmedik galasyny bolsa «Ýigitgala» diýip atlandyrandyklary aýdylýar.

Şeýle atly gala Lebap welaýatynyň Garaşsyzlyk, Ahal welaýatynyň Ruhabat, Mary welaýatynyň Baýramaly etraplarynda bardyr. Taryhçy alymlar Mary welaýatyndaky galanyň VI-VII asyrlara degişli seýrek duş gelýän binalaryň biridigini subut etdiler. Gala Soltangalanyň günbatarynda, gadymy Hurmuzfara akabasynyň sag kenarynda, gadymy Merwiň eteginde ýerleşipdir. Bu galalaryň boýlary 37x43, beýikligi 15 metre ýetipdir. Bu gala öz wagtynda gurply mülkdarlaryň köşgi bolupdyr.

Ençeme gowgaly we galagoply, şatlykly we bagtyýar döwürleri, ençeme geň-taň we pajygaly wakalaryň şaýady bolan Ürgenç, Nusaý, Merw, Amul ýaly medeni-taryhy ýadygärlikler hasaplanýan galalar we şäherler geçmişde il-güni daşky duşmanlardan, her hili gara güýçlerden goramakda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ol galalar we şäherler mongol basybalyjylarynyň ýörişlerinden soň ýykylyp, ýumrulypdyr. Bu babatda Beýik Serdarymyz şeýle diýýär: «**Mahal-mahal agyr oýlara batyp, özümi dert-azara goýýaryn: «Wah, lagnat siňmiş Çingiz hanyň wagşy ordasy bolmadyk bolsa, taryhyň bu apaty pajarlap oturan ýüz müňlerçe ilatly Köneürgenjiň, Maru-şahu-jahanyň, Şähriyslamyň, Abywerdiň, Amulyň, Zemmiň, Dehistanyň, şäher-kentlerini boýnuna göwher monjuk ýaly düzüp oturan Oguzboýunyň**

**(Uzboýuň) üstünden sowa geçen bolsa, müňlerçe kitaply kitaphanalar — «Ylym öýleri» ýakylyp-ýandyrylmadyk bolsa, häzir Türkmenistan dünýäniň ykdysady, syýasy, medeni, ylmy mertebesini göterip barýan kuwwatly döwlet bolardy**»[57].

Galalar hakyndaky türkmen rowaýatlarynda we kyssalarynda taryhy hem-de çeper hakykatyň beýany saklanýar. «Gyzgala», «Hysrowgala», «Şasenemiň galasy», «Garaseňňer galasy», «Döwkesen», «Tumarlynyň galasy» we beýleki birnäçe galalar hakyndaky rowaýatlarda diňe bir gala, şäherler, kentler hakynda diňe bir halkyň hakydasy däl, eýsem şol döwrüň taryhy hadysalary, medeni we ruhy derejesi-de saklanýar. Abdylla hanyň galasy hakynda bir rowaýat bar. Ol rowaýatda gadym zamanda Merw ilinde Abdylla atly bir patyşanyň ýaşap geçendigi, sahylykda, adyllyk bilen ýurt sorandygy, şady-horramlyk sürmek üçin onuň bir gala galdyrandygy aýdylýar. Abdylla han galasynyň galyndylary Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynda ýerleşýär. Täze Merw galalarynyň ilkinjileriniň biri hem bu Abdylla han galasydyr. Täze Merw 1396-njy ýylda Şahruh han tarapyndan dikeldilip başlanýar. Abdylla han galasynyň gurluşyna Alaeddin Gögeldaş atly emir gözegçilik edipdir. Galanyň düýbi 4-5 metr beýiklikde tutulypdyr. Gala 1418-nji ýylda tamamlanyp, bag-bakjaly, köçeli, metjit-medreseli, hammamly, garawulhanaly, bazarly, kerwensaraýly, üç derwezeli şähere öwrülipdir. Gala wagtyň geçmegi bilen Abdylla atly hanyň ady dakylypdyr.

Galalar hakyndaky türkmen rowaýatlary we kyssalar taryhylyk adalgasy bilen hem arabaglanyşyklydyr. Taryhylyk

---

[57] Saparmyrat Türkmenbaşy, Ruhnama. Aşgabat, 2001, 150-151 s.

adalgasy edebiýatyň we halk döredijiligini öwreniş ylmynyň taryhyna hem edebi taglymata dahyllydyr. Halk döredijiligini öwreniş ylmyndaky «taryhylyk» adalgasy şeýle düşünjeleri özünde jemleýär:

Birinjiden, edebiýatda hem halk döredijiligini öwreniş ylmynda taryhylyk bar, şeýle-de taryhy görnüş (žanr) bar. Halk döredijiligini öwreniş ylmyndaky kyssalarda we rowaýatlarda taryhylyk, şonuň ýaly-da çeper pikir ýöretme bardyr. Mysal üçin, «Soltanýaz begiň galasy» hakyndaky rowaýatda Soltanýaz diýen begiň merdanalygy hakynda gürrüň berilýär. Seýitnazar Seýdi Soltanýaz beg hakynda «Bize Soltanýazyň begligi besdir» diýen setirlerinde onuň adalatly beglik edendigini belläp geçýär. Rowaýatda Soltanýaz begiň buýrugy bilen gala salnandygy, ol galanyň il-güni daşky duşmanlardan gorandygy, soň-soňlar onuň beglik galasy «Soltanýaz begiň galasy» adyny alandygy çeper sözler bilen nygtalýar. Şeýle rowaýatlaryň taryhylygy we çeperçiligi saýgarylmalydyr.

Ikinnjiden, taryhylyk giň düşünjäni aňladýar. Görnükli gündogarşynas H. G. Görogly şahyrana döredijiligiň — gadymy kyssalaryň taryhylygyny öwrenende taryhylygyň örän çylşyrymly meseledigini belläp şeýle ýazýar: «Gahrymançylykly kyssanyň taryhylygy baradaky mesele — onuň çeper mazmunynyň hakykat bilen çylşyrymly gatnaşygynyň meselesidir»[58].

Gadymy döwrüň çeper ýadygärligi bolan oguz dessanlarynda, galalar hakyndaky gadymy kyssalarda we rowaýatlarda belli bir derejede taryhy hakykatyň çeper beýany

[58] Короглы Х. Г., Туркменский эпос «Гёроглы» и особенности его историзма. Сб: «Специфика фольклорных жанров». Москва, 1973,
135 s.

bardyr. Şoňa görä-de, türkmen kyssalarynda we rowaýatlarynda taryhy maglumatlar, seneler, hadysalar gös-göni, dogrulaýyn häsiýetde däl-de, halk döredijiligine mahsus edebi-çeperçilik tärler, çeperçilik serişdeler esasynda beýan edilýär.

Üçünjiden, rowaýatlar taryhy wakalaryň takyk maglumatlary däl-de, halkyň çeper aňynyň miwesidir, taryhyň şahyrana gaýtalanmalarydyr. Galalar hakyndaky halky kyssalar we rowaýatlar taryhy hadysalaryň takyk gaýtalanmalary däl-de, ylham üsti bilen döredilen mirasdyr.

Her bir halky kyssanyň çeper-taryhylyk esaslaryna laýyklykda taryhylygyň çeper beýany bardyr. Ol çeper beýan rowaýatçynyň, gürrüňçiniň, hekaýatçynyň ussatlygy, ýerine ýetiriş ýollary bilen baglanyşyklydyr. Eseriň haýsy döwri we medeniýeti öz içine alýandygy möhümdir. Mysal üçin, irki skiflerde döredilen Tumarly hakyndaky rowaýatlar öz gadymylygyny saklasa, Tumarly hakyndaky soňrakky döredilen eserler döwrüniň taryhy wakalarynyň çeper gaýtalanmasyny özünde jemläpdir. Şeýlelikde, Tumarly hakyndaky eserleriň mowzugy, çeperçilik gymmaty, gozgalýan meseleleri köpdür. Bu eserlerde gozgalýan meselesine kybapdaş çeperçilik gözlegleri, çeper tärleri, beýan ediş usullary bolupdyr.

Türkmeniň medeni mirasy hakyndaky ýatlamalar diňe bir türkmen halkynyň hakydasynda ýa-da ýadygärliklerinde däl-de, eýsem daşary ýurt alymlaryň, syýahatçylaryň ýazgylarynda hem gabat gelýär.  Dürli döwürlerde döredilen kyssalaryň we rowaýatlaryň, ýer-ýurt atlarynyň üstünde daşary ýurt

alymlaryndan N. M. Karamziniň[59], N. Ý. Biçuriniň[60], W. W. Bartoldyň[61], I. M. Dýakonowyň[62], L. N. Gumilýowyň[63], L. S. Tolstowyň[64] we beýlekileriň ylmy-barlaglaryny ýatlamak bolar. Bu işlerde ýazarlar tarapyndan oguz-türkmen ýer-ýurt, şäher, gala atlary hakynda dürli pikirler ýöredilipdir. Şu sanawa türkmen alymlaryndan S. Atanyýazowyň[65], Ý. Atagarryýewiň[66], H. Ýusubowyň[67], A. Baýmyradowyň[68] we beýlekileriň atlaryny agzap geçmelidiris.

Narşahy, Abu Reýhan Biruny, Nasyr Hysrow, Tahyr Merwezi, Zamahşary, Semgany, Ýakut Hamawy, Muhammet Awfy, Gyýaseddin Nakgaş, Hüseýin Kubrawy, Zahyreddin Babyr ýaly syýahatçy alymlar, akyldarlar, şahyrlar hem türkmen ýer-ýurt atlary barada söhbet açypdyrlar.

Galalar hakyndaky rowaýatlar ýazylyp alnan döwrüniň ygtybarlylygy babatynda iki görnüşde bize gelip ýetipdir. Ol iki görnüş biri-birinden beýan edilişi, mazmuny boýunça tapawutlanýarlar.

Birinji görnüşe taryhçylaryň, alymlaryň eserlerinde getirilýän, halkyň dilinde peýda bolan döwründe ýazylyp alnan

---

[59] Карамзин Н. М., История государства Российского. Санкт-Петербург, 1893.
[60] Бичурин Н. Я., Собрание сведений о народах обитавших в Средней Азии в древные времена. Москва, 1999.
[61] Бартольд В. В., История Туркестана. Ташкент, 1922.
[62] Дьяконов И. М., История Мидии. Москва-Ленинград, 1956.
[63] Гумилев Л. Н., Средная Азия в древные времена. Москва, 1960.
[64] Толстов С. П., По следам древнохорезмийской цивилизации. Москва-Ленинград,1948.
[65] Atanyýazow S., Ýer-ýurt atlarynyň sözlügi. Aşgabat, 1982.
[66] Atagarryýew Ý. Şähryslamyň syry. Aşgabat. 1968; Taryhda galan yzlar. Aşgabat. 1989; Dehistan goraghanasy. Aşgabat. 1997.
[67] Ýusubow H. Gadymy Horezmiň ýüregi. Aşgabat. 1995.
[68] Baýmyradow A. Türkmen taryhy prozasynyň ewolýusiýasy. Aşgabat 1982.

rowaýatlar girýär. Olarda beýan edilýän wakalar, hadysalar şol döwrüň durmuş şertlerini saklapdyr. Galalar hakyndaky ilkinji nusgalar («Tumarlynyň galasy», «Şasenemiň galasy», «Isgendergala» we ş.m.) kem-kemden rowaýatlaryň kämil nusgalaryna öwrülipdir. Taryhy çeşmelerde gadymy patyşalaryň, soltanlaryň galalary we şäherleri bina edişleri, olary atlandyryşlary munuň delilidir.

Ikinji görnüşe uzak döwrüň geçmeginden soňra dilden ýazylyp alnan rowaýatlar girýär. Ol rowaýatlarda hem takyk hadysalar çeperleşipdir.

Galalar hakyndaky rowaýatlarda hyýaly hereketler, keşpler, waka taýdan gurluş durnukly däldir. Olar köplenç rowaýatçylaryň ussatlyk derejesine görä beýan edilipdir.

Galalar hakyndaky rowaýatlar nesilden-nesillere geçip, çeperleşmä sezewar bolupdyr. Galalar hakyndaky kyssalar we rowaýatlar many-mazmun taýdan iki topara bölünýär:

Hyýaly wakalar hem-de hyýaly gahrymanlar bilen baglanyşykly rowaýatlar we kyssalar. «Döwkesen» galasy bilen baglanyşykly rowaýat gadymy döwrüň düşünjelerine we ynançlaryna, şahyrana serişdelere baýdyr. Bu bolsa rowaýat Gorkut ata eýýamynda ýüze çykyp, soňky döwürlerde halkyň pähim-paýhas eleginden geçip, kem-kemden çeperleşmä sezewar bolandyr diýip pikir ýöretmegimize esas berýär.

Taryhy wakalar hem-de taryhy şahslar bilen baglanyşykly rowaýatlar we kyssalar. Olara «Garaseňňer galasy», «Soltanýaz begiň galasy», «Abdyllahan galasy», «Magtymgala», «Ýartygala», «Baragyz», «Hysrowgala», «Bedirkent galasy» baradaky rowaýatlar degişlidir.

Kitap Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda dürli

döwürlerde halkyň arasyndan ýazylyp alnan çeşmeler esasynda düzüldi. Rowaýatyň kim tarapyndan, nireden, haýsy ýylda ýazylyp alnandygy we haýsy bukjada saklanýandygy çykgytda görkezildi.

Eziz okyjylar, türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar we kyssalar ilkinji gezek neşir edilýär, şonuň üçin olar baradaky bellikleriňizi Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutyna ýa-da Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezine ibermegiňizi haýyş edýäris.

**Baýrammyrat BAÝMYRADOW,**
**Türkmenistanyň milli medeniýet**
**«Miras» merkezi.**

## MAZMUNY

Wezirgala ................................................................................8
Nusaý ...................................................................................10
Maşat — misserian ..................................................................16
Ürgenç ..................................................................................18
Ussa guşuň minarasy ..............................................................32
Soltanýaz begiň galasy ............................................................36
Maru-şahu-jahan .....................................................................40
Garaseňňer galasy ...................................................................43
Was .......................................................................................47
Şähri-bossan, garagan, durun ...................................................49
Döwkesen ...............................................................................51
Türkmengala ...........................................................................55
Änew .....................................................................................57
Boldumsaz ..............................................................................58
Şähri-weýeňňam ......................................................................60
Bedirkent galasy .....................................................................61
Abdyllahan galasy ...................................................................63

Ýylanly ........................................................................ 65
Ýuwangala .................................................................... 70
Magtymgala .................................................................. 71
Ýartygala ..................................................................... 73
Erkgala ......................................................................... 75
Gypjak galasy ............................................................... 77
Armangala .................................................................... 78
Durun ............................................................................ 79
Isgendergala ................................................................. 80
Tumarlynyň galasy ....................................................... 82
Baragyz ......................................................................... 87
Törebeg hanymyň galasy ............................................. 91
Amul .............................................................................. 94
Aýazgala ....................................................................... 96
Beşirgala ..................................................................... 102
Margyz ......................................................................... 104
Gyzlar galasy ............................................................... 112
Şasenem galasy ............................................................ 114
Şirin-perhat galasy ....................................................... 120
Kyrkgyz galasy ............................................................ 124
Gyzgala, ýigitgala ........................................................ 126
Aşyklar galasy ............................................................. 128
Aýnabat ........................................................................ 130

Şähriyslam we şähri haýbar galasy ........................................ 131
Şähri haýbar galasy ........................................ 132
Hysrowgala ........................................ 134
Galaýmor ........................................ 136
Akgala ........................................ 138
Erkdepe ........................................ 142
Gyzyljagala ........................................ 143
Farawa ........................................ 145
Merwerrut ........................................ 146
Dandanakan ........................................ 147
Löwker ........................................ 148
Sarahs ........................................ 149
Abywert ........................................ 151
Maňgyşlak ........................................ 152
Horezm ........................................ 153
Turan ........................................ 155
Akdepe ........................................ 159
Togalakdepe ........................................ 162

B. Baýmyradow, Rowaýata öwrülen galalar ........................................ 164

# Türkmen galalary hakynda rowaýatlar

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor B. Pürçekowa**

Çap etmäge rugsat edildi 19.03.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 11.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №1269.
A-14522

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.